**Türkmenistanyň Bilim ministrligi**

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti**

**Awtor: B.R.Muhamedow**

# HALKARA HUSUSY HUKUGY

**(Okuw gollanma)**

**Ylmy redaktor: K.Haýdarowa**

**Aşgabat-2010**

**B.R.Muhamedow**

# HALKARA HUSUSY HUKUGY

**(Okuw gollanma)**

***Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi***

**Ylmy redaktor: K.Haýdarowa**

Aşgabat-2010

# GIRIŞ

Garaşsyz we Bitarap döwlet bolan Türkmenistanyň daşary syýasaty onuň berkarar bolmagynyň ilkinji günlerinden başlap dünýä jemgyýetçiligine halkara işlerinde hoşniýetli goňşuçylygyň we parahatçylyk söýüjiligiň nusgasyny görkezýär. Hormatly Prezidendimiziň baştutanlygynda Türkmenistan “Açyk gapylar” syýasatyny amala aşyrmak we işjeň halkara hyzmatdaşlygyny alyp barmak bilen bütin dünýäde uly abraýa eýe boldy. Türkmenistanyň halkara abraýynyň pugtalanmagyna hem-de sebit we global geosyýasatynda onuň ösmegine, ilkinji nobatda, döwletiň daşary syýasy strategiýasynyň konstruktiwligi we yzygiderliligi esas bolup durýar. Türkmenistanyň tutuş adamzadyň ösmegi we abadanlaşmagy üçin Ýer ýüzünde ylalaşygy we howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirlen parahatsöýüjilikli daşary syýasy ugry ýokardaky häsiýetlere eýedir.

Şu nukdaýnazardan, Türkmenistan halkara arenasynda dünýä syýasatynyň möhüm meseleleriniň çözgüdini gözlemekde we tapmakda täze çemeleşmeleri amala aşyrýan döwlet hökmünde tanalýar. Dünýäniň döwletleri we abraýly halkara guramalary bilen gatnaşyklary giňeltmäge we çuňlaşdyrmaga gönükdirilen daşary syýasy strategiýany amala aşyryp, Türkmenistan ähli taraplaryň birek-birege düşünişmek we deňhukuklylyk ýaly usullaryň berjaý edilmeginiň tarapdary bolup durýar. Muny daşary ýurtlaryň döwlet we hökümet baştutanlary, şeýle-de halkara we sebitleýin guramalarynyň

ýolbaşçylary bilen ýokary derejede geçirilen duşuşyklar hem tassyklaýar.

Türkmenistan döwletimiziň halkara ykdysady gatnaşyklary ulgamynyň integrirlenmegi, içerki önümçiligimizi artyrmakda we ösdürmekde daşary ýurt maýadarlarynyň işjeň gatnaşmagy üçin, şeýle hem türkmen kompaniýalarynyň daşary ýurt işewürleri bilen söwda hyzmatdaşlygyny alyp barmak üçin içerki kanunçylygymyzda halkara hususy hukugynyň kadalaşdyrylmagyny talap edýär.

Bu maksatlara ýetmek üçin degişli hukuk edebiýatlaryň taýýarlanmagy we olaryň türkmen dilinde çap edilmegi ilkinji zerurlyk bolup durýar. Eliňizdäki bu okuw gollanmasy Türkmenistanda halkara hususy hukugyň esaslaryny bir kitapda jemlenmegi üçin edilen ilkinji synanyşykdyr.

Gollanma gysga wagtda taýýarlanylanlygy sebäpli gollanma doly gözden geçirilmäge we degişli temalar bilen üsti doldurylmaga degişlidir.

Gollanma, yokary okuw mekdepleri üçin niýetlenendir. Şeýle hem bu gollanma, talyplaryň, ylmy işgärleriň, aspirantlaryň we mugallymlaryň ylmy işinde peýdalanylyp bilner.

# I bölüm HALKARA HUSUSY HUKUGY BARADA DÜŞÜNJE

1. Halkara hususy hukugy barada düşünje.
2. Halkara hususy hukugynyň mazmuny.
3. Halkara hususy hukugynyň kadalarynyň hukuk ulgamynda tutýan orny.
4. Halkara hususy hukuk doktrinasynyň başlangyç esaslary.

## §1.Halkara hususy hukugy barada düşünje

Halkara hususy hukugy halkara söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Bu hyzmatdaşlyklaryň hukuk taýdan kadalaşdyrylmagynda halkara hususy hukugyň kadalary uly orun tutýar.

Halkara hususy hukugyň ösmegine häzirki döwürde esasan şu faktorlar täsir edýär.

**Birinjiden**, hojalyk durmuşyň internasionalizasiýalaşmagy. Hojalyk durmuşynda internasionalizasiýanyň ýüze çykmaklygy köptaraplaýyn ykdysady we ylmy-tehniki hyzmatdaşlygyň ösmegi bolup durýar. Eger 19-njy we 20-nji asyrlarda ol diňe söwda bilen çäklendirilen bolsa, 20-nji we 21-nji asyrlarda bolsa diňe bir haryt we hyzmatlar bilen çäklenmän, eýsem bilelikdäki kärhanalary, bilelikdäki önümçiligi, ygtyýarlylandyrmany senagat hyzmatdaşlygy, bilelikde barlaglary we işläp taýýarlamalary öz içine aldy.

**Ikinjiden**, uruşlaryň, dürli dawa, jen-jelleriň, syýasy we milli sebäpleriň netijesinde, şeýle hem işe ýerleşmek (iş

ýerlerini tapmak) we bilim almak maksady bilen ilatyň ondan-oňa göçmeginiň köpelmegi.

**Üçünjiden**, ylmy-tehniki öňe gidişlik, bir tarapdan kommunikasiýa, ulag we aragatnaşyk ulgamlaryň üstünlikleri kontingentleri we ýurtlary ýakynlaşdyrdy we şol bir wagtyň özünde umumy adamzat gatnaşygyny ýeňilleşdirdi, beýleki tarapdan bolsa öňe gidişligiň ýarmaz netijeleri Çernobyldaky we beýleki ýerlerdäki betbagtçylyklaryň görkezişi ýaly daş töweregiň gurşawynyň hapalanmagy haýsydyr bir döwletiň ýeriniň çägi bilen çaklendirilip bilinmedi.

Halkara hususy hukuk üçin halkara gatnaşyklaryň gummanizasiýasy uly orun tutýar. Ähli döwletleriň, ýagny halkara hyzmatdaşlygyň gatnaşyjylaryň üns merkezinde adam, onuň aladasy, hukuklary we azatlyklary bolmalydyr.

Ykdysady, ylym we medeniýet pudaklarynda Türkmenistanyň beýleki döwletler bilen hyzmatdaşlyk edýän döwründe döwletleriň arasynda, şeýle hem dürli döwletleriň kärhanalarynyň, firmalarynyň, raýatlarynyň arasynda gatnaşyklar ýüze çykýar. Iki halatda hem ykdysady, ylmy-tehniki we medeniýet hyzmatdaşlygy amala aşyrylanda ýüze çykýan gatnaşyklar barada gürrüň edilýär. Emma halkara hususy hukugyň pudagyna halakara durmuşynda ýuridiki şahslaryň ýa-da fiziki şahslaryň arasyndaky gatnaşyklarda ýüze çykýan hukuk meseleleri degişlidir. Halkara jemagat hukugynda bolsa döwletleriň arasyndaky gatnaşyklar barada gürrüň gidýär.

**Halkara hususy hukugy esasy iki topar gatnaşyklary düzgünleşdirýär.**

1. Birinjisi – halkara hususy hukuga degişli bolan ykdysady, hojalyk, ylmy-tehniki we medeniýet pudaklarynda ýüze çykýan gatnaşyklar.

2. Ikinjisi – daşary ýurtly raýatlaryň gatnaşmagynda ýüze çykýan emläk, zähmet, maşgala we emläkleýin däl beýleki gatmaşyklar.

Halkara hususy hukugyň esasy maksady dürli döwletleriň ýuridiki şahslarynyň (guramalarynyň, kärhanalarynyň) we fiziki şahslaryň aragatnaşygyny hukuk taýdan düzgünleşdirmekden ybaratdyr.

**Halkara hususy hukugynyň predmeti – halkara durmuşynda ýüze çykýan raýat-hukuk häsiýetli gatnaşyklar bolup durýar.**

Diýmek ilki bilen raýat-hukuk gatnaşyklary baradaky düşünjeleri ýatlap geçmegimiz gerek.

Eýsem jemgyýetde haýsy gatnaşyklar raýat-hukuk gatnaşyklary hasaplanýar?

Raýat-hukuk gatnaşyklary – munyň özi raýat hukugynyň kadalary bilen düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklarydyr.

Raýat-hukuk gatnaşyklary raýat hukugynyň premetini emele getirýär we olar emläk gatnaşyklary we şahsy emläkleýin däl gatnaşyklar diýip iki topara bölünýär.

Raýat hukugy ilki bilen jemgyýetiň ykdysadyýet ulgamynda bolup geçýän emläk gatnaşyklary bilen baglanyşyklydyr. Bulara ilkinji nobatda haryt pul gatnaşyklary we hususy şashlaryň, şeýle hem hukuk şahslaryň arasynda ýüze çykýan emläk gatnaşyklary

degişlidir. Mundan başga-da raýat hukugy ylym, edebiýat, sungat, şekillendiriş sungaty eserlerini döretmek bilen baglanyşykly käbir şahsy emläkleýin däl gatnaşyklary hem düzgünleşdirýär.

Raýat-hukuk gatnaşyklaryny häsiýetlendirmeli bolanda beýleki jemgyýetçilik gatnaşyklaryndan tapawutlandyrýan aýratynlyklary ýüze çykar. Olar:

- **Raýat-hukuk gatnaşygyna gatnaşyjylaryň deňligi ýa-da ýuridik deň hukuklylygy** (satyjy-alyjy, gatnadyjy-ýolagçy, postawkaçy-zakazçy hukuk taýdan raýat-hukuk gatnaşyklaryna deň gatnaşyjylar bolup durýar. Olaryň özara hukuklary we borçlary bar. Gatnaşyjylaryň hukuklary deň derejede hukuk goragy bilen üpjün edilýär.)
- **Raýat-hukuk gatnaşygynyň subýektleriniň (toparlarynyň) giňligi** (bu topara raýat, (daşary ýurt raýaty, raýatlygy bolmadyk adam), ýuridiki şahs, Türkmenistan döwleti, şäherler, etraplar raýat-hukuk gatnaşygynyň subýekti bolup biler)
- **Raýat-hukuk gatnaşygynyň obýektleriniň köplügi** (zatlar, pul, gymmatly kagyzlar, emläk hukuklary, işler, hyzmatlar, maglumat, oýlap tapmalar)
- **Raýat-hukuk gatnaşygynyň mazmunynyň taraplaryň ylalaşygy bilen kesgtilenmesi** (beýleki hukuk gatnaşyklarynda mazmun öňden bar bolan hukuk kada bilen kesigtleňýär)

### Raýat-hukuk gatnaşyklarynyň mazmuny

Islendik jemgyýetçilik gatn-da bolşy ýaly raýat-hukuk gatnaşygy hem gatnaşyjylaryň özara gatnaşygy, bilelikdäki hereketi, ylalaşygy netijesinde ýüze çykýar. Raýat-hukuk gatnaşygyna gatnaşyjylaryň bilelikdäki

hereketi degişlilikde olaryň hususy hukugy we ýükelnilen borçlary esasynda amala aşyrylýar. Mysal üçin: alym-satym şertnamasynda satyjy kesgitlenen zadyň eýeçiligini alyjy bilen arasynda baglaşylan şertnamanyň bellän şertlerinde we möhletde alyja geçirmegi, alyjy bolsa zadyň bahasynyň bellenen şertlerde tölegini amala aşyrýar.

Buýrujy bilen ýerine ýetirjiniň arasyndaky özara gatnaşyk (bilelikdäki hereketi) raýat-hukuk gatnaşygynyň mazmunyny emele getirýär.

Umuman alanyňda raýat-hukuk gatnaşygynyň mazmuny oňa gatnaşyjylaryň özara gatnaşygy, olaryň hususy hukuklaryny we borçlaryny amala aşyrmagy netijesnde emele geler.

**Raýat-hukuk gatnaşyklarynyň subýekti we obýektleri**

**Raýat-hukuk gatnaşygynyň subýekti – munyň özi raýat-hukuk gatnaşygynyň gatnaşyjysydyr.**

Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň 2/3-maddasynda « Fiziki şahslary we ýuridiki şahslar, graždan hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri bolup biler. Bu kada Türkmenistanyň graždanlary, daşary ýurtlaryň graždanlary barada we belli bir graždanlygy bolman, telekeçilik bilen meşgullanýan ýa-da meşgullanmaýan şahslar barada hem ulanylýar.»

Şeýlelikde aşakdakylar raýat-hukuk gatnaşygynyň subýekti bolup biler:

- Türkmenistanyň raýaty, daşary ýurt raýaty, raýatlygy bolmadyk adam
- Türkmen we daşary ýurtly ýuridiki şahs

- Türkmenistan döwleti, döwlet eýeçiligniň subýektleri (welaýat, etrap) munisipal eýeçiligiň subýektleri (şäher, oba)

Raýat-hukuk gatn-nyň obýektlerine – zatlar, pul, gymmatly kagyzlar, başga emläk, şol sanda emläk hukuklary, oýlap tapmalar, senagat nusgalary, ylmyň, edebiýatyň we sungatyň eserleri, döredijilik işiniň beýleki netijeleri (mysal üçin kompýuter programmalary, maglumat bazalary, mikroshemalar we ş.m), şeýle hem işler, hyzmatlar degişlidir.

Buýrujy bilen ýerine ýetirjiniň arasyndaky özara gatnaşyk (bilelikdäki hereketi) raýat-hukuk gatnaşygynyň mazmunyny emele getirýän bolsa, ýerine ýetirijiniň ýerine ýetirmeli işi (hyzymat) - şol raýat-hukuk gatnaşygynyň obýektidir.

## §2. **Halkara hususy hukugynyň mazmuny**

Emläk we onuň bilen bagly beýleki gatnaşyklar barada gürrüň edenimizde haýsydyr bir iki sany döwletiň şahslarynyň arasyndaky raýat-hukuk gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylyşy şol döwletleriň daşary syýasy gatnaşyklarynyň umumy ýagdaýlary bilen baglydyr.

Ilik bilen, emläk gatnaşyklaryndaky daşary (halkara) elementiň düşunjesine nämä aýdylýandygy barada (üstünde) durup geçeliň. Şu elemntiň degişli bolan üç sany emläk gatnaşyklarynyň toparyny aýdyp bolar:

1) **Subýekt babatda.** Raýat-hukuk gatnaşygynyň subýekti bolup daşary ýurtly ýuridiki ýa-da fiziki şahs

çykyş edýär. Bu daşary ýurduň raýaty, ýa bolmasa, daşary ýurduň kärhanasy, ýa-da daşary ýurt döwleti bolup biler. Mysal üçin Türkmenistanyň kärhanasy türk kärhanasy bilen harydy almak-satmak barada şertnama baglaşýar. Şu halatda halkara elementi agzalan şertnamanyň bir tarapynyň türk kärhanasy çykyş etmegi bolup durýar.

2) **Obýekt babatda.** Raýat-hukuk gatnaşygynda onuň ähli gatnaşyjylary bir döwlete degişli bolup, emma ýüze çykýan gatnaşyklaryň obýekti (miras emlägi) serhetden daşarda ýerleşmegi.

3) **Ýuridiki fakt babatda**. Raýat-hukuk gatnaşyklar, onuň ýüze çykmagy, üýtgemegi ýa-da bes edilmegi serhetden daşarda ýüze çykan bolsa (zyýanyň ýetirilmegi, şertnamanyň baglaşylmagy, nika baglaşmak, dogulmak, ölüm we beýlekiler).

Halkara hususy hukugyň taryhy esasyny kollizion kadalar emele getirýär. Halkara element bilen raýat-hukuk gatnaşyklaryň düzgünleşdirilmegiň esasy aýratynlygy köp halatlarda halkara hususy hukugynyň kadalary şol ýa başga bir meseläni çözende göni jogaby, göni tabşyrygy öz içinde saklamaýar. Ol kadalar diňe bir haýsy kanunçylyk ulanmaga degişlidigini görkezýär. Bu kadalara kollizion diýip aýdylýar.

Kollizion kadalar hukuk-teniki gözýetimden garanyňda halkara hususy hukugynyň ulgamyna girýän iň bir çylşyrymly kadalaryň biri hasaplanylýar. Her bir döwlet tarapyndan ulanylýan ýokarda agzalan kadalaryň jemi kollizion hukugy emele getirýär. Kollizion hukuk halkara hususy hukugyň bir bölegi bolup durýar, bu bölek iň bir çylşyrymly we esasylaryň biridir.

Halkara husussy hukugyň pudagyna halkara elementli ähli raýat-hukuk gatmaşyklary kadalaşdyrýan kadalary girizip bolar. Bir näçe usul ulanylyp bolar, şol bir wagtyň özünde bir usul beýleki bir usulyň ulanylmagyny aýyrmaýar. Material-hukuk usul we kollizion usul halkara elementli gatnaşyklaryň kadalaşdyrylmagynyň esasy görnüşleridir.

Halkara husussy hukugyň pudagynda hukuk kadalaşdyrmagyň aýratynlygy şunuň bilen kesgitlenilýär, ýagny döwlet daşary ykdysady aragatnaşyklar meseleleri boýunça ýörite kanunçylygy kabul edýär. Onuň kadalary bolsa hukugyň içerki ulgamynyň kadalary bilen goşulman, aýratyn ähmiýete eýedir. Bu kadalar diňe halkara elementli gatnaşyklary kadalaşdyrmak üçin niýetlenilendir.

Bu kadalaryň aýratynlygy şundan ybaratdyr, ýagny şol bir meseläni düýp manysy boýunça çözýär, göni material-hukuk kadalary özünde jemlemeýär we kollizion usuly ulanmaýar.

Şeýlelik bilen, halkara husussy hukugyň düzümine halkara ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlykda ýüze çykýan halkara elementli raýat-hukuk gatnaşyklary kadalaşdyrýan kollizion, şeýle hem material-hukuk kadalar, şeýle hem raýat, maşgala, zähmet we daşary ýurtlularyň prosessual hukuklaryny kesgitleýän kadalar girýär.

## §3. Halkara hususy hukugynyň kadalarynyň hukuk ulgamynda tutýan orny

Halkara hususy hukugynyň doktrinasynda bu pudagyň predmeti hakynda mesele birmeňzeş çözülmeýär.

Iňlis awtorlary bolan A.Daýsi, Dž. Çeşir, P.Nort we amerikan awtorlary D.Bil we G.Gudriçiň işlerinde diňe kollizion kadany we material hukugy saýlamak meselelere garaman, eýsem degişlilik (podsudnost) meselelerine, ýagny halkara elementli hukuk gatnaşyklaryň jedellerine haýsy ýerli kazyýet tarapyndan, haýsy bolsa beýleki döwletleriň kazyýetleri tarapyndan seredilýändigi bilen bagly meselelere garaýar. Beýle halkara hususy hukugyň meselerini çözmegiň ugry köplenç daşary yurt kanunlaryň ulanylmagynyň çäklendirilmegine, içerki hukugyň has giňden ulanylmagyna getirýär.

Fransiýada doktrina (A.Batiffol, P.Sawatýe) halkara hususy hukugyna fransuz raýatlygynyň kadalaryny göz öňünde tutup raýat hukugyň kadalaryny degişli edýär. Edebiýatlarda Fransiýada daşary ýurtly raýatlaryň hukuk ýagdaýyna seredilýär.

Nemes hukukçylary L.Raape, G.Kegel halkara hususy hukugy kollizion hukugyna deňleşdirýärler.

Hytaý doktrinasy (Iýao Huang, Ren Lişeng, Lýu Ding) halkara hususy hukugyna halkara elementli raýat-hukuk gatnaşyklaryň kadalaşdyrmagyň ähli ýagdaýlaryny degişli edýär. Emma Li Hoa Peý halkara hususy hukugyny diňe kollizion hukuk hökmünde garaýar.

Halkara hususy hukugy halkara jemagat hukuk bilen aýrylmaz baglydyr. Halkara jemagat hukugy (halkara

hukugy) – özbaşdak hukuk ulgamydyr. Halkara hukugy her bir döwletiň içerki hukuk ulgamyň düzüm bölegidir.

Halkara hukugyň we halkara hususy hukugyň kadalary bir maksada gulluk edýärler – dürli ugurlarda halkara hyzmatdaşlygyň ösmeginiň hukuk şertleriniň döredilmegi. Bu hukuklaryň umumylygy şundan ybarat, ýagny giň manyda halkara gatnaşyklar, ýagny bir döwletiň çäginden çykýan, iki ýa-da birnäçe döwletleriň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklary barada gürrüň edilýär. Emma halkara hususy hukugy jemagat-hukuk gatnaşyklary däl-de, hususy hukuk gatnaşyklary kadalaşdyrýar.

Halkara hususy hukugyň halkara hukugyndan tapawutlary

**1. Kadalaşdyrýan gatnaşyklary.** Halkara hukugynda esasy orun döwletleriň özara syýasy gatnaşyklary tutýar, ýagny parahatçylygyň we halkara howpsuzlygy, döwletleriň özygtyýarlylygyny üpjün emek meselelere garalýar. Halkara hususy hukugy bolsa halkara häsiýetli aýratyn hususy hukuk gatnaşyklary kadalaşdyrýar. Bu ilki bilen emläk gatnaşyklarydyr. Emläk gatnaşyklary bilen bir hatarda halkara dolanyşykda onuň bilen bagly emläk däl gatnaşyklar hem ýüze çykýar (awtorçylyk, patent hukugy), ol bolsa halkara hususy hukugy bilen kadalaşdyrylýar.

**2. Gatnaşyklaryň subýekti.** Halkara hukugyň esasy subýekti döwletler bolup durýar. Şeýle hem öz azatlyklary üçi göreşýän döwletara guramalaryň prawosubýektnosty ykrar edilýär. Halkara hususy hukugynda esasy subýekti bolup döwlet çykyş etmän (kä halatlarda döwlet hem bolup bilýär), eýsem aýry şahslar, ýagny fiziki we ýuridiki şahslar

çykyş edýärler. Fiziki şahslar- bu raýatlar, raýatlygy ýok adamlar. Ýuridiki şahslar bolsa – döwlet kärhanalary, hususy firmalar, edaralar, ylmy-barlag edaralary we beýleki guramalar.

**3. Gatnaşyklary kadalaşdyrmagyň çeşmesi.** Halkara hukugynda gatnaşyklaryň kadalaşdyrmagyň esasy çeşmesi halkara şertnamalar bolup durýar. Halkara hususy hukugynda bolsa halkara şertnamalar uly ähmiýete eýedir, ýöne olaryň kadalary döwletde şol ýurduň hukuk ulgamyna girýär we olar gös-göni ulanmaga degişli edilýär. Halkara hususy hukugynda halkara şertnamalardan başga içerki kanunçylyk we halkara arbitraž tejribesi hem çeşme bolup hyzmat edýär.

## §4. Halkara hususy hukuk doktrinasynyň başlangyç esaslary

Türkmenistan tarapyndan ulanylýan halkara hususy hukugyň kadalarynyň maksady – köptaraplaýyn (dürli görnüşli) ykdysady, ylmy-tehniki we medeni aragatnaşyklary hukuk taýdan kadalaşdyrylmagy, şeýle hem, halkara paktlarda kesgitlenilen adamyň huklaryna laýyk gelýän Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlaryň hukuk ýagdaýyny kesgitlemekden ybaratdyr. Halkara hususy hukugy ykdysadýet we söwda, ulag we aragatnaşyk, tehnika we medeniýet ugurlarynda Türkmenistanyň we beýleki döwletler bilen hyzmatdaşlygy gurnamakda uly orun tutýar. Halkara hususy hukugyň kadalarynda biziň döwletimiziň parahatçylykly daşary syýasaty görkezilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 10-njy maddasynda

«Türkmenistanyň ykdysadyýeti bazar gatnaşyklary ýörelgelerine esaslanýar. Döwlet telekeçiligi höweslendirýär we goldaýar, kiçi we orta işewürligiň ösmegine ýardam berýär» diýen täze hukuk kadasynyň bellenilmegi bu ugruň ýurtda ýöredilýän ykdysady syýasatyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini tassyklaýar. Konstitusiýanyň bu kadasy Türkmenistanyň bazar ykdysadyýetine geçendigini aňladýar we Türkmenistanda daşary ýurt firmalaryň telekeçilik işini amala aşyrmagyna täze mümkinçilikleri döredýär.

Halkara hususy hukugynda raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmeklige gönükdirilen kadalar esasy orun tutýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda halkara konwensiýalarynyň kadalary hem beýanyny tapdy, yagny adamyň hukuklary hem azatlyklary eldegrilmesizdir we olary adamyň elinden alyp bolmaz. Konstitusiýada we kanunlarda görkezilen ýagdaýlardan başga ýagdaýlarda adamy haýsydyr bir hukugyndan we azatlygyndan mahrum etmäge ýa-da hukuklaryny we azatlyklaryny çäklendirmäge hiç kimiň haky ýokdur. Adamyň belli bir hukuklarynyň we azatlyklarynyň Konstitusiýada we kanunlarda sanalyp geçilmegi onuň beýleki hukuklaryny we azatlyklaryny inkär etmek ýa-da kemsitmek üçin ulanylyp bilinmez. Türkmenistan adamyň we raýatyň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň deňligini, şeýle hem haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan adamyň we raýatyň kanun öňündäki deňligini kepillendirýär.

Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutýar. Eger-de Türkmenistanyň halkara şertnamasynda Türkmenistanyň kanunyndakydan başga kadalar bellenen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar.

Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly subýekti bolup, daşary syýasatda hemişelik bitaraplyk, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, güýç ulanmazlyk we harby bileleşiklere hem birleşmelere goşulmazlyk, sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam bermek ýörelgelerine eýerýär.

# II bölüm HALKARA HUSUSY HUKUGYNYŇ PREDMETİ WE ORNY

1. Halkara hususy hukugyň predmeti.
2. Halkara hususy hukugyň usuly.
3. Halkara hususy hukugyň ulgamy.

## §1. Halkara hususy hukugyň predmeti

Halkara hususy hukugyň predmeti halkara elementli raýat-hukuk gatnaşyklary bolup durýar. Hukuk edebiýatlarynda halkara hususy hukugyň predmeti babatynda pikirleriň plýuralizmy bardyr:

Agalyk edýän pikirleriň birine görä halkara hususy hukugyň predmeti halkara elementli raýat, maşgala we zähmet gatnaşyklaryndan ýüze çykýar. (M.M.Boguslawskiý, N.I.Maryşewa, W.P.Zwekow). Şol bir wagtyň özünde  halkara hususy hukugyň predmeti giň manyda raýat-hukuk gatnaşyklary bolup durýandygy bellenilip geçilýär.

Ýokarda agzalan pikir bilen bir hatarda halkara hususy hukugy tarapyndan kadalaşdyrylýan ganaşyklaryň toparyny giňeldýän ýa-da daraldýan pikirler (konsepsiýalar) hem baradyr.

Halkara hususy hukugyň "siwil" konsepsiýanyň çäginde halkara hususy hukugyň predmeti diňe raýat gatnaşyklary bolup durýar, ýagny emläk we emläk däl gatnaşyklar. (Ý.A.Suhanow, W.F.Popondopulo)

Käbir hukukçylar (L.P.Anufriýewa) halkara hususy hukugyň predmeti iki topardan ybarat diýip garaýarlar, ýagny adat boýunça raýat, maşgala we zähmet gatnaşyklar

we prosessual (iş ýörediş) häsiýetli gatnaşyklar ýagny halakara raýat prosessinde we halkara arbitražda ýüze çykýan gatnaşyklar.

Halkara hususy hukugyň predmetine girýän gatnaşyklary umumylaşdyrmak maksady bilen, adaty boýunça "halkara elementli" diýen düşünje ulanylýar. Halkara element şu aşakdaky alamatlarda ýüze çykýar:

- taraplaryň biri (raýat, ýuridiki şahs ýa-da döwlet) daşary ýurtly bolup durýar;
- emläk gatnaşyklary bilen bagly ýüze çykýan obýekt, daşary ýurtda (serhetden daşary) ýerleşýär;
- hukuk gatnaşyklar ýüze çykýan, üýtgeýän, bes edilýän hadysa, ýagny ýuridiki fakty, daşary ýurtda bolan bolsa.

Bu alamatlar halkara elementde islendik kombinasiýada bolup biler – bir, iki, üç, ýa-da ähli üç alamat hem bolup biler.

Halkara hususy hukugyň predmeti – halkara durmuşynda ýüze çykýan raýat-hukuk häsiýetli gatnaşyklar bolup durýar.

## §2.Halkara hususy hukugyň usuly

Halkara hususy hukugyna halkara häsiýetli raýat-hukuk gatnaşyklarynyň gatnaşyjylarynyň hukuk we borçlarynyň kadalaşdyrylmagynyň aýartyn usuly we serişdesi mahsusdyr. Iki usul bellenilýär: kollizion we material-hukuk.

Kollizion usul kollizion kadanyň ulanmagy bilen hereket edýär, ýagny ol degişli gatnaşyklary haýsy

döwletiň hukugy bilen kadalaşdyrylmagyny kesgitleýär. Şeýlelik bilen, kadalaşdyrmagyň kollizion ususly kollizion kada ulanmak arkaly herket edýär, umumylykda belli bir material kada bilen kadalaşdyrmagyň kollizion mehanizminy düzýär.

Kadalaşdyrmagyň material usulynyň iki görnüşi bar. Birinjisi – halkara hukuk. Ol gös-göni gatnaşyklary kadalaşdyrýan halkara şertnama bilen düzgünleşdirilen material (kollizion däl) kadasy bar bolan halatynda ýüze çykýar. Material-hukuk usulyň ikinjisi- halkara hususy hukugyň predmetine girýän ýörite gatnaşyklary kadalazşdyrmaga gönükdirilen milli material kadanyň hereket etmegi bilen ýüze çykýar.

Halkara hususy hukugyň aýartynlygy döwletleriň hukuk ulgamlarynda aratapawutlaryny saklap kollizion kadalaryň kömegi bilen halkara hususy hukugy degişli ýagdaýlarda haýsy döwletiň hukugyny ulanmalydygyny kesgitlemegi üpjün etmekden ybaratdyr.

Ykdysady, ylym we medeniýet pudaklarynda Türkmenistanyň beýleki döwletler bilen hyzmatdaşlyk edýän döwründe döwletleriň arasynda, şeýle hem dürli döwletleriň kärhanalaryň, firmalaryň, raýatlaryň arasynda gatnaşyklar ýüze çykýar. Iki halatlarda hem ykdysady, ylmy-tehniki we medeniýet hyzmatdaşlygy amala aşyrylanda ýüze çykýan gatnaşyklar barada gürrün edilýär. Emma halkara hususy hukugyň pudagyna halakara durmuşynda ýüze çykýan guramalaryň ýa-da raýatlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň hukuk meseleleri degişlidir, halkara jemagat hukugynda bolsa döwletleriň arasyndaky gatnaşyklar barada gürrüň gidýär.

### §3. Halkara hususy hukugyň ulgamy (sistemasy)

Halkara hususy hukygyň okuw kursy üç bölege bölünýär: umumy bölek, aýratyn bölek we halkara raýat prosesi (iş ýöredişi) we halkara täjirçilik arbitražy. Umumy böleginde halkara hususy hukygy üçin umumy ähmiýetli meselelere garalýar. Muňa halkara hususy hukygyň çeşmeleri, umumy düşünjeler we ýörelgeler, kadalaşdyrmagyň usullary, kollizion kadalar hakynda taglymat we beýlekiler girýärler. Umumy bölege şeýle hem halkara elementli raýat-hukuk gatnaşyklaryň subýektleriň, ýagny döwletiň daşary ýurt ýuridiki şahslaryň we daşary ýurt raýatlaryň hukuk ýagdaýynyň meselelerini degişli edip bolar.

Aýratyn bölegi adatça şu bölümlerden ybarat:

1) eýeçilik hukugy;
2) borçnama hukugy, esasan hem almak-satmak şertnamasy we daşamak şertnamasy;
3) karz we hasaplaşyk gatnaşyklar;
4) hukuk bozulmalaryň netijesinde ýüze çykýan barçnamalar;
5) awtorlyk we patent hukugy;
6) maşgala hukugy;
7) miras hukugy;
8) zähmet gatnaşyklar;

Üçünji bölek bolan halkara iş ýörediş hukugyna batyp galmak, treteýskiý sudlaryň jedellere garamagynyň tertibi, kazyýet kararlarynyň ýerine ýetirilişi we daşary ýurt kazyýetleriniň çözgütlerini kabul etmek we ulanmak meseleler degişli bolup durýar.

# III bölüm. HALKARA HUSUSY HUKUGY ÖZBAŞDAK HUKUK PUDAGYDYR

1. Halkara hususy hukugy özbaşdak hukuk pudagydyr.
2. Kollizion we material usul kadalaşdyrylşy.

## §1.Halkara hususy hukugy özbaşdak hukuk pudagydyr

I.S.Peterskiý öz edebiýatlarynda “halkara” diýen sözi halkara hukukda we halkara hususy hukugynda dürli many berýändigini üns berdi. Ol şeýle belläp geçýärdi “Halkara jemagat hukugynda” halkara diýen many ulanylýar, çünki ol döwletleriň arasynda ýüze çykýan hukuk gatnaşyklary kesgitleýär, halkara hususy hukugynda bolsa halkara diýen many ulanylýar, haçan-da belli bir hukuk ulgamynyň çäginden çykyp, we haýsy kanun ulanylmagyny kesgitlemegi degişli bolan we dürli döwletlere degişli bolan şahslaryň arasynda çykýan hukuk gatnaşyklary düzgünleşdirende. Şeýlelikde “halkara” diýen düşünje birinji halatda “döwletara” manyda ulanylýar, ikinji halatda bolsa – halkara elementli gatnaşyklaryň kadalaşdyrylmagyna düşünilýär.

Halkara hususy hukugy halkara jemagat hukugynyň ýa-da içerki hukuga degişlidigi hakynda meselesi boýunça sowet hukuk edebiýatlarda dürli pikirler aýdylyp geçildi. Käbir hukukçylaryň pikirleri boýunça (S.B.Krylow, M.A.Plotkin, S.A.Golunskiý, M.S.Strogowiç, W.E.Grabar, F.I.Kožewnikow, S.A.Malinin, I.P.Blışenko) sözüň giň manysynda halkara hususy hukugyň kadalary halkara hukugyň düzümine girýär.

Bu pikir halkara hususy hukugynda raýat hukugynyň meselelerine degişli döwletara gatnaşyklar barada gürrüň edilýändigine esaslanýar. Şunda berilmeli zatlaryň biri aýratyn firmalaryň arasyndaky raýat-hukuk häsiýetli jen-jeller, hatda dürli döwletleriň raýatlarynyň arasynda nikany bozmak hakynda jedel, netijede döwletleriň arasynda uly dawa öwrülip bilner.

Şeýle hem başga pikir aýdylyp geçildi, ýagny halkara hususy hukugyň kadalarynýň tebigaty (gelip çykyşy) onuň kadalaşdyrylýan gatnaşyklarynyň häsiýeti bilen bagly. Halkara hususy hukugynda kadalaşdyrmagyň predmeti raýat-hukuk häsiýetli gatnaşyklar bolup durýandygyndan ugur alyp, halkara hususy hukugy içerki hukugynyň düzümine girýändigi, halkara hususy hukugynyň raýat-hukuk ylymlarynyň birirdigi barada pikire geldiler. Esasan hem I.S.Peterskiý we L.A.Lunsa öz edebiýatlarynda bu netijä geldiler.

Şeýlelik bilen ýokardakylaryň esasynda halkara hususy hukugy hukugyň aýartyn pudagy hökunde garalyp bilner we ony içerki döwlet hukugyň pudagyna degişli edip bolar. Halkara hususy hukugyny hukuk öwreniş pudagy hökmünde garamak meselesi boýunça, bu tizden ösýän hukuk ylym şol bir wagtda halkara hukugynyň düşünjesinden we institutlaryndan, şeýle hem ikinji tarapdan dürli döwletleriň raýat hukugynyň institutlaryndan gelip çykýar. Şonuň üçin hem hukuk öwrenişiň deňeşdirme ususllary ulanmak zerurdyr. Şeýlelik bilen, halkara hususy hukugynda kadalaşdyrmagyň predmeti raýat-hukuk gatnaşyklar bolup durýar. Şonuň bilen halkara hususy hukugynyň her bir döwletiň içerki hukuk ulgamyna

degişliligini delil bolup durýar. Şol bir wagtyň içinde ýokarda agzalan ýagdaýlar halkara hususy hukugyň häsiýetini hukuk öwreniş pudagy ýaly garalýar diýip bileris. Halkara hukugynyň umumy meselelerini öwrenmegi bilen bagly bolmasa, onda halkara hususy hukugynyň meselelerini netijeli düzup bilmeris.

## §2. Kollizion we material usul kadalaşdyrylşy

Halkara hususy hukugyna halkara häsiýetli raýat-hukuk gatnaşyklarynyň gatnaşyjylarynyň hukuk we borçlarynyň kadlaşdyrylmagynyň aýratyn usullar we serişdeleri mahsusdyr.  Utgaşýan we özara baglanyşykly iki sany usul barada gürrüň gidýär: kollizion we material hukuk. Hut birinji usula halkara hususy hukugy öz döredilişi we ösüşi üçin borçludur. Halkara hususy hukugynyň edebiýatlarynda halkara elementli hukuk gatnaşyklarynda elmydama kollizion sorag ýüze çykýandy barada bellenilip geçilýär, ýagny haýsy iki sany çaknyşýan kanunlaryň ulanmaga degişlidigini çözmek zerurdyr – işe seredýän kazyýetiň ýerleşýän çägindäki hereket edýän kanunmy ýa-da daşary ýurt kanunymy, ýagny garalýan işde halkara elementi degişli ýurduň kanunymy.

“Kolliziýa” – latin sözi, çaknyşýan manyny berýär. Kollizion meselesi – haýsydyr bir hukuk gatnaşyklarynyň ulanmagyna degişli bolan hukugyň saýlamagynyň meselesi – ilki bilen halkara hususy hukugyna mahsusdyr.

Kolliziýa haýsy ýagdaýda haýsy ýurduň kanunyny ulanmalydygyny görkezýän kollizon kadalary ulanmagyň netijesinde aradan aýrylyp bilner. Kollizon kadalarynyň ulanylmagy şunuň bilen bagly, ýagny döwletleriň hukuk ulgamy biri-birinden tapawutlanýar. Kollizion kadanyň özi

meseläni düýp manysy boýunça çözmän, degişli düzgünleri göz öňünde tutýan material kadalaryna iberýär we mesele şol düzgünleriň esasynda çözülýär.

Kollizion kada – degişli hukuk gatnaşyklara haýsy döwletiň hukugy ulanmagyny kesgitleýän kada, ýagny iberýän häsiýetli kada, onuň bilen diňe haýsydyr bir material-hukuk kadalar bilen gollanyp bolar.

Halkara hususy hukugynyň düzüminde kollizion we material hukuk kadalaryň birleşmegi öz häsiýeti boýunça birmeňzeş gatnaşyklary iki dürli usul bilen kadalaşdyrmagynyň zerurlygyna esaslanýar.

Halkara ylalaşyklarynyň material hukuk kadalaryndan başga halkara hususy hukugy halkara elementli raýat gatnaşyklaryny kadalaşdyrylmagy üçin ýörite niýetlenilen içerki kanunçylygynyň material hukuk kadalaryny öz içine alýar. Muňa şular degişlidir:

1) daşary ykdysady işini kadalaşdyrýan kadalar;

2) Türkmenistanyň çäginde döredilen daşary ýurt inwestisiýaly dürli kärhanalaryň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän kadalar;

3) türkmen kärhanalarynyň inwestision işine degişli kadalar;

4) daşary ýurtda Türkmenistanyň raýatynyň derejesini (statusyny) kesgitleýän kadalar;

5) Türkmenistanyň çäginde daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýyny belleýän kadalar.

Şularda we beýleki şuňa meňzeş kadalarda halkara elementli hukuk gatnaşyklarynyň gatnaşyjylarynyň hukuklaryny we borçlaryny kesgitleýän göni görkezmeler bellenilen.

Material hukuk kadalar (başgaça göni kadalar diýlip aýdylýar) ähli döwletler- gatnaşyjylar üçin birmeňzeş kadalar berkidýär.

# IV bölüm HALKARA HUSUSY HUKUGYŇ ÇEŞMELERİ

1. Halkara hususy hukugyň çeşmeleriniň görnüşleri.
2. Halkara çeşmeler.
3. Içerki kanunçylyk.
4. Kazyýet we araçylyk tejribe.
5. Däp-dessurlar.

## §1. Halkara hususy hukugyň çeşmeleriň görnüşleri.

Hukuk ylymda hukugyň çeşmeleri barada gürrüň edilende, haýsydyr bir hukuk kadanyň bellenilen görnüşi göz öňünde tutulýar. Halkara hususy hukugyň çeşmeleri belli bir aýratynlyga eýedir. Halkara hususy hukugyň pudagynda dürli şertnamalarda we ylalaşyklarda göz öňünde tutulan kadalara we düzgünlere uly orun berilýär.

Halkara hususy hukugynda esasy dört sany çeşmeler bardyr:

1. halkara şertnamalar;
2. içerki kanunçylyk;
3. kazyýet we araçylyk tejribe;
4. däp-dessurlar.

Halkara hususy hukugyň çeşmeleriň agramlygy her döwletde birmeňzeş däldir. Mundan başga-da şol bir döwletde haýsy hukuk gatnaşyklar barada gürrüň edilýändigi baglylykda dürli çeşmelerde göz öňünde tutulan kadalar ulanylýar.

Doktrinada halkara hususy hukugyň çeşmeleriň esasy aýratynlygy iki taraplaýyn häsiýetidir. Bir tarapdan

çeşmeler bolup halkara şertnamalar we däp-dessurlar çykyş edýär, beýleki tarapdan bolsa aýry döwletleriň içerki kanunçylygy ýa-da kazyýet we araçylyk tejribesi çeşme hökmünde çykyş edýär. Birinji halatda halkara kadalaşdyrmagy göz öňünde tutulýar, ikinji halatda bolsa içerki döwlet kadalaşdyrylyşy göz öňünde tutulýar. Emma bu çeşmeleriň iki taraplaýyn hereketi halkara hususy hukugyň iki bölege bölünýändigini aňlatmaýar, çünki iki halatda hem kadalaşdyrmagyň predmeti şol bir gatnaşyklar bolup durýar, ýagny halkara häsiýetli raýat-hukuk gatnaşyklar.

Türkmenistanda halkara şertnamalaryň içerki kanunlar bilen arabaglanyşygy nähilidir?

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 6-njy maddasynyň ikinji böleginde Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutýar. Eger-de Türkmenistanyň halkara şertnamasynda Türkmenistanyň kanunyndakydan başga kadalar bellenen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar diýip beýan edilen. Şular ýaly kada hem beýleki Türkmenistanyň hereket edýän kanlarynda hem göz öňünde tutulandyr. Bu kada degişli gatnaşyklary kadalaşdyrmak üçin halkara şertnamanyň ähmiýetini nygtaýar.

## §2.Halkara şertnamalary

Halkara şertnamalar diýlende döwletler arasynda bagaşylan ylalaşyklara düşünilýär.  Halkara şertnamalaryny dürli klassifikatorlar esasynda toparlara bölmek mümkin. Iki taraply, köp taraply, uniwersal, regional we ş.m.

Halkara hususy hukuga çeşme bolup hyzmat edýän esasy halkara şertnamalarynyň käbirleri:

**Waşington konwensiýasy (1965) 152 döwlet gol çekdi.**

Waşington şertnamasynyň mazmuny - döwletleriň arasyndaky we beýleki ýurtlaryň fiziki we ýa-da ýuridiki şahslarynyň arasyndaky inwestision jedelleri düzgünleşdirmekden ybarat.

**Bern konwensiýasy (1886) 164 döwlet gol çekdi.**

Bern konwensiýasynyň mazmuny - Edebiýat we çeper eserleri goramakdan ybarat.

**BMG-nyň Baş assambleýasynyň 10/102004 senesinde kabul eden Döwletleriň ýurisdiksion immuniteti we olaryň eýeçiligini goramak baradaky konwensiýasy**

**Nýu-ýork konwensiýasy 1958 ýyl. 143 döwlet gol çekdi.**

Nýu-ýork konwensiýasynyň mazmuny – daşary ýurt arbitraž kararlaryny kabul etmek we ýerine ýetirmek.

**Minsk konwensiýasy – 1993 ýyl.**

Minsk konwensiýasynyň mazmuny – raýat, maşgala we jenaýat işlerinde hukuk kömegini bermek we hukuk gatnaşygyny saklamagy düzgünleşdirmekden ybarat.

**Türkmenistanyň daşary ýurt döwletler we halkara guramalary bilen öz aralaryndaky halkara gatnaşyklarynyň dürli meseleleri boýunça oňa gatnaşýanlar üçin halkara hukuklaryny we borçlaryny belleýän, Türkmenistan tarapyndan baglaşylýan şertnamalar Türkmenistanyň halkara şertnamalary bolup durýar.**

Türkmenistanyň halkara şertnamalary aşakdakylaryň adyndan baglaşylýar, ýagny:

Türkmenistanyň adyndan döwletara şertnamalary;

Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň (Hökümetiň) adyndan hökümetara şertnamalary;

ministrlikleriň hem pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň adyndan pudak dolandyryşara şertnamalary baglaşylýar.

Halkara şertnamasynyň hökmanylygyna Türkmenistanyň ylalaşýandygy şertnama gol çekmek, şertnamany döredýän resminamalary alyşmak, şertnamany ratifikasiýalaşdyrmak, ony tassyklamak, oňa goşulmak ýa-da ylalaşýan taraplaryň şertleşen beýleki islendik usuly bilen aňladylyp bilner.

Türkmenistanyň gepleşikler geçirmäge we halkara şertnamalaryna gol çekmäge bolan ygtyýarlary aşakdakylar tarapyndan berilýär, ýagny:

Döwletara we hökümetara şertnamalary babatynda Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan;

pudak dolandyryşara häsiýetli şertnamalar babatynda Türkmenistanyň Ministrler kabineti tarapyndan.

Türkmenistanyň gepleşikler geçirmäge we halkara şertnamalaryna gol çekmäge bolan ygtyýarlary aşakdakylara hem berlip bilner:

Döwletara şertnamalar babatynda Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygyna;

Hökümetara şertnamalary babatynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasarlaryna;

pudak dolandyryşara häsiýetli şertnamalar babatynda ministrlere we pudaklaýyn dolandyryş edaralaryň ýolbaşçylaryna.

Türkmenistana gepleşikler geçirmäge we halkara şertnamalaryny baglaşmaga bolan ygtyýarlary Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary tarapyndan ýa-da Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan olaryň ygtyýaryna laýyklykda resmileşdirilýär.

Türkmenistanyň Mejlisi Türkmenistanyň tassyklamaga berlen halkara şertnamalaryna garaýar we olar boýunça kararlar çykarýar.

Türkmenistanyň halkara şertnamasyny tassyklamak hakynda Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlary degişlilikde çözgütler we kararlar görnüşinde kabul edilýär. Tassyklamak hakyndaky çözgüdiň ýa-da kararyň esasynda Türkmenistanyň Prezidenti ratifikasion (tassyklaýyş) hatyna gol çekýär.

Ratifikasion hatyň görnüşi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýar.

Türkmenistanyň ratifikasiýalaşdyrmaga degişli bolmadyk, emma tassyklanylmagy nazarda tutulýan döwletara we hökümetara şertnamalaryny tassyklamaklyk Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan geçirilýär.

Türkmenistanyň pudak dolandyryşara häsiýetli halkara şertnamalaryny tassyklamaklyk Türkmenistanyň Ministrler kabineti tarapyndan geçirilýär.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi ýa-da Türkmenistanyň beýleki ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyrş edaralary tarapyndan notalar ýa-da hatlar alyşmak arkaly baglaşylan Türkmenistanyň halkara

şertnamalary ratifikasiýalaşdyrmazdan ýa-da soňra tassyklamazdan şolar alşylan gününden başlap güýje girýär.

Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna goşulmagy hakyndaky karar aşakdakylar tarapyndan kabul edilýär:

ratifikasiýalaşdyrmagy talap edýän şertnamalar babatynda Türkmenistanyň Prezidentiniň hödürlemegi boýunça Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan;

ratifikasiýalaşdyrmagy talap etmeýän we goşulmaklyk Türkmenistanyň, Türkmenistanyň Ministrler kabineti tarapyndan geçirilýän şertnamalar babatynda Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan;

pudak dolandyryşara häsiýetli şertnamalar babatynda Türkmenistanyň Ministrler kabineti tarapyndan;

Türkmenistanyň tassyklanan halkara şertnamalaryny hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň ýa-da Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň hödürlemegi boýunça Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlary esasynda şolara goşulmaklyk amala aşyrylan şertnamalaryny denonsasiýalamak işi Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan amala aşyrylýar.

Tassyklanmagy talap edilmeýän, Türkmenistanyň döwletara we hökümetara şertnamalaryny denonsasiýalamak işi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan geçirilýär.

Pudaklaýyn dolandyryşara häsiýetli halkara şertnamalaryny denonsasiýalamak işi Türkmenistanyň Ministrler kabineti tarapyndan geçirilýär.

## §3.Içerki kanunçylyk

Içerki kanunçylyk – Türkmenistanda halkara hususy hukugyň iň esasy çeşmeleriniň biridir. Bu kanunçylyga syn etmezden öň Türkmenistan - demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwleti dolandyrmak prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýandygy üns bermeli.

Türkmenistan öz çäginde hökmürowandyr we bütin häkimiýete eýedir, ol içeri we daşary syýasaty özbaşdak amala aşyrýar. Türkmenistanyň döwlet özygtyýarlylygy we çägi bitewidir hem bölünmezdir.

Döwlet Türkmenistanyň garaşsyzlygyny, çäk bütewiligini, konstitusion gurluşyny goraýar, kanunylygyň berjaý edilmegini hem hukuk tertibini üpjün edýär.

Halkara hususy hukugy üçin esasy ähmiýet Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutýandygy we eger-de Türkmenistanyň halkara şertnamasynda Türkmenistanyň kanunyndakydan başga kadalar bellenen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýandygy barada kadalar halkara hususy hukugy üçin aýratyn ähmiýeti bardyr.

Içerki kanunçylyga halkara hususy hukugyň çeşmesi hökmünde syn berlende Türkmenistanda beýleki käbir ýurtlardan, mysal üçin Awstriýa, Wengriýa, Polşa, Rumyniýa, Türkiye, Çehoslawakiýa, Şwesariýa, Ýugoslawiýa ýaly ýutlardan tapawutlylykda halkara hususy hukugyň meseleleri boýunça ýörite kanun kabul edilmedi, ýöne halkara hususy hukugyň kadalaryny özünde jemleýän kanunçylyk namalaryň topary bar.

“Türkmenistanyň raýatlygy hakynda” Türkmenistanyň kanuny Raýatlygy edinmek üçin esaslar, Nika baglaşylanda we nika bozulanda Türkmenistanyň raýatlygynyň edinilmegi we saklanylmagy, Raýatlygy bolmadyk adamlaryň çagalarynyň Türkmenistanyň raýatlygyny edinmegi, Beýleki döwletde ýaşaýan adamlarda Türkmenistanyň raýatlygynyň saklanmagy, Türkmenistanyň raýatlygyny aňsat edinmek hukugy, Türkmenistanyň raýatlygyny dikeltmek hakynda we beýleki halkara hususy hukugy bilen bagly meseleler kadalaşdyrýar.

Halkara hususy hukugy üçin „Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýy hakynda“ Türkmenistanyň kanuny (Türkmenistanyň 24.11.1995 ý., № 85-1, 19.12.2000 ý., № 55-II, 14.06.2003 ý. № 182-II Kanunlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen) uly ähmiýeti bardyr. Bu kanun Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýynyň ýörelgeleri, gaçybatalga bermeklik, Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň esasy hukuklary, azatlyklary we borçlary, daşary ýurt raýatlarynyň Türkmenistana gelmegi we Türkmenistandan gitmegi, daşary ýurt raýatlarynyň jogapkärçiligi, bolmak möhletiniň kemeldilmegi, Türkmenistandan çykarylmagy ýaly kadalary düzgünleşdirýär.

Türkmenistanyň Raýat kodeksi bazar gatnaşyklaryna geçilýän döwründe ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirilmäge gönükdirilendir. Türkmenistanyň Raýat kodeksi iki bölümden ybarat. Birinji bölümiň kadalary halkara elementli raýat-hukuk gatnaşyklary

düzgünleşdirmekde uly ähmiýete eýedir. Agzalan kodeksiň 2-nji madasynyň 3-nji bölegine laýyklykda fiziki şahslary we ýuridiki şahslar, raýat-hukuk gatnaşyklarynyň subýektleri bolup biler. Bu kada Türkmenistanyň raýatlary, daşary ýurtlaryň raýatlary barada we belli bir raýatlygy bolman, telekeçilik bilen meşgullanýan ýa-da meşgullanmaýan şahslar barada hem ulanylýar. Elbetde eger halkara şertnamalary bilen daşary ýurt raýatlary we daşary ýurt ýuridiki şahslaryň gatnaşmagynda ýüze çykýan gatnaşyklary göz öňünde tutulan bolsa, onda Raýat kodeksiniň bu kadasy ol gatnaşyklara degişli bolmaýar.

Halkara hususy hukugyň düzgünleri Türkmenistanyň Nika we maşgala kdeksinde hem göz öňünde tutulandyr. Daşary ýurt raýatlary hem-de raýatlygy ýok admlaryň gatmaşmagynda daşary ýurt döwletleriniň nika we maşgala hakyndaky kanunlaryny hem-de halkara şertnamalaryny şu aşakdaky ýagdaýlarda ulanylýar: Türkmenistanyň raýatlary daşary ýurtly raýatlar we raýatlygy bolmadyk adamlar bilen nika şertnamasyny baglaşylanda, nika we maşgala gatnaşyklarynda daşary ýurtly raýatlaryň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň hukuklary we borçlary, Türkmenistanda raýatalygy bellemek daşary ýurtlaryň çäklerinden daşarda bellenen atalygy ykrar etmekliginde, nikany bozanda, hossarlyk we howandarlyk bellenilende we başgalar.

Daşary söwda pudagynda esasy kanunçylyk nama „Türkmenistanda daşary ykdysady iş hakynda“ Türkmenistanyň kanuny bolup durýar. Şu Kanun Türkmenistanda alnyp barylýan daşary ykdysady işiň esasy ýörelgelerini we hukuk kadalaryny, daşary ykdysady işiň

döwlet tarapyndan düzgünleşdirilmeginiň tertibini, şeýle hem Türkmenistanyň döwlet edaralryň bu iş baradaky ygtyýarlaryny kesgitleýär.

Mundan başga-da Türkmenistanda daşary ýurt inwestisiýalary pudagyna degişli bolan „Daşary ýurt inwestisiýalary hakynda“ (2008ý.), „Walýuta operasiýalaryny düzgünleşdirmek hakynda“ Türkmenistanyň Gümrük kodeksi, „Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda“ Türkmenistanyň kanuny, „Kommersiýa banklary we bank işi hakynda“ Türkmenistanyň kanuny kabul edildi.

## §4. Kazyýet we araçylyk tejribesi

Günbatar ýurtlarda köp bolmadyk halkara hususy hukugyň kanunçylyk kadalary halkara hususy hukugyň çeşmeleriň üçünji görnüşi, ýagny kazyýet we araçylyk tejribesi bilen baglanyşyklydyr. **Kazyýet tejribä diýlip haýsydyr bir hukuk mesele boýunça kazynyň çykaran kararyna aýdylýar.** Gelejekde bu karar kazylar tarapyndan şolar ýaly birmeňzeş hukuk mesele boýunça ulanylýar. Bu hukugyň çeşmesi kä döwletlere mahsusdyr, kä döwletlerde bolsa esasy çeşme hökmünde hereket edýär. Beýle düzgün Beýik Britaniýada, ABŞ-da bölekleýin hereket edýär. Beýik Britaniýada kazyýet presedentler ulgamy hereket edýär.

**Kazyýet presedentiň düýp manysy takyk iş boýunça kazyýetiň çykaran çözgüdine kadalaşdyryjy häsiýet bermekden ybaratdyr.** Kazyýet tejribesini hukugyň çeşmesi hökmünde ykrar etmek üçin, ýagny başgaça aýdylanda kazyýet çözgüdi kanun bilen

deňleşdirmek üçin, garaşsyz kazyýetiň ýa-da ýokary profesional kazylaryň bolmagy zerurdyr.

Beýle döwletlerde presedentleriň ulgamy aýgytly ähmiýete eýedir. Halkara hususy hukugynda araçylyk tejribesi diýip döwlet araçylyk kazyýet edaralaryň tejribesine däl-de eýsem, treteýskiý kazylaryň, halkara täjirçilik araçylaryň tejribesine aýdylýar.

Türkmenistanda kazyýet tejribesi hukugyň çeşmesi hökmünde garalmaýar, emma Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumynyň karalary beýleki degişli kazyýetlere hökmanydyr.

Halkara hususy hukugynda hem kazyýet we araçylyk tejribesi çeşmesi bolup durmaýar, emma şol bir wagtyň özünde iş ýüzünde kadalary resmi taýdan düşündirmek üçin, kazyýet halkara hususy hukugynda bolsa araçylyk tejribesiniň ulanylmagy gürrüňsizdir.

**§5.Däp-dessurlar**

Yzygiderli we uzak wagtyň dowamynda şol bir kadalaryň ulanmagyň netijesinde esaslanan halkara däp-dessurlar halkara we halkara hususy hukugyň çeşmesi hökmünde garalýar.

Däp-dessurlar - irki döwürde dörän, yzygiderli ulanylýan, emma hiç ýerde ýazylmadyk kadalardyr. Şunuň bilen däp-dessurlar kanunyň kadalaryndan tapawutlanýarlar.

Döwletiň özygtyýarlylyk we deň hukuklylyk ýörelgeleri öz içinde göz öňünde tutýan däp-dessurlar ähli ýurtlara hökmanydyr, beýleki däp-dessurlar bolsa eger-de döwletler tarapyndan haýsydyr bir görnüşde ykrar edilen bolsa, şondan soň şol döwletler üçin hökmanydyr.

Halkara hukuk däp-dessurlardan başga söwda deňiz gatnawy pudagynda we halkara söwdada daşary ýurtlar tarapyndan giňden ulanylýan söwda däp-dessurlar hem bardyr.

Däp-dessurlardan söwda geleşikleriň tejribesinde ýüze çykýan we şol geleşikleriň ownuk-uşak taraplaryny kesgitleýän adaty tapawutlandyrmak zerurdyr. Söwda adaty bilen deňiz daşatmada duş gelýär. Meselem, olar portlarda ýüze çykýar. Taraplaryň özara gatnaşyklaryny adatlar diňe taraplar tarapyndan haýsydyr bir görnüşde haýsydyr bir portuň adatyny ulanmaklygy  ykrar eden bolsalar, kadalaşdyryp bilerler.

Däp-dessurlaryň Türkmenistanda giňden ulanmak meselesi Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň hukuk taýdan güýje girizilmegi bilen nygtaldy.

Onda şeýle berkidilýär. “Telekeçilik işiniň haýsy-da bolsa bir pudagynda emele gelen we giňden ulanylýan hem özüniň haýsy-da bolsa bir resminamalarda  ýazylandygyna-ýazylmandygyna garamazdan, kanunlarda göz öňünde tutulmadyk özüňi alyp baryş kadasy iş dolanyşygynyň adaty diýlip ykrar edilýär.” (5.m)

Iş dolanyşygynyň adatlary degişli gatnaşyga gatnaşyjylar üçin hökmany bolan kanun ýa-da şertnama düzgünlerine garşy gelýän bolsa, olar ulanylmaýar.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanda halkara hususy hukugyň çeşmeleri diýip, birinjiden  halkara şertnamalar we halkara däp-dessurlar, ikinjiden bolsa içerki kanunçylyk we Türkmenistanda ulanylýan söwda däp-dessurlar ykrar edilýär. Ne  kazyýet, ne-de araçylyk tejribesi bizde halkara hususy hukugyň çeşmesi hökmünde garalmaýar.

# V bölüm. KOLLIZION KADALAR

1. Kollizion kadalara düşünje we olaryň düýp esasy.
2. Kollizion kadalaryň gurluşy.
3. Kollizion kadalaryň görnüşi.

## §1.Kollizion kadalara düşünje we olaryň düýp esasy

Daşary ýurt elementli raýat-hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak prosesinde esasy çylşyrymly meseleleriň biri hem ulanylmaly hukugy saýlamakdyr. Kazyýet ýa-da beýleki hukuk ulanyjy edaralar çylşyrymly daşary ýurt elementli dawalary çözmekde esasy jogap bermeli soragy hem: bu gatnaşyklar haýsy hukugyň kadalary bilen kadalaşdyrylýar we hukuk ulanyjy ýüze çykan dawany çözmekde haýsy ýurduň kanunçylygyna esaslanmaly?

Ýokarda görkezilen gatnaşyklaryň kadalaşdyrylmagynyň wajyplygy hukuk kadalarynyň aýratyn görnüşiniň – hukukda kollizion kadalaryň bolmagy bilen şertlenip, olar islendik döwletiň halkara hususy hukugynyň esasyny düzýändir. Bu gatnaşyklarda daşary ýurt elementiniň bolmagy bolsa, içerki hukuk doktrinasynda „kolliziýa“ diýlip atlandyrylýan hadysanyň döremegine getirýär.

*„Kolliziýa“* – sözi *„collizio”* latin sözinden gelip çykyp, „çaknyşyk“ diýmegi aňladýar. Kanunlaryň kolliziýasy diýmeklik, munuň özi aýry döwletleriň kanunlarynyň arasyndan bir hukugy saýlap almak zerurlygydyr. Hukugyň kolliziýasy iki sebäp bilen şertlendirilendir: hususy hukuk gatnaşyklarynda daşary ýurt

elementiniň bolmagy we bu gatnaşyklary kadalaşdyrýan hukugyň mazmunynyň her döwletde dürli-dürli bolmagy. Kolliziýa meselesi – ol ýa-da beýleki hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrmakda esasan kem halkara hususy hukuk gatnaşyklaryna mahsus dawalarda hukugy saýlamakda ýüze çykýan meseledir. Eger-de hukugyň beýleki pudaklarynda kolliziýa kanunlary bilen baglanşykly meseleler ikinji derejeli mana eýe bolýan bolsa, halkara hususy hukugynda kollizion mesele we ony aradan aýyrmak bu hukuk pudagynyň esasy mazmunyny düzip, köp ýurtlaryň kanunçylygynda muňa kollizion hukuk diýilýär. (mysal üçin, Angliýada, ABŞ-da, Ýaponiýada we ş.m). Islendik döwletiň kollizion kadalarynyň jemi, şol döwletiň „kollizion hukugyny“ emele getirýär.

**Kollizion kada** - bu halkara gatnaşyklary çygrynda ýüze çykýan gatnaşyklary kadalaşdyrmak üçin birnäçe döwletiň kanunçylygy dalaş edende, ýüze çykan kolliziýany çözmek üçin, haýsy hukugyň ulanylmalydygyny kesgitleýän we daşary ýurt elementli gatnaşygy kesgitli bir döwletiň hukugyna boýun edýän kadadyr. Kollizion kadalarynyň ady şundan gelip çykyp, köp sanly ýuridiki edebiýatlarda oňa dawaly ýa-da salgy beriji kadalar hökmünde hem kesgitlenýär.

Kollizion kadalar düzgüne görä hukuk ulanyjyny degişli material kadalarynyň ulgamyna iberip, özi özbaşdak gatnaşyklary kadalaşdyrmaýar. Şunuň bilen baglylykda, kollizion hukuk salgy beriji häsiýetli kada bolup, ony diňe salgylanan material hukugynyň kadalary bilen birlikde ulanmak bolar. Ýagny, diňe kanunçylygyň kadalary meseläni çözüp biler. Emma bu kadalaryň diňe haýsy

döwletiň hukugynyň ulanylmalydygy salgy berýändigine garamazdan, onuň ähmiýetine pes baha garap bolmaz. Çünki, onuň salgy berýän material – hukuk kadalary bilen birlikde, kollizion kadalary hem raýat dolanşygyna gatnaşyjylara özüňi alyp barmagyň kesgitli düzgünlerini görkezýär.

Ýuridiki edebiýatlarda kollizion kadalarynyň ähmiýetine ýeke täk bir düşünje berilmeýär. Köp sanly alymlaryň aýtmagyna görä, bu kadalar özbaşdak kadalaşdyryjy wezipä eýedir. Halkara hususy hukugy boýunça öz esasy işinde I.S.Pereterskiýiň we S.B.Krylowyň aýtmagyna görä „kollizion kada kesgitli soragyň çözgüdini kadalaşdyrýar, emma özbaşdak däl-de, öz salgylaýan hukuk çeşmesi bilen birlikde“ [1]. M.M. Boguslawskiniň kollizion kadalarynyň häzirki zaman halkara hususy hukugyndaky orny barada aýdanynda şeýle diýýär “bu hukuk kadasy hukuk ulanyja belli bir hukuk pudagyny diňe bir salgy bermän, eýsem ol seredilýän hukuk gatnaşyklaryny has ýerlikli kadalaşdyrmak üçin haýsy hukugyň ulanylmalydygyny saýlap berýär“[2]

Garşylykly garaýyşlar hem duş gelip, olarda „kollizion kadalar çylşyrymlaşdyrylan daşary ýurt elementli raýat-hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar diýip düşünmek ýalňyş bolar. Sebäbi olaryň wezipesi şol gatnaşyklary diňe kesgitli hukuk ulgamyna salgy bermekden ybaratdyr. Emma şeýle-de bolsa, bu hukuk gatnaşyklarynyň indiki reglamentirlenmegi bu ulgamyň

[1] Pereterskiý I.S., Krylow S.B. Halkara hususy hukuk: M., 1959., sah.11
[2] Boguslawskiý M.M. Halkara hususy hukugy: M., 2001, sah.87

material kadalarynyň düzgünleri bilen kadalaşdyrylýar“ diýilýär.

Kollizion kadalarynyň ulanylmagynyň aýratynlyklary hukugyň hiç bir beýleki pudagynda bolmadyk, hukuk kadalaşdyrmanyň kollizion usulynyň bolmagydyr. Kollizion hukuk usuly özünde milli we daşary ýurt raýat kanunçylygynyň ulanylmagyndaky kanuny çäklendirmeleriň serişdelerini we çemeleşmelerini özünde jemleýär. Görkezilen çäklendirme kanunçykaryjy edara tarapyndan kabul edilen aýratyn kollizion kadalaryň kabul edilmegi bilen amala aşyrylýar.

Kadalaşdyrmagyň kollizion usuly iki sany hukuk formada ýerine ýetirilýär: milli-hukuk formada, ýagny her bir döwletiň öz hukuk ulgamynda özbaşdak işläp düzülen milli kollizion kadalary kabul etmek arkaly we halkara – hukuk formada, döwletleriň bilelikde halkara şertnamalaryny baglaşmak arkaly ýagny, halkara hukugynda kollizion kadalaryň unifikasiýasy işläp düzmek arkaly.

Kollizion kadalaşdyrmalar halkara ylalaşyklarda diňe degişli gatnaşygyň gös-göni kadalaşdyrylmadyk we gyzyklanýan döwletleriň içerki kollizion kadalarynyň ep-esli çapraz gelen ýagdaýlarynda ulanylýar. Kollizion häsiýetli halkara şertnamany baglaşmagyň maksady kazyýetiň çözgüdiniň halkara derejesine laýyk gelmegini maksimum üpçün etmek, ýagny şeýle ýagdaý emele gelen halatynda haýsy döwletde kazyýet çözgüdiniň kabul edilendigine garamazdan, onuň birmeňzeş (birmeňzeş kollizion ýörelgelere esaslanan) bolmagyny gazanmakdan ybaratdyr.

Şeýle-de bolsa, tejribede haýsy hukugyň ulanylmalydygy barada mesele ýüze çykanda her tarap öz milli hukugynyň ulanylmagyny öňe sürüp, „nätanyş“ hukugy inkär edýär. Bu diýmek, taraplaryň daşary döwletiň hukugynyň mazmunyny inkär etmegi däl-de, psihologiki häsiýetdäki mesele bolup durýar: ýagny hukugyň nätanyşlygy we işiň daşary ýurt dilinde kadalaşdyrylmagy, ulanylmagy we ş.m.

Şeýle ýagdaýda taraplar şertnamada hukugyň ulanylmagyny düýbünden aýyrýarlar ýa-da üçünji bir „bitarap“ döwletiň hukugynyň ulanylmagyny göz öňünde tutýarlar. Mysal üçin, türkmen we iňlis şereketleriň arasyndaky eksport hakyndaky şertnamada taraplar jedel ýüze çykan halatynda italiýan ýa-da şwed material hukugynyň ulanylmagyny şertnamada berkidip bilýärler.

Eger-de taraplar haýsy hukugyň ulanylmalydygy baradaky meseläni düýbünden çözlüşmeseler, onda meselä garaýan kazyýet ýa-da arbitraž şol meselä laýyklykda kollizion kadany ulanar, we şol kada şertnamanyň taraplarynyň jedelini haýsy döwletiň hukugy kadalaşdyrýandygy hakyndaky meseläni çözer.

Russiýa Federasiýanyň „Halkara söwda araçylygy hakyndaky kanunynyň“ 15- nji maddasyna laýyklykda bitaraplar kazyýeti taraplaryň saýlap alan kadalaryna laýyklykda meselä seredýär.

Türkmenistanda söwda araçylygy ýokdur. Ýuridiki şahslaryň arasynda ýüze çykýan jedellere garaýan Türkmenistamyň araçylyk kazyýeti hereket edýär. Türkmenistanyň Araçylyk iş ýörediş jemkanunynyň 10- njy maddasynyň 2-nji bendine laýyklykda Türkmenistanyň

halkara şertnamalarynda, şeýle hem taraplaryň ylalaşygynda göz öňünde tutulan halatlarda, beýleki döwletleriň kanunlary ulanylýar. Daşary ýurt kanunlarynda jedelli gatnaşyklary düzgünleşdirýän kadalar bolmadyk halatynda Türkmenistanyň degişli hukuk kadalary ulanylýar.

Islenidik döwletiň hukugyna ýa-da hukuk ulgamyna edilen salgylanma,şol döwletiň kollizion hukugyna däl-de material hukugyna edilen salgylanma diýlip düşünilmelidir. Salgylanmanyň bolmadyk halatynda kazyýet kollizion kadalary tarapyndan kesgitlenen hukugy ulanýar. Ähli ýagdaýlarda hem ylalaşyklarda geçerli lsöwda adatyny göz öňünde tutup, şertnamananyň şertleri ulanylýar.

Bu soragy jemlemek bilen esasy bellemi zadymyz kolizion kadalaryň çeşmesi bolup, halkara şertnamalar çykyş edýär. Biziň ýurdumyzda, köp döwletde bolşy ýaly halkara şertnamalar Parlament tarapyndan ratifisirlenenden soň ýuridiki güýje eýe bolýar. Häzirki döwürde Türkmenistanyň kanunçylygynda daşary ýurt elementli raýat – hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan umumy kodifisirlenen hukuknama ýokdur. Kollizion kadalar dürli-dürli halkara şertnamalarda ýa-da käbir kanunlarda ýerleşdirilendir. Bu bolsa, degişli hukuk gatnaşyklarynda ulanylmaly hukugy saýlamakda hukuk ulanyjynyň işini agyrlaşdyrýar. Şeýle ýagdaýda Türkmenistanyň raýat kodeksine VI bölegiň, ýagny „Halkara hususy hukuk“ böleginiň kabul edilmegi halkara hususy hukugynyň kadalaryny unifisirlemek ugrunda ädilen iň bir möhüm we häzirki döwür Türkmenistanyň daşary ykdysady

gtnaşyklarynyň ösmeginde esasy orny eýeleýän faktor bolup biler.

## §2. Kollizion kadalaryň gurluşy

Kollizion kadalar halkara hususy hukugynda ulanylýan iň bir çylşyrymly kadalar bolup durýarlar. Olaryň aýratynlygynyň anygyna ýetmek üçin, kollizion kadalaryň birgiden özboluşly häsiýete eýe bolan gurulşyny öwrenmeli.

Her bir kollizion kada iki sany elementden ybarat dolup durýar: *göwrüm* we *baglama*. Kollizion kadalaryň göwrümi bu kadanyň ulanylan raýat-hukuk gatnaşyklarynyň häsiýetini görkezýär, baglama bolsa, şol görnüşdäki gatnaşyklary kadalaşdyrmak üçin ulanylmaly kanunyň (hukuk ulgamynyň) görkezilmegine aýdylýar. Şeýlelikde, kollizion kadalarda „miras gatnaşyklary miras galdyryjynyň hemişelik ýaşaýan ýerindäki döwletiň hukugyna laýyklykda kesgitlenýär“ (Minsk konwensiýa). Kadanyň göwrümi „mirasdarlyk gatnaşyklary“ diýen sözler bilen bellenilýär. Onuň baglamasy bolsa, miras berijiniň hemişelik ýaşaýan ýeriniň kanunçylygy bilen kesgitlenýär. Başga bir kollizion kadada – „ daşary ýurtly raýatyň kämillik ukybynyň, onuň raýaty bolup durýan döwletiniň hukugy bilen kesgitlenýär“ (Minsk Konwensiýa). – Göwrüm we baglama daşary ýurt raýatynyň kämillik ukybyna we onuň raýaty bolup durýan döwletine degişlilikde düzülýär. Kadanyň elementlerine has giňişleýin seredip geçeliň.

Kollizion kadanyň **göwrümi** raýatlaryň we ýuridiki şahslaryň halkara derejesinde ýüzbe-ýüz bolmak prosesinde

köpdürli jemgyýetçilik gatnaşyklaryny şöhlelendirýär. Şol sebäpli, bu gatnaşyklary çäklendirilen kollizion kadalar bilen düzgünleşdirmek mümkin däldir we olar kollizion kadanyň göwrüminiň kesgitleýän jähtinde diferrrensiasiýa mätäçdir. Ýeri gelende bellesek kollizion kadanyň göwrüminiň şeýle differernsiasiýasy häzirki döwürdäki ähli hukuk ulgamlaryna mahsus bolup, halkara hususy hukugynyň ösmegi bilen, ol has hem takyk böleklere bölünýär.

Adat bolşy ýaly, kollizion kadanyň göwrümi raýat institutlarynyň (fiziki şahslar, ýuridiki şahslar, eýeçilik we beýleki zat hukugy, şertnamalar we olaryň aýratyn görnüşi, şertnamanyň daşyndaky borçnamalar, miras we ş.m.) haýsy hem bolsa, biriniň saýlanmagy bilen kesgitlenýär. Kem-kemden bu ulgamda halkara dolanşygynyň ösmegi bilen şertlenen täze hukuk institutlary mysal üçin, intellektual eýeçilik, ýa-da aýratyn hukuk režimini döretmek zerurlygy mysal üçin, tükedijiler bilen şertnama ýaly institutlar emele gelip başlaýar.

Häzirki döwürde ady agzalan we ep-esli derejede iri hukuk institutlaryň çäginde, aýratyn hem, dürli-dürli subinstitutlary bolan kollizion kadalaryň göwrüminiň soňraky differensiasiýasy amala aşyrylýar. Bu bolsa, köpsanly subinstitutlary bolan intellektual eýeçilige ýeke täk kollizion baglamanyň girizilmejegi mese mälim görünýär. Gozgalýan we gozgalmaýan emlägi miras edinmek bolsa, hemişelik ýaşalýan ýeri nazara almak bilen birnäçe hukuk düzgünlerine bagly (garaşly) edilýär.

Emma kähalatlarda, dar institutlaryň çägindäki, esasan hem aýratyn şertnamalardaky kollizion kadalaryň

göwrüminiň differensiýasy hem özüni aklaýar. Daşaýyş şertnamasyny mysal getirenimizde, ol halkara aragatnaşygynda birnäçe döwletiň araçäginden geçmek arkaly amala aşyrylyp, iberme we ýerine gelip gowuşma prosedurasy üçin şertnamanyň özüniň başga bir döwletiň hukugyna boýun bolmagyna garamazdan, ol üstünden geçýän degişli döwletleriň ulag we aragatnaşyk hukuk kadalarynyň ulanylmagyny talap edýär.

Kollizion kadalaryň ikinji esasy elementi bolan **baglama** haýsy hem bolsa, bir hukuk gatnaşygyna ýa-da olaryň toplumyna seredilende haýsy ýurduň hukugyna degişlidigini görkezýär. Bu kollizion kadanyň iň wajyp elementidir. Çünki, ulanylýan hukuk, hukuk kadalaşdyrmanyň jemleýji netijelerini kadalaşdyrýar. Şol bir gatnaşyklaryň çözülşiniň her ýurtda başgaça bolmagy bolsa, işiň netijesine hukuk ulanyjy tarapyndan nähili hukuk bahalandyrmanyň beriljekdigine baglydyr. Mysal üçin, tejribede bir döwletiň çäginde hojalyk jemgyýetini döretmek hakynda şol we başga bir döwletiň raýaty şertnama baglaşýan ýagdaýlary köp gabat gelýär. Eger-de şu ýagdaýda başga bir döwletiň raýaty öz borçnamalaryny ýerine ýetirmese, öz territoriýasynda şertnama baglaşylan raýat kazyýete talap arza bilen ýüz tutýar. Netijede, şertnamalaýyn borçnamalaryny ýerine ýetirmedik jogapkäriň döwletiniň kanunçylygyna laýyklykda, ol şahs entek doly kämillik ukybyna eýe bolmandygy aýan edilýär. Şeýlelikde, şertnamanyň hakykylygy baradaky mesele dürli – dürli çözülip biliner.

Kollizion baglamanyň düzülişi iki formada amala aşyrylýar. Ulanylmaly hukuk hökmünde kesgitli bir

döwletiň hukugy görkezilip biliner. Mundan başgada ulanylyp bilinäýjek hukugyň umumy alamatlaryny hem görkezip bolar. Şeýle umumy alamatlar ***altynjy baglama formulalaryna*** (bu aňlatma kämahal ýuridiki edebiýatlarda ulanulýar) iberilip, ol gysga latyn belliklerden ybaratdyr: a) gatnaşyklara gatnaşyjylaryň şahsy kanuny (raýat kanuny, ýuridiki şahsyň milli kanuny, ýaşaýan we bolýan ýeriniň kanun) – *lex personalis;* b) emlägiň ýerleşýän ýeriniň kanun – *lex rei sitate; ç) namanyň baglaşylan ýeriniň kanun* (geleşikde - kanuny, deliktlerde - bikanun ) – *lex loci actus;* d) işiň amala aşyrylan ýeriniň kanun – *lex loci actinitis;* e) jedeli çözýän kazyýetiň (arbitražyň) kanuny, - *lex fori;* ä) berlen gatnaşyklar bilen has içgin bagly bolan kanun, - *lex çausae.* Mundan başgada birnäçe baglama formulalary duş gelýär. Mysal üçin, berginiň walýutanasynyň kanuny, baýdagyň kanuny, nika baglaşmagyň kanuny we ş.m. Emma şeýle ýörite baglamalar hem umumy görnüşi üýtgetmeýär.

Ýokarda agzalyp geçilen baglama formulalary her bir ýagdaýda hökmany suratda degişli gatnaşyklarda ulanyljak döwletiň hukugy bilen ýuridiki we faktlaýyn baglanyşygy nazara alýar.

Dogrusy, daşary ýurt elementli gatnaşyklaryň esassyz öz milli hukugyna boýun edilýän ýagdaýlar hem duş gelýär. Bu bolsa, öz hukugynyň ulanylyş çägini giňeltmek we öz ýuridiki we fiziki şahslarynyň işiniň we hukugynyň goraglylygyny üpjün etmäge bolan ymtylyş bilen düşündirilýär.

Kollizion kadalaryň baglamasy dellilsiz we esassyz bolup bilmez, ol aýgytlaýjy derejede göwrümiň

mazmunyna bagly bolup durýar. Bu elementleriň arasynda kesgitli bir baglylyk bolup, berilen gatnaşygyň has içgin bagly bolan döwletiniň hukugyna iberýän kollizion formulalara ýüzlenmegiň has köp ulanylmagynyň maksadalaýykdygy munuň aýdyň subutnamasy bolup durýar.

Käbir kollizion baglamalar gatnaşyklaryň diňe kesgitli topary üçin ulanylyp biliner. Mysal üçin, milli kanunçylyk diňe halkara hususy hukugyň subýektleriniň statusyny kesgitlemek üçin ulanylýan bolsa, zadyň ýerleşýän ýeriniň kanuny – emläge bolan zat hukugy üçin, namanyň baglaşylan ýeriniň kanuny – şeýle namanyň güýje girmegi bilen ýüze çykýan hukuk gatanaşyklary üçin ulanylýar.

Kollizion baglamalaryň sanawyna, gatnaşyklaryň gatnaşyjylary tarapyndan saýlanan hukuga boýun bolmaýan gatnaşyklary, ýagny ***awtonom erki*** hem goşýarlar. Muňa garamazdan biri-birine meňzeş hasaplanylan, emma şol bir wagtda aýry-aýry institutlaryň deň derejede görülmegi ýalňyşlykdyr. Erkiň awtonomiýasy kollizion baglamanyň görnüşine degişli bolman, ulanylyşynyň has giň we aýratyn alamatlary we şerti bolan, halkara hususy hukugynyň özbaşdak institutydyr. Erkiň awtonomiýasy has dogrusy kollizion baglamany we ony jemlemegiň usulyny kesgitleýän özboluşly hukuk salgylanmasy bolup durýar.

Köp ýyllaryň dowamynda ýuridiki edebiýatlarda kollizion kadalaryň gurluşy iki elemente bölünýärdi – göwrüme we baglama, emma söňky ýyllarda kollizion kadalaryň gurluşyny üçünji bir elemente **gipoteza**

bölýärler. Gipoteza diýlende berilen kollizion kadanyň ulanylyş şerti göz öňüne tutulýar.[3]

Gipoteza umuman her bir kollizion kada girizilendir. Çünki, ol islendik kadalaşdyryjy namany ulanmak üçin logiki zerurlyk bolup durýar. Emma, köp halatlarda şeýle gipoteza mese-mälim ýa-da kollizion kadanyň göwrüminiň bir bölegi bolup durýandygy sebäpli, onuň aýratynlykda öwrenilip, alamatlandyrylmagyna hiç hili zerurlyk ýokdur. Şeýle-de bolsa raýat – hukuk gatnaşyklarynyň kämilleşmegi we kollizion kadalaryň ösmegi bilen, takyk we hemmetaraplaýyn hukuk çözgüdini kabul etmek üçin, kollizion kadalarda onuň ulanylşyny görkezmek zerurlygy hakykatdan hem ýüze çykýar.

1955-nji ýylyň 15 –nji iýunyndaky Gaaga Konwensiýasynyň ýerine 1986-njy ýylyň 22 dekabrynda kabul edilen, harytlaryň halkara aluw-satuwynda ulanylýan şertnamalar hakyndaky Gaaga Konwensiýasynyň 8-nji maddasyny mysal getirmek bolar.[4]

Bu madda laýyklykda, aluw-satuw şertnamasynda taraplar hukugy saýlap almandyklary sebäpli, şertnama baglaşylan wagtynda satyjynyň hususy iş ýeri haýsy döwletde ýerleşen bolsa, şol döwletiň hukugy aşakdaky görkezilen şert bilen ulanylýar: a) gepleşikler geçirilip, şertnama şol döwletde taraplaryň gatnaşmagynda baglaşylan bolsa, ýa-da b) şertnamada satyjynyň öz borçlaryny dogry ýerine ýetirip we harydy şol döwlete

---

[3] Sadikow O.N. Halkara hususy hukuk: häzirki zaman meseleler: M., 1994. C. 154-156.

[4]Harytlaryň halkara aluw-satuwy şertnamasynda ulanylýan hukuk hakyndaky Konwensiýa, 15 iýun,1955 ý.

getirmegi göz öňüne tutulan bolsa, ýa-da, ç) şertnama esasan alyjynyň şertlerine laýyklykda baglaşylan we alyjynyň şertine jogap edip, üçünji şahslara bahany kesmeli bolsa ulanylýar.

**Şeýlelik-de görkezilen kollizion kadalarda aýratyn şertler we olaryň ulanylmagy mese-mälim bolup, olar gipotezanyň kadasyny emele getirýärler.**

Ýokarda berilen maglumatlara görä kollizion kada hukugyň *kadasynyň klassiki(logiki)* elementi bolan gipotezadan ybarat bolup, ol özbaşyna

a) kanunçykaryjy tarapyndan ýörite düzilen kollizion kadanyň şertini; b) kanunçykaryjy tarapyndan gatnaşyklaryň taraplaryna ulanyljak hukugy saýlamaga mümkinçilik bermek göz öňünde tutulyp, kollizion kadanyň şeýle ýagdaýlarda hereket etmegini çäklendirmegi (taraplaryň awtonom erki prinsipi); ç) kollizion kadanyň ulanylmagynyň uniwersal şerti – halkara hususy hukuk gatnaşyklarynda daşary ýurt elementiniň bolmagyny emele getirýär.

Kollizion kadada sanksiýanyň bolmagy hakyndaky mesele çözülmän galýar. Biziň milli kanunçylygymyzda bu mesele düýbünden düzgünleşdirilmedik diýsek ýaňyşmarys. Rus alymy O.N.Sadikowyň aýtmagyna görä sanksiýa bu raýat-hukuk kanunyna laýyklykda geleşigiň hakyky däldigini tassyklamak, taraplary başdaky ýagdaýa getirmek ýagny zyýanyň öwezini dolmak we ş.m [5]. Emma bu nazarýet hem belli bir derejede jedelli bolup durýar.

Aslyýetinde, maksady ulanylmaly hukuk ulgamyna salgylama bolup durýan kollizion kada, şol raýat-hukuk gatnaşyklarynyň taraplaryna gönükdirilen däl-de, hukuk ulanyja gönükdirilendir. Şonuň üçin hem, geleşigiň hakyky däldigini tassyklamak, zyýanyň öwezini dolmak we ş.m ýaly raýat-hukuk sanksiýalar kollizion kadany bozmagyň netijesi hökmünde getirilip bilinmeýär. Çünki, kada hukuk gatanaşyklarynyň taraplaryna gönükdirilmeýänligi sebäpli, taraplar kollizion kadany bozup bilmeýärler. Şol sebäpli, hukuk bozmanyň netijeleri olara degişli däldir. Bu manyda, berilen hukuk gatnaşyklarynda ulanylmaly hukuk ulgamyny saýlamak meselesinde, material hukugynyň kadalarynyň ulanylmanlydygy ýa-da ýalňyş ulanylandygy üçin kollizion kadany diňe kazyýet bozup bilýär. Şonuň üçin, biziň pikirimize görä, kollizion kadanyň saksiýasy hökmünde, kazyýetiň çözgüdiniň ýokarda görkezilen şertlerde ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda, ony ýatyrmak kanunalaýyk bolar.

Häzirki döwüriň hukuk doktrinasynda kollizion kadanyň gurluşynda hukuk kadanyň dispozisiýasy ýüze çykdy.

Kollizion kadanyň dispozisiýasy, hukuk ulanyjy edaralar üçin özüňi alyp barmagyň düzgüni hökmünde çykyş edip, ol kanun tarapyndan gös-göni düzgünleşdirilýär we hukuk ulgamynda takyk hususy hukuk gatnaşyklarynyň ulanylmagyna gönükdirilendir. Üstesine-de awtoryň pikirine görä özüňi alyp barmagyň düzgünleriniň iki sany biri-birine bagly böleklerden: göwrümden we baglamadan ybaratdyr.[6]

---

6 Silçenko N.W., Toloçko O.N. Halkara hususy hukugynyň nazary meselelerini öwrenmek // Döwlet we hukuk. -2000. -№1.- C.37.

Şeýlelikde, köp ýyllaryň dowamynda ýuridiki edebiýatlarda kollizion kadanyň, adat hukuk kadalarynyň gurluşy ýaly gurluşa eýe bolmadyk aýratyn alamatly hadysa hökmünde dowam eden garaýyşy üýtgetmek teklip edilýär.

Ýokarda beýan edilenlerden çen tutsak, häzirki zamanda halkara hususy hukugynyň kollizion kadalarynyň gurluşy köp sanly üýtgeşmeleri başdan geçirdi. Sowet hukuk doktrinasynda kollizion kadanyň gurluşy iki düzümden (göwrüm we baglama) ybarat diýlen bolsa, onda häzirki döwürde günbatar, amerikan we rus alymlarynyň köp bölegi berilen kollizion kadanyň ulanylmagynyň şertini göz öňünde tutýan aýratyn bir üçünji elementi – kollizion kadanyň gipotezasyny goşmak barada ylalaşýarlar.

GDA döwletleriniň arasynda baglaşylan halkara şertnamalarynda kesgitlenen kollizion kadalar aýratyn oruna eýedir. 1992-nji ýylda kabul edilen Kiýew ylalaşygyna mysal hökmünde alanymyzda, onuň 11-nji maddasyna laýyklykda GDA –nyň agzasy bolan bir döwletiň raýat kanunçylygy başga bir döwletiň territoriýasynda ulanylýar.

## §3. Kollizion kadalaryň görnüşi

Halkara hususy hukugyň kollizion kadalary köpsanly we dürli görnüşdedirler. Olary birnäçe ölçeglere görä görnüşlere bölmek mümkindir. Bu tapawut halkara aragatnaşyk prosesinde ýüze çykýan gatnaşyklaryň her toparynyň öz aýratynlygyny görkezip, kadalaryň tejribede ulanylmagynda wajyp orny eýeleýär.

Ilki bilen etmeli zatlaryň biride, ***milli kanunçylyk tarapyndan kesgitlenen kollizion kadalary bilen halkara şertnamalarynda*** göz öňüne tutulan ýagny, halkara-hukuk unifikasiýasyny gazanmaga gönükdirilen kollizion kadalary aýratapawutlandyrmaly. Olaryň arasyndaky tapawut hereket ediş çygrynda we ulanylyş düzgüninde has hem aýdyň görünýär. Halkara şertnamalary tarapyndan kesgitlenen kollizion kadalaryň hereket ediş çygry ep-esli giňdir, çünki olar şertnamanyň ähli gatnaşyjylary tarapyndan ulanylýandyr. Hukuk ulanyjy edaralaryň we hukuk ulanyjy tejribäniň aýratynlygy bolsa, bularyň arasyndaky tapawudy has hem güýçlendirýär. Muňa garamazdan içerki kanunçylykda we halkara – hukuk şertnamalarynda kadalaryň bar bolmagy, çeşmeleriň „gapma-garşylygyna“ getirmeýär. Şonuň üçin hem halkara hususy hukugyň kadalarynada gapma-garşy bolup bilmez. Çünki, bu içerki kanunçylygy halkara – hukuk kadalardan üstün tutulmagyna getirip biler. Halkara hususy hukugyň kadalarynyň ulgamy biziň pikirimize görä has dogry bolup, olar öz häsiýeti boýunça aýratyn millilige eýedir. Çünki halkara –hukuk kadalary diňe döwlet tarapyndan ratifikasiýa edilmek arkaly içerki kanunçylyk ulgamyna girizilenden soňra, onuň çäginde hereket edip başlaýar.

Has giň ýaýran klassifikasiýa - **kollizion baglama formasydyr**. Bu aýratynlyk arkaly *birtaraplaýyn* we *köptaraplaýyn* kollizion kadalary tapawutlandyrylýar. Birtaraplaýyn kada – bu ulanulmaga degişli bolan döwletiň hukugyny ( türkmen, rus, nemes) göni salgy berýän baglamadyr. Birtaraplaýyn baglama adatça, öz hukugynyň ulanylmalydygyny görkezýän kadadyr.

Mysal üçin, 1991-nji ýylyň SSSR-e girýän Respublikalaryň raýat kanunçulugunuň esaslarynyň 165-maddasynyň 1-nji bendine laýyklykda Russiýa Federasiýasynyň çäginde ýerleşýän gurluşyklar hakyndaky geleşikler ähli ýagdaýda rus kanunçylygy tarapyndan kesgitlenýär. Şeýle bolsada, has giň ýaýran kadalar ikitaraplaýyn kadalardyr. Ikitaraplaýyn kollizion kadanyň baglamasy takyk bir döwletiň hukugyny görkezmeýär. Ol diňe *umumy alamatlary* görkezip, olaryň kömegi bilen hukuk saýlanylýar. Bu ýagdaýa mysal hökmünde, Türkmenistanyň raýat kodeksiniň 1144-maddasyny getirmek bolar. Munda „Türkmenistanyň daşary ýurtda wagtlaýyn ýaşaýan we şol ýerde ölen Türkmenistanyň raýatynyň miraslygynyň ýüze çykan ýeri onuň daşary ýurda gitmezden öň ýaşaýan ýeri hasaplanýar, emma şol näbelli bolsa, miraslygyň ýa-da onuň esasy böleginiň ýerleşýän ýeri miraslygyň ýüze çykan ýeri bolup durýar.“ Bu kadanyň baglamasy umumy alamaty „daşary ýurda gitmezden öň ýaşaýan ýeri“ ýa-da „ol näbelli bolsa, miraslygyň ýa-da onuň esasy böleginiň ýerleşýän ýeri“. Hukugyň saýlanmagy bu halatda hakykat ýüzündäki ýagdaýlara bagly: eger daşary ýurtda wagtlaýyn ýaşaýan Türkmenistanyň raýaty daşary ýurda gitmezden öň Türkmenistanda ýaşan bolsa, miraslyk meselesini çözmekde Türkmenistanyň hukugy ulanylýar, emma ol Italiýada ýaşan bolsa italýan hukugy ulanylýar. Emma welin, onuň daşary ýurda gitmezden ozal ýaşan ýeri belli däl bolsa, we mirasyň esasy böleginiň ýerleşýän ýeri Amerikada ýa-da Fransiýada ýerleşýän bolsa, onda haýsy döwletde ýerleşendigine baglylykda amerikan ýa-da fransuz hukugy ulanylýar. Şeýlelikde, şol bir alamaty ulanmak arkaly, dürli netijelere gelip, öz içerki hukugyňy ýa-da daşary ýurduň hukugyny saýlamak bolar.

**Kadalaşdyrylyş usulyna** görä kollizion kadalar *imperatiw, dispozitiw* we *alternatiw* usullara bölünýär. Imperatiw kadalar – gutarnykly görkezme berip, raýat – hukuk gatnaşyklarynyň gatnaşyjylarynyň islegine görä üýtgedilmäge degişli bolmadyk kadalara aýdylýar. (miras hakynda soňky mysalymyz). Dispozitiw kadalar – hukugy saýlamakda umumy düzgünleri kesgitlemek bilen, taraplara ondan ýüz öwürmäge ýa-da başga düzgün bilen çalşyrmaga mümkinçilik berýär. Dispozitiw kadalar haçanda taraplar hiç hili başga bir düzgüni kadalaşdyrmadyk halatynda ulanylýar. Mysal üçin, Russiýa Federasiýasynyň raýat kodeksiniň (SSSR-e girýän Respublikalaryň raýat kanunçulugunuň esaslary 1991ý esasynda) 166-maddanyň 2-nji bendinde, abatlaýyş, gurluşyk, montaž we beýleki işlerini geçirmek barada, eger şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, şol işleriň geçirilýän ýeriniň hukugy ulanylýar. Alternatiw kadalar – bu haçanda, hususy hukuk – gatnaşyklaryny kadalaşdyryjy kadanyň göwrüminde, hukugy saýlamak üçin birnäçe düzgün göz öňünde tutulan kadalardyr. Hukuk ulanyjy edaralar şeýle hem taraplar olaryň islendigini ulanmak hukugyndan peýdalanýarlar. (käwagt kadada bu düzgünleri ulanmak üçin kesgitli yzygiderlilik hem bardyr). Şeýle-de bolsa, hususy hukuk gatnaşyklarynyň kesgitlenen düzgünleriniň haýsy hem bolsa, birine görä dogry bolmagy ýeterlikdir.

**Kollizion kadalaryň manysyndan çen tutanymyzda,** olaryň iki görnüşini tapawutlandyrmak bolar: *esasy* (baş) we *subsidiar* (goşmaça) kadalar. Esasy kada – bu hukuk saýlawynda esasy düzgüni özünde jemläp, köplenç halatlarda ulanylmaga gönükdirilendir. Subsidiar kada – bu esasy ýa-da baş kada bilen berk baglanşykda bolan ýene bir ýa-da birnäçe hukuk saýlama düzgünlerini

emele getirýär. Ol haçanda esasy hukuk haýsydyr bir sebäplere görä ulanylmadyk ýa-da degişli düzgüni kesgitläp başarmadyk halatynda ulanylýar.

Baglamalaryň sanyna görä kollizion kadalar *manydaş* we *komulýatiw* kadalara bölünýärler. Manydaş kadalara bir baglamadan ybarat bolan we berilen hukuk gatnaşyklarynda kadalaryň haýsy ýurduň hukugyna görä çözülmelidigini görkezýär. Emma käte, kollizion kadalar iki ýa-da üç baglamany özünde jemläp biler. Bu ýagdaýa komulýatiw baglama diýilýär. Komulýatiw baglamalar bähbidi goralýan taraplary has giň hukuk goraglylygy bilen üpjün edýär, şonuň üçin hem olardan hukuk ulanyjylyk tejribesinde has köp peýdalanylmagy kanunalaýykdyr.

Şeýle hem kollizion kadalaryň özleriniň **giňişlikde hereket edişine baglylykda** (halkara, sebitara) bölünýärler. Olar haçanda bir döwletiň çäginde öz-özüni dolandyrýan çäkler bolan halatynda ýa-da öz kanunçylygy bolan düzüm bölekler bolan halatynda ulanylýarlar. **Milli hukuk-ulgamynyň aýratynlygyna** görä: *interpersonal* ýagny, bu kada ösüp barýan, bir hukuk ulgamy bolmadyk döwletlerde territorial aýratynlyklara baglylykda däl-de şahsy aýratylyklara ýagny, dini we milli aýratynlyklara we ş.m bagylylykda ulanylýar. *Intertemporal* kollizion kadalar, şol bir mesele bilen baglylykda degişli döwletde dürli wagtlarda kabul edilip, şol bir hususy hukuk gatnaşyklary kadalaşdyrýar. Emma işiň göwrüminiň çäklidigi we halkara hususy hukuk ulgamynda uly bir ähmiýete eýe bolmandygy sebäpli biziň ony giňişleýin öwrenmegimiziň geregi ýokdur.

# VI bölüm. KOLLIZION KADALAŞDYRMANYŇ MEHANIZMI

1. Iki taraplylyk ýa-da özara ylalaşyk  we retorsiýa.
2. Ýuridiki düşünjeleriň kwalifikasiýasy.
3. Yzyna salgylanma ýa-da üçünji bir döwletiň kanunyna salgylanma.

## §1. Iki taraplylyk ýa-da özara ylalaşyk  we retorsiýa

Özara düşünişmek meselesi häzirki döwürde döwletleriň biri-birine garaşlylygy bilen gös-göni baglanşyklydyr. Biziň döwletimiz Galkynyşlar we özgertmeler zamanasynda hem dünýä döwletleri bilen ykdysady, ylmy-tehniki, medeni-gumanitar gatnaşyklary has hem giňeltmekde Mähriban prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhammedowyň saýasynda uly işler bitirilýär. Dünýä döwletleriniň arasyndaky şeýle gatnaşyklarda iki tarapy hem ösüşi, ikitaraplaýyn bähbitli hyzmatdaşlygy, deňlik hukugyna ýagny paritete esaslanýar. Deňligiň esasy sütünleriniň biri hem hyzmatdaşlyk edýän döwletiniň hukugyny iki tarapyň hem ykrar etmegidir. Bu hereket bolmazdan iki taraplaýyn hyzmatdaşlyk mümkin däldir.

Özara ylalaşyk ýörelgesi halkara hususy hukugynda giň we dar manylarda düşünilýär. Mysal üçin, Türkmenistanyň raýaty öz maşgalasy bilen Gazagystan döwletine Türkmenistanda satyn alan öz şahsy awtoulagynda dynç alyşa gidýär. Eýeçilik hukugy Türkmenistanda ýüze çykdy, emma ol dolylygyna (awtoulag ogurlanan bolmadyk halatynda we bikanun

ýollar bilen döwletden çykarylan bolmadyk halatynda) beýleki döwletlerde hem ykrar edilýär.

Gazagystanyň raýaty Türkmenistana syýahata öz awtoulagynda geldi. Iki ýagdaýynda hem bir döwletde beýleki döwletiň hukuk ulgamy we beýleki bir döwletiň kanunçylygynyň ulanylandygy sebäpli subýektiw hukuklar hem özara ylalaşyk esasynda ykrar edilýär. Şular ýaly ýagdaýlaryň ählisinde özara ylalaşyga giň manyda düşünmek bolar. Giň manyda özara ylalaşyga döwletleriň kanunçylygynyň we daşary ýurt döwletiň kanuny esasynda ýüze çykýan şol hukuklarynyň ikitaraplaýyn ykrar edilmegidir. Dar manyda bolsa özara ylalaşyk düşünjesi kesgitli režimiň (milli ýa-da iň amatly režim) berilmegi diýlip düşünilýär.

Iki taraplylyk ýa-da özara ylalaşyk düşünjesiniň düýp manysy haýsy-da bolsa, bir daşary ýurt döwletiniň fiziki we ýuridiki şahslaryna kesgitli hukuklaryň bir şert bilen, ýagny şol hukuklary beren döwlet öz fiziki we ýuridiki şahslarynyň hem şol döwletde edil şonuň ýaly hukuklardan peýdalanmagy şerti bilen berilmegine aýdylýar. Halkara şertnamalara özara ylalaşyk baradaky belligi girizmek arkaly döwlet öz guramalarynyň we raýatlarynyň daşary ýurtda kesgitli hukuklardan peýdalanmagyny üpjün edýär. Döwletleriň kanunçylygynda ep-esli aýratapawutlar bolandygy sebäpli, özara ylalaşyk meselesinde belli bir derejede kynçylyklar ýüze çykýar.

Adatça iki taraplylyk ýa-da özara ylalaşyk düşünjesine döwletler tarapyndan aýratyn hukuklaryň we ygtyýarlyklaryň, milli we iň amatly režimleriň iki taraplaýyn üpjün edilmegine düşünilýär.

Köp döwletlerde iki taraplylyk ýa-da özara ylalaşyk ýörelgesi daşary söwda işlerinde ulanylýar.

Halkara hususy hukugynda iki taraplylygyň ýa-da özara ylalaşygyň iki görnüşi bar: material we formal. Bu adalgalar köplenç şertli bolup olar şu aşakdaky manyny berýärler. Material iki taraplylyk bolanda, daşary ýurt fiziki we ýuridiki şahslara şol döwletiň raýatlarynyň we ýuridiki şahslarynyňky ýaly hukuklaryň berilmegine düşünilýär. Halkara awtorlyk hukugynyň goraglylygy çygryndan bir mysala ýüzleneliň.

1886 –njy ýyldaky Bern Konwensiýasynda awtorlyk hukugynyň goraglylyk möhleti kesgitlenen. Şeýle hem şeýle bir şert göz öňüne tutulan, eger-de bir döwletde awtorlyk hukugynyň goraglylyk möhleti awtoryň aradan çykanyndan soň 50 ýyldan hem artyk bolsa, onda bu döwletde kesgitlenen kada ulanylýar. Emma ol möhlet eseriň çap edilen ýurdynda hereket edýän awtorlyk hukugynyň goraglylyk möhletinden uzak bolup bilmez. Şeýlelikde, bu ýagdaýda şol bir möhlet dowamlylygynyň iki taraplaýyn berilmegi ulanylar. Türkmenistanyň hem awtorlyk hukugy raýat kodeksiň 1094-maddasyna laýyklyda awtor aradan çykandan soň 50 ýylyň dowamynda hereket edýär.

Material baglylyk başga wagtlarda hem ulanylyp bilner (salgyt salmada, daşary ýurt maýadarlary üçin ýeňilllikleriň döredilmeginde).

Formal iki taraplylyk ýa-da özara ylalaşmakda daşary ýurt ýuridiki we fiziki şahslara öz ýurdunyň fiziki we ýuridiki şahslarynyň peýdalanýan hukuklary ýaly hukuklar berilýär. Bir tarapdan formal ikitaraplylyk ýörelgesiniň

esasynda daşary ýurt raýatlaryna, öz döwletleriniň raýatlarynyň peýdalanýan hukuklaryny bermek bilen, daşary ýurt raýatynyň öz döwletinde peýdalanmaýan hukuklary hem berlip biliner. Beýleki bir tarapdan, eger-de daşary ýurt döwletiniň kanunçylygynda görkezilmedik bolsa, şol daşary ýurt döwletiniň raýaty öz döwletinde peýdalanýan hukuklaryny gaýry döwletlerde talap edip bilmez. Mysal üçin, eger-de bir döwletiň tutuş çäginde daşary ýurtlylara oba-hojalyk maksatlary üçin ýere eýeçilik hukugy berilmeýän bolsa, onda şol döwletiň raýaty beýleki bir döwletiň kanunynda şeýle çäklendirmeler kesgitlenilmedik bolsa, bu hukukdan peýdalanmazmy näme?!

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda daşary ýurt raýatlaryna milli režimiň berilmegi iki taraplylyk şerti bilen şertlendirilmedikdir. Hut şonuň üçin hem, kanunda we halkara şertnamalarynda gös-göni görkezilen ýagdaýlardan başga ýagdaýlarda kazyýet ýa-da döwletiň başga bir edarasy türkmen raýatlary üçin iki taraplylyk ýörelgesini talap edip bilmezler.

Başga bir mysaly hem getirmek mümkin, Russiýa Federasiýasynyň 2002- nji ýyldaky Awto ulag serişdeleriniň eýeleriniň raýat jogapkärçiliginiň hökmany ätiýaçlandyrmasy hakyndaky Kanuna laýyklykda Russiýa Federasiýasynyň territoriýasynda daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk şahslaryň kompensasiýa tölegini almaga doly haky bardyr. Emma RF-niň çäginde wagtlaýyn bolýan daşary ýurt raýaty şeýle hukukdan diňe onuň döwletiniň kanunçylygynda meňzeş hukuk RF-nyň raýatlaryna berilýän halatynda peýdalanyp biler.

Iki taraplylyk ýörelgesi Türkmenistanyň we beýleki döwletleriň dürli ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn halkara ylalaşyklarynda ulanylyp biliner.

GDA-nyň aýry-aýry döwletlerinde (Belorusiýada we Gruziýada) iki taraplylyk ýa-da özara ylalaşyk ýörelgesi daşary ýurt kazyýetleriniň çözgütlerini ýerine ýetirmek üçin kabul etmekde ulanylýar.GDA ýurtlarynyň daşary ýurt arbitraž kazyýetleriniň çözgütlerini ýerine ýetirmegi kabul etmek hakynda 1958-nji ýyldaky Nýu-Ýork konwensiýasyna gatnaşmagy bilen iki taraplylyk ýörelgesi Konwensiýa goşulmaýan döwletleriň hem arbitraž kazyýetleriniň çözgütlerini kabul etmäge borçlanýar. Haçanda SSSR bu Konwensiýa goşulanda şeýle diýipdi: „SSSR Konwensiýa goşulmadyk döwletleriň arbitraž kazyýetleriniň çözgüdini diňe iki taraplylyk ýagny, özara ylalaşyk ýörelgesiniň şerti bilen kabul eder“ diýipdi.

2.Daşary döwletleriň hukugyndan peýdalanmak üçin iki taraplylyk ýörelgesi hökmany däldir. Russiýa Federasiýasynyň RK-niň 1189-maddasyna laýyklykda:

„1. Daşary ýurt döwletiniň hukugy RF-da şol döwletde degişli gatnaşyklar üçin RF-nyň hukugynyň ulanylmaýandygyna garamazdan ulanylmaga degişlidir. Kanunda göz öňünde tutulan iki taraplylyk ýa-da özara ylalaşylan düzgünler muňa degişli däldir.

2. Daşary ýurt döwletiniň hukugynyň ulanylmagy iki taraplylyk ýörelgesine bagly bolsa, onuň bar bolmagy çaklanylýar“.

Ýokardaky madda laýyklykda daşary ýurt döwletiniň hukugyny ulanmak üçin ikitaraplylyk ýörelgesiniň bolmagy

şert bolup bilmez. Daşary ýurt hukugynyň ulanylmagy adaty bolşy ýaly şertsiz ulanylýar. Bu kada kazyýet ýa-da beýleki edaralar üçin (mysal üçin prokuratura, notariat) tejribeleýin mana eýe bolup, olar daşary ýurt hukugyny ulanmaga borçly bolup durýarlar. Bu kada jedeliň taraplary üçin hem uly mana eýedir. Çünki, bir tarapyň kazyýetiniň haýsydyr bir sebäplere görä ýagny, iki taraplylyk ýörelgesiniň ýoklugyna salgylanyp, daşary döwletiň hukugyny ulanmazlygynyň öňüni alyp biler.

Bu maddanyň ikinji bendine laýyklykda bolsa, kazyýetiň ýa-da beýleki edaralaryň kanunda iki taraplylyk ýörelgesini ulanmazlygy umumy düzgünden çykma hökmünde bolan halatynda nähili hereket etmelidigi aýdyň görkezilýär. Bu ýagdaýda iki taraplylyk ýörelgesiniň bolup bolmandygyny subut etmeli däl. Şeýlelikde, RF-nyň iki taraplylyk ýa-da özara ylalaşyk prezumptiýasy kesgitlenilýär. Ýokarda getirilen 1189-maddadan şeýle netije çykarmak mümkin, jedele seredilende degişli daşary ýurt döwletiň hukugynyň ulanylyp bilinmeýändigini subut etmek isleýän tarap, iki taraplylyk ýörelgesiniň ýokdygy hakyndaky subutnamany hökmany suratda bildirmeli we bu subutnama kazyýet tarapyndan kabul edilmelidir.

3. Hökmany ýagdaýda iki taraplylyk ýörelgesine jogap edýän retorsiýa diýlip atlandyrylýan çäklendiriji çäreler ulanylýar. Halkara hususy hukugynda retorsiýa diýmek, bir döwlet tarapyndan haýsydyr bir ikinji döwletiň fiziki we ýuridiki şahslaryny diskriminasion şertlerde goýmagy we bu duşmançylykly hereketlere jogap edip ikinji döwletiň kanunynyň mejbur ediji heeketlerine aýdylýar.

Retorsiýa ulanmagyň maksady degişli döwlet üçin iki taraplylyk ýörelgesini dikeltmek bolup durýar. Şonuň üçin, retorsiýa häsiýetli ulanylýan çäreler olary döreden herekete proporsional bolmaly we ozalky ýagdaý dikeldilenden soňra retosiýa hem bes edilmelidir. Halkara hukuk kadalaryna laýyklykda kesgitli daşary ýurt döwletine ulanylan retorsiýa diskriminasiýa etmezlik ýörelgesiniň bozulmagy diýlip,seredilip bilinmez.

RF-nyň RK-niň üçünji bolümi retorsiýa meselelerine degişli umumy düzgünleri özünde jemleýär. Bu düzgünlere laýyklykda RF-nyň hökümeti tarapyndan raýatyň we ýuridiki şahlaryň emläkleýin we şahsy emläkleýin däl hukuklaryna degişli jogaply çäklendiriji çäreler (retorsiýalar) kesgitlenip biliner. (1194-madda.)

Retorsiýany ulanmak mümkinçiligi ençeme kanunçykaryjy namalarda ulanylýar. Şeýlelikde, RF-nyň RPK-ne laýyklykda rus raýatlarynyň we guramalarynyň kazyýetdäki prosesual hukuklary haýsy döwletlerde çäklendirilse onda, RF-nyň hökümeti tarapyndan şol döwletleriň hem fiziki hem ýuridiki şahslaryna garşy şeýle çäklendiriş hereketleri ulanylyp biliner. (398-madda)

Russiýa Federasiýasynyň Latwiýa, Litwa we Estoniýa ikitaraplaýyn bähbitli gatnaşyklarynyň esasy sütüni bolup,“bu döwletleriň ikitaraplaýyn sylanyşygy ýagny, rus dillinde gepleýän halkyň hukuklaryny goramak„ daşary syýasatyny amala aşyrmakda wajyp şert bolup durýar.

Daşary söwda işleriniň çygrynda jogaply çäklendiriji çärelerini ulanmak RF-nyň 2003-nji ýyldaky „Döwletiň daşary söwdasynyň kadalaşdyrylyşy hakyndaky kanuny“ bilen kadalaşdyrylýar.

Jogap hökmünde çäklendiriş çärelerini ulanmagy köp döwletlerde hökümet çözýär. Emma bu çärelerini ulanmazdan öň, ol degişli döwlet bilen gepleşikler geçirilip biliner.

## §2. Ýuridiki düşünjeleriň kwalifikasiýasy

Kollizion kadalaryň ulanylyş prosesinde haýsy hukugyň ulanylmalydygyny we haýsy gatnaşyklaryň kadalaşdyrylmalydygyny dogry çözmek örän wajypdyr. Hususy hukuk gatnaşyklarynyň taraplarynyň subýektiw hukuklarynyň goraglylygy kollizion kadanyň nähili dogry we takyk ulanylandygyna bagly bolup durýar.

Bu kadanyň mazmunyna seredenimizde onuň ähli elementlerine esasan hem onuň esasy gurluşyny düzýän ýuridiki düşünjelere: göwrüme we baglama ýagny, **kollizion kadalary kwalifisirlemek düşünjesine** üns bermek zerurdyr.

Köp döwletlerde bu düşünjeler („geleşigiň görnüşi“, „gozgalýan we gozgalmaýan emläk“, „domisiliý“ we ş.m.) öz mazmuny boýunça biri-birine gabat gelmeýärler. Mysal üçin, Fransiýada talap arzanyň möhleti raýat hukugynyň düşünjesi hökmünde seredilýär. Beýik Britaniýada, ABŞ-da, Finlandiýada bolsa, prosesual hukugynyň düşünjesi hökmünde seredilýär. Eger fransuz kazyýeti möhleti öz milli hukugy boýunça kesgitlese, iňlis hukugynda bolsa, (geleşik iňlis hukugyny ulanylmaga degişli bolsa,) onda, ol möhletiň müddeti barasynda iňlis düzgünlerini ulanyp bilmez, çünki kazyýet hiç bir halatda daşary ýurt prosesula kanunlaryny ulanmaýar.

Günbatar döwletleriniň hukuk doktrinasynyň esasy mazmuny ýuridiki düşünjeleriň kesgitlenmesi kazyýetiň kanunyna görä, haýsy döwletiň kanuny saýlanmaly diýen meseläniň çözülmeginden öň, ýagny kollizion kadanyň ulanylmagyndan öň çözülmelidir. Emma, kollizion kadanyň esasynda daşary ýurt kanuny ulanylmaly bolsa, onda yzyndan dowam etjek kesgitlemeler diňe şol salgylanan hukuk ulgamynyň esasynda çözüler. [7] Ýene-de bir bellemeli zatlaryň biri, daşary döwletleriň kollizion hukugy biziň milli kanunlarymyza, kazyýetimize ýa-da beýleki edaralarymyzyň hukuknamalaryna salgylanan halatynda, onda bu ýagdaýda Türkmenistanyň kanunlary ulanylýar.

Kollizion kadanyň takyk bolmadyk daşary ýurt hukuk ulgamlarynyň we olaryň netijesinde ýüze çykýan subýektiň hukuklarynyň güýjüniň ykrar edilmegine gönükdirilendir. Şonuň üçin hem, olar diňe öz mazmuny boýunça umumy bolan, degişli hukuk ulgamynyň terminleriniň we düşünjeleriniň kömegi bilen aňladylyp biliner.Käbir ýagdaýlarda, kollizion kadalaryň adalgalary içerki hukugyň atdaş düşünjeleri bilen gabat gelmän hem biler.

Bu bolsa, kollzion kadanyň hereket ediş çygry (onuň göwrümi) „umumylaşdyrylan“– dürli hukuk ulgamy üçin umumy bolan ýuridiki düşünjeler bilen kesgitlenmelidir. Kollizion kadalaryň baglamalarynda bolsa, ýagdaý başgaçarak: hukugyň ulanylmagy hakyndaky görkezmeleriň takyklygy, diňe kazyýetiň kanunlaryna bolan baglamalaryň kesgitlenmegi arkaly, ýagny şol

[7] Issad M. Halkara hususy hukuk.: M.,1989. C.77

döwletiň içerki raýat hukugynyň degişli hukuk institutlarynda jemlenen şol bir düşünjeler ulanylýar.

Halkara söwdanyň tejribesinde, ýaşaýan ýerine, geleşigiň baglaşylan ýerine we ş.m. salgylanýan kollizion kadalaryň baglamalaryny emele getirýän düşünjelere düşündirme bermekde kynçylyklar ýüze çykýar. Düşündiriş berilmegine baglylykda, aňsatlyk bilen düşünilýän baglamalar, gapma-garşylykly çözgütleriň kabul edilmegine eltip biler. Şeýlelikde, geleşigiň baglaşylan ýeri Ýewropanyň köp döwletlerinde oferentiň aksepti kabul eden ýeri hasaplanýar. Iňlis hukugynda „poçta gutusy“ doktrinasy ulanylýar. Bu doktrina laýyklykda akseptiň ugradylan ýeri geleşigiň baglaşylan ýeri hasaplanýar. Şeýlelikde, şol bir kollizion hukuga salgylanylanda şertnamanyň baglaşylan ýeri düşünjesiniň ýuridiki kesgitlemesi şertnamanyň baglaşylan ýerine görä onuň taraplarynyň hukuklarynyň we borçlarynyň ýüze çykmagynda dürli netijelere getirip biler.

Käbir ýagdaýlarda, kollizion kada düşünjesiniň kesgitlenmegine bolan talaplar kanunyň özünde kesgitlenendir. Russiýa Federasiýasynyň RK-niň 444-maddasyna laýyklykda şertnamanyň baglaşylan ýeriniň kesgitlenmegi: eger şertnamada onuň baglaşylan ýeri görkezilmedik bolsa, onda şertnamanyň baglaşylan ýeri, ofertany ugradan raýatyň ýaşaýan ýeri ýa-da ýuridiki şahsyň ýerleşýän ýeri hasaplanýar.

Russiýa Federasiýasynyň Söwda-senagaty palatasynyň ýanynda ýerleşýän Halkara söwda arbitraž kazyýetiniň (HSAK) ýuridiki kesgitlemesi hem örän gyzyklydyr. Ol ýuridiki kesgitlemesinde eger kanunda we halkara

şertnamalarynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, Russiýanyň kanunçylygyna esaslanýar. Tejribedäki mysallara ýüzleneliň.

1995-nji ýylyň № 347 (15.04.96ý. çözgüdi) taraplaryň işi ýerine ýetirmek hakynda zakazçynyň materiallarynyň şertnamasy potratçynyň şertnamasy hökmünde kwalifisirlendi. RF-nyň kanunyna görä bu görnüşdäki şertnamalara degişli görkezmeleriň bolmandygy sebäpli, HSAK 1991ýyldaky SSSR-e girýän Respublikalaryň raýat kanunçulugunuň esaslarynyň 166-maddasynyň 5-nji bendini ulandy. Şoňa laýyklykda, şertnamalaryň taraplarynyň bu maddada görkezilmedik hukuklary we borçlary üçin, şertnamanyň mazmunyny we esasy bölegini ýerine ýetirýän tarapyň bellige alynan ýeriniň, ýaşaýan ýeriniň ýa-da esasy işleri geçirýän ýeriniň hukugy ulanylýar. Bu kada laýyklykda Slowakiýanyň hukugy ulanylýar. Sebäbi şertnamda görkezilen işleri ýerine ýetirmäge borçly tarap, zakazçy tarapyndan getirilen materiallary gaýtadan işläp, olardan alynan harytlary başga bir döwlete ibermeli tarap Slowakiýada ýerleşýär.

Başga bir meselede, rus guramasynyň we nemes şereketiniň arasyndaky jedelde, (№360\1994, çözgüt 06.02.96) HSAK şeýle netijä geldi. Ýagny, talapkäriň tassyklamagyna görä, 1992-nji ýylyň iýulynda tarplaryň arasynda komissiýa barada däl-de, aluw-satuw şertnamasy baglaşyldy. Şertnamanyň şertleriniň analizine esaslanylyp, oňa laýyklykda jogapçy öz üstüne harydyň Germaniýanyň teritoriýasyna gelip gowşan gününden soňra, onuň tölegini kesgitli möhletiň dowamynda tölejekdigi hakynda şertsiz ylalaşýarlar. Şeýle borjuň şertnamada gös-göni

görkezilendigi sebäpli, beýleki şertleriň nähili häsiýetde bolandygyna garamazdan jogapçy tölemäge borçlydyr.

Iki syýahatçylyk şereketleriniň arasyndaky (№ 407\1994, çözgüt 21.01.96) syýahatçylyk hyzmaty baradaky şertnama laýyklykda, HSAK 1991ýyldaky SSSR-e girýän Respublikalaryň raýat kanunçulugunuň esaslarynyň 166-maddasynyň esasynda bellige alynan ýerine we şertnama görä tarapyň esasy işi alyp barýan ýerine laýyklykda ulanylmaly hukugy kesgitledi. Ol ýer syýahatçylary kabul edýän syýahatçylyk şereketiniň ýerleşýän ýeri diýlip tassyklanyldy.

Haçanda kollizion kada çözülip, ulanylmaly hukuk kesgitlenen halatynda, kollizion kadalar düşünjesiniň ondan soňky kesgitlemesi („ikinji derejeli kesgitleme“) diňe kollizion kadanyň salgy beren hukuk ulgamy esasynda kesgitlenilýär.

## §3. Yzyna salgylanma ýa-da üçünji bir döwletiň kanunyna salgylanma

Kollizion kadalaryň ulanylyşynyň netijeleri, kollizion kadanyň salgy berýän ýa-da başgaça aýdanymyzda iberýän hukugyna bagly bolup durýar. Bu daşary ýurt hukugy ulanylmaly hukugy özüniňki däl-de başga bir döwletiň hukugyna ýa-da üçünji bir döwletiň hukugyna hem iberip biler. Birinji ýagdaý halkara hususy hukugynda yzyna salgylanma, ikinji ýagdaý bolsa, üçünji bir döwletiň hukugyna salgylanma diýlip atlandyrylýar. Şeýle salgylanmalar bolan hukukda çylşyrymly soraglaryň ýüze çykmagy kanuna laýykdyr.

Yzyna salgylanma bilen ýüze çykýan meseleler biziň döwletimiziň hukuk ulgamynda düýbünden kadalaşdyrylmaýar. Emma köp döwletlerde bu mesele çözülmesi kyn bolup durýan meseleleriň biri bolup durýar. B.M. Koreskiniň „anglo-amerikan doktrinasynyň beýany“ eserinde bu meselä has giňişleýin seredilip, onuň üçünji baby yzyna salgylanma bagyşlanandyr.[8] Şeýle hem bu mesele beýleki alymlaryň ylmy edebiýatlarynda hem, esasanda soňky döwürde giňişleýin beýan edilýär.

Yzyna salgylanma institutyna düşünmek üçin, Koreskiniň getiren mysaly bu meseläni has giňişleýin açyp, doly düşündirýär.

Soňky ýyllaryny Belgiýada ýaşan Britan tabyny bolan Ruananyň (1829 ý.) ölüminden soňra, Belgiýanyň hukugynyň talaplaryny kanagatlandyrmaýan emma, iňlis hukugyna görä bolsa güýji bolan, wesýetnamalary galýar. Iňlis kazyýetiniň 1841-nji ýylda sereden işinde, wesýetnamanyň hakykylygy barada mesele döredi. Şol döwüre çenli ýüze çykan iňlis jedellerinde mirasyň ykbaly öleniň ölüm wagtynda domisirlenen ýurdynyň kanunlaryna görä, ýagny Belgiýanyň kanunlaryna görä çözülmelidi. Belgiýanyň kanunlaryna görä bolsa, wesýetnama hakyky däl. Emma Belgiýanyň hukugynyň öz jedelli kadalary bolup, olara laýyklykda wesýetnama öleniň milli hukugyna, ýagny iňlis hukuga görä seredilmelidi. „Yzyna salgylanma“ („renvoi“) adalgasy entäk belli däldi. Iňlis

---

[8] Koreskiý W. M.: Избранные труды. 1 Kitap, Kiýew., 1989. С. 285-291.

kazyýeti iňlis hukugyny ulandy we wesýetnama hakykylyk güýjine eýe boldy.[9]

L.A.Lunsyň entek 1970-ýyldaky „halkara hususy hukuk“ kitabynda getiren başga mysaly hem örän gyzyklydyr.[10] 1878-nji ýylda miraslyk işi seredilýär. Bawariýanyň tabynlygynda nikasyz doglan çaga - Forgo, bütin ömrüni Fransiýada ýaşaýar. Onuň ähli pullary Fransiýanyň banklarynda galyp, wesýetnama düzülmändir. Onuň yzynda galdyran emlägini Bawariýadaky gany bir garyndaşlary talap edip başlaýarlar. Fransiýanyň kanunlaryna laýyklykda gozgalýan emläge bolan miraslyk milli kanunlara, ýagny bawar hukugyna görä kesgitlenýär. Bawar hukugy eýýäm şol döwürlerde nikasyz doglan çaganyň ölüminden soňra galan mirasyň garyndaşlara geçmegi ykrar edilýärdi. Şonuň üçin bawar garyndaşlaryň talap arzasy kanagatlandyrylýar. Emma işe prokuror goşulýar we nikasyz doglan çagalardan söňky galan mirasy almaga garyndaşlaryň hiç hili hukugynyň ýokdygyny ykrar edýän fransuz hukugynyň ulanylmagyny we emlägiň döwlet eýeçiligine geçmegini talap edip başlaýar. Fransiýanyň kassasion kazyýeti jedeli çözende şulara ünsi çekdi. Fransiýanyň kollizion kadasy Bawariýanyň hukugyny saýlaýar emma bawar hukugynyň hem öz kollizion kadasy bolup, onda gozgalýan emläge bolan miraslyk hakykat (fakt) ýüzündäki domisiliýanyň, ýagny fransuz hukugynyň ulanylmagy bilen çözülmeli diýlip aýdylandyr. Eger, fransuz kollizion kadasynyň salgylanmasyny umuman bawar hukugyna edilen

[9] Koreskiý W.M. C. 285-287

[10] Luns L.A. halkara hususy hukuk., M., 1970. C. 310-311

salgylanma hökmünde kabul etsek, onda bawar kollizion hukugy hem ulanylmaga degişli bolup, bu ýagdaýda ol „yzyna salgylanýar“ we fransuz hukugynyň ulanylmagyny üpjün edýär. Fransuz kazyýeti hem yzyna salgylanmany ulanyp, aradan çykan Forgonyň ölen garyndaşlarynyň mirasdarlyk hukugyny kabul etmeýär

Bu iki iş häzirki zaman hukuk doktrinasynda yzyna salgylanma hukuk institutynyň döremegine esasy başlangyç bolup hyzmat edýär. Seredilen işlerden yzyna salgylanma hukugynyň döremegi kollizion hukugynyň milli tebigatynyň netijesi bolup: kollizion kadalaryň dürli mazmunlary milli kollizion kada görä saýlanan daşary ýurt hukugynyň yzyna ýa-da üçünji bir döwlete salgylanmasyndan ybaratdyr. *Yzyna salgylanma institutyna şeýle umumy manyda kesgitleme bermek mümkin.*

Yzyna salgylanma meselesi – bu daşary ýurt hukugyny ulanmagyň esasy meselesi bolup durýar. Çünki ol kollizion kadanyň hereket ediş güýji bilen ulanylýar. Kollizion kadalar daşary ýurdyň hukugyna salgylanan halatynda Russiýa Federasiýasynyň mysalynda, daşary ýurt hukugy RF-da ähli ýagdaýlarda ulanylýar. Eger rus kanunlary daşary kanunlara salgylansa, daşary kanunlar bolsa, öz gezeginde şol gatnaşyklary çözmekden ýüz dönderen ýagdaýynda, rus kanunlaryny ulanmazlyga hiç hili esas bolmaýar. Egerde, söňky birnäçe ýylyny mysal üçin, Germaniýada ýaşan rus raýatynyň ölüminden söňra, jedelli miras gatnaşyklary ýüze çykyp, olar rus kazyýetinde seredilmäge degişli bolýarlar. RF-nyň RK-nyň 169 maddasynyň 1 bendine laýyklykda („miraslyk boýunça gatnaşyklary miras galdyryjynyň soňky ýaşaýan ýeriniň

hukugy boýunça kesgitlenýär“) nemes hukugy saýlanyp alynyp, ol ähli jedelleri çözmelidir. Emma Germaniýanyň kollizion kadalaryna laýyklykda miraslyk gatnaşyklary miras galdyryjynyň ölen wagtynda haýsy döwletiň raýaty bolup durýan bolsa, şol döwletiň kanunlaryna görä çözülmelidigi aýdylýar. Öleniň Russiýa Federasiýasynyň raýaty bolandygy sebäpli, jedeli çözmek üçin rus kanunlary ulanylýar.

*Russiýanyň kollizion kadalary nemes hukugyna iberdi, kazyýet hem ony ulandy, nemes kazysy bolsa, german kollizion kadalardan ugur alyp, rus hukugyny ulandy. Şeýlelikde, yzyna salgylanma ýüze çykdy.*

Şunuň bilen, yzyna salgylanma – bu çaknyşygyň ýagny, aýry-aýry döwletleriň kollizion kadalarynyň kolliziýasynyň netijesidir.

Kollizion kadalaryň kolliziýasy iki görnüşde bolýar: položitel we otrisatel.

Položitel diýmek, iki ýa-da ondan-da köp döwletler kadalaşdyrýan predmeti hususy hukuga degişli, daşary ýurt elementli takyk hukuk gatnaşyklaryna seredýärler. Meselem: Türkmenistanda bellige alynan bir şereket, hojalyk işini Alžirde alyp barýan bolsun. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, ol Türkmenistanyň ýuridiki şahsy bolup durýar (bellige alynan ýerine görä), Alžir hukugyna laýyklykda bolsa (Alžiriň RK-niň 50-mad.), bu şereket (alyp barýan esasy işiniň ýerine görä) onuň ýuridiki şahsy hasaplanýar.[11] Iki döwletiň kanuny hem ulanylmaga talap bildirýärler.

---

[11] Issad M.. Указ. соч. С.361

Otrisatel kollizion kadalar bolsa, hukuk gatnaşyklar bilen bagly hiç bir döwlet, ony öz hukugy bilen kadalaşdyrylmagyna ýol bermeýär. Ýokarda seredilen meselede, Germaniýada ýaşan rus raýatynyň ölüminden söňky miraslygynda, işe rus kazyýetinde seredilende, öleniň hemişelik ýaşan ýeri bolan Germaniýanyň hukugynyň ulanylmalydygy görkezilendir. Tersine, eger işe (jedelli emlägiň ýerleşen ýerine görä) nemes kazyýetinde garalan bolsa, onda ol öleniň Russiýa Federasiýasynyň raýaty bolany sebäpli rus hukugyny saýlardy. Iki döwletiň hukugy hem özlerini ýeterlisiz ygtyýarly hasaplap, işe seretmekden ýüz dönderýärler. Otrisatel kolliziýalaryň esasynda „yzyna salgylama“ instituty peýda boldy.

Üçünji döwletiň hukugyna salgylanma mehanizmi hem yzyna salgylanma mehanizmi bilen bir meňzeşdir. Meselem, adamsy nemes, aýaly rus raýaty bolan är-aýal Moskwada ýaşaýarlar. Olaryň çagasy doglup, ene-atanyň razylygy bilen oňa nemes raýatlygy berilýär. Birnäçe wagtdan soňra, nika bozulyp, ene-atanyň dilden ylalaşygy esasynda çaga kakasy bilen galýar. Alžirde işe çagyrylmagy netijesinde, kakasy çagasy bilen hemişelik ýaşamaga Alžire göçüp gidýär. Ejesi bolsa, çagasy bilen aragatnaşygy ýitirendigi we kakasy bilen ylalaşyp bilmänligi sebäpli, RF-nyň kazyýetine çagasyny gaýtaryp almak we ejesi bilen hemişelik ýaşamagyny ykrar etmek talaby bilen ýüzlenýär. Kazyýet bolsa, ejesiniň we çaganyň umumy ýaşaýan ýeriniň bolmanlygy sebäpli, RF-nyň Maşgala Kodeksiniň 163-maddasyna laýyklykda – „ene-atanyň we çaganyň umumy ýaşaýan ýeriniň bolmadyk halatynda, ene-atanyň we çaganyň hukuklary we borçlary,

çaganyň haýsy ýurduň raýaty bolup durýan bolsa, şol ýurduň hukugyna görä kesgitlenmeli“, jedeli çözüp biläýjek nemes hukugyny saýlanýar.[12] Emma, Germaniýanyň RK-niň Giriş kanunynyň 19 maddasyna laýyklykda, eger nika bes edilen bolsa, ene-atanyň we çaganyň arasyndaky hukuk gatnaşyklary ýüze çykanda, çaganyň hemişelik ýaşaýan ýeriniň döwletiniň hukugy ulanylýar. Çaganyň kakasy bilen Alžirde ýaşaýandygy sebäpli, jedeli çözmekde Alžir hukugy ulanylmalydyr.

Russiýanyň kollizion kadasy nemes hukugyna iberdi.(ikinji bir döwletiň hukugyna iberme), rus kazyýeti nemes kazysynyň ulanyşy ýaly, nemes hukugyny ulandy, nemes kazysy bolsa, nemes kollizion kadasyndan ugur alyp, alžir hukugyny ulanardy. Şeýlelikde, üçünji döwletiň hukugyna salgylanma döredi.

Daşary döwletleriň kanunçykaryjylyk tejribesini we doktrinasyny analiz etmek bilen biz yzyna salgylanma ýa-da üçünji döwletiň hukugyna salgylanma meselesinde bir jogap ýok diýen netijä gelýäris. Polşanyň Halkara hususy hukugy hakyndaky Kanuny bu salgylanmalaryň ikisini hem kabul edýär. Wengriýanyň Halkara hususy hukugy hakyndaky Kanuny diňe öz kanunyna bolan salgylanmany kabul edýär. Germaniýanyň RK-ne Giriş kanuny german şertnamalaýyn hukugynyň çygrynda salgylanmany kabul etmeýär, emma başga ýagdaýlarda kabul edýär. Awstriýanyň we Şwesariýanyň Halkara hususy hukuk kanunyna görä salgylanma kabul edilýär. Braziliýa,

[12] Russiýa Federasiýasynyň Maşgala kodeksi: ФЗ от 29.12.1995 г. // СЗ РФ. - 1996.- №1.- Ст.16.

Müsür, Gresiýa ýaly döwletler bolsa, bu meseläni düýbünden ret edýärler. Bu ýagdaýda ýa-ha saýlanan döwletiň material hukugy ulanylýandygy görkezilýär, ýa-da halkara hususy hukugynyň kadalarynyň ýagny, saýlanan hukugyň kollizion kadalarynyň ulanylmagyna ýol berilmeýär. Köp döwletleriň hukugy bu meseläni düýbünden düzgünleşdirmeýärler. (Argentina, Bolgariýa, Hytaý). Emma kanunyň dymmagy meseläniň otrisatel çözülmegi diýmek däldir.

Umuman aýdanymyzda diňe käbir ýurtlar yzyna salgylanma meselesini açyk ýagdaýda inkär edýärler. Köp döwletler öz kanunlarynda ýa-da kazyýetiň çözgüdinde yzyna salgylanmany ulanýarlar. Emma diňe käbirleri iki ýagdaýy hem ýagny, öz hukugyna yzyna salgylanmany we üçünji bir döwletiň hukugyna salgylanmany şertsiz kabul edýärler. Bu institutlaryň ikisini hem ulanýan döwletler başga käbir çäklendirmeleri girizip biler.

Köp halatlarda döwletler yzyna salgylanmany kabul edip, üçünji döwletiň hukugyna salgylanmadan ýüz dönderýärler. Hukuk ulanyjy üçin, iň amatlysy, eger milli kollizion kada daşary ýurt hukugyna salgylansa, kazyýet daşary ýurt hukugynyň ulanylmagy bilen baglanşykly meselelerden dynýar. Yzyna salgylanma – bu daşary ýurt döwletiniň hukugyny ulanmakdan ýüz döndermegiň ýuridiko-tehniki usuly. Üçünji döwletiň hukugyna salgylanma şeýle netijäni bermeýär, tersine ol ygtyýarly hukuk düzgünini saýlap almak prosesini örän kynlaşdyrýar. Şonuň üçin oňa salgylanmazlyk has gowydyr. Yzyna salgylanma kadalaryny özünde jemlenýän birnäçe halkara şertnamalary bardyr. Olardan terjime edilen we sada

wekselleriň (töleg hatlarynyň) kanunlarynyň kolliziýasyny çözmek hakynda 1930-njy ýyldaky Ženewa konwensiýasydyr. Oňa laýyklykda şahsyýetiň weksel (töleg haty) boýunça borçlanma ukybyny kesgitlemek şahsyň milli kanunçylygy esasynda kesgitlenilýär. Eger milli kanun başga bir döwletiň kanunyna salgylansa,onda soňky kanun ulanylýar (Konwensiýanyň 2-mad.).[13]

Häzirki wagtda bolsa, RF-nyň 1993-njiýylyň Halkara söwda arbitražy hakyndaky kanunynyň 28-maddasyna laýyklykda halkara söwda jedelleri seredilende yzyna salgylanma ulanylmaýar we taraplaryň hukugy saýlan halatynda diňe material hukuga salgylanma diýlip düşünilýär.

Yzyna salgylanma meselesiniň netijesinde, köp döwletleriň hukuk tejribesinde ulanýan yzyna salgylanma instituty bir umumy kadadan çykma eýerýärler: yzyna salgylanma daşary ykdysady geleşiklerde ýüze çykan borçnamalaryň çäginde ulanylmaýar. Bu bolsa, daşary ykdysady çygryndaky gatnaşyklaryň „erk awtonomiýasy“ ýörelgesine eýerýändigi bilen düşündirilýär we haçanda taraplar degişli döwletiň material hukuk kadalaryny saýlap alanynda, yzyna salgylanma başga bir döwletiň hukugynyň saýlanmagyna eltip, erkiň üýtgemegine getirip biler.

---

[13] Geçirilýän we sada wekselleriň çözmegi maksat edinýän käbir kolliziom kanunlar hakyndaky Konwensiýa 1930г.
// Вестник ВАС РФ. –1995.-№1.-С.125.

# VII bölüm. DAŞARY ÝURT HUKUGNYYŇ MAZMUNYNYŇ KESGITLENMEGI

1. Daşary ýurt hukugynyň mazmunynyň kesgitleniş mehanizmi.
2. Jemagat düzgüni hakynda kadadan çykma.

## §1. Daşary ýurt hukugynyň mazmunynyň kesgitleniş mehanizmi

Mundan öňki bapda biz kollizion kadalaşdyrmanyň tapgyrlaryna ýagny, hukuk ulanyjy kollizion kadanyň ulanylyp ulanylmaýandygy, haýsysy ulanylyp, onuň haýsy döwletiň hukugyna iberýändigini; şol kollizion kadalaryň we aýratynlyklaryna we ulanylyş şertine seredip geçdik. Eger-de ulanylmaly material hukuk milli hukuk bolsa, onda ähli zat aýdyňdyr. Emma, eger ulanmaga daşary ýurt hukugy degişli bolsa, ulanyjyda şol daşary ýurt hukugynyň mazmunyny nähili kesgitlemeli we bu kukugyň mazmuny kesgitlenmese nähili ýuridiki netijelere eltip biler? diýen soraglar ýüze çykyp biler. Bu bapyň mazmunynda şu soraga jogap bermäge çalyşaryň.

Milli hukuk doktrinasynda kazyýet we beýleki hukuk ulanyjy edaralar öz hukuklaryny bilýärler we ony ulanýarlar diýilýär. Kazyýet başdan milli kollizion kadanyň salgylanjak daşary ýurt hukugynyň mazmunyny bilmäge borçly däldir. Emma, haçanda kollizion mesele çözülip, daşary ýurt hukugy ulanylmaly bolanda, onda kazyýet şol hukugyň mazmunyny kesgitlemeli. Çünki, daşary ýurt hukugynyň mazmunyny kesgitlemek hukuk ulanyjynyň borjydyr.

Daşary ýurt hukugynyň mazmunyny kesgitlemegiň maksady, halkara şertnamalaryň we milli kanunçylygyň talabyna laýyklykda kabul edilýän çözgüdiň normatiw – hukuk esaslaryny kesgitlemekdir. Daşary ýurt hukugynyň kadalarynyň mazmunyny kesgitlemek umumy ýurisdiksiýadaky kazyýetler, arbitraž kazyýetleri, bitaraplar kazyýeti we daşary ýurt hukugyny ulanmaga ygtyýarly edilen beýleki edaralar tarapyndan kesgitlenýär.

Hususy hukuk gatnaşyklaryna seredilende hukuk ulanyja edilýän esasy talaplaryň biri daşary ýurt hukugy ulanylanda, ony kollizion kadanyň salgylanýan hukugynyň şol döwletiň öz kazyýetlerinde seredilýän ýaly edip seretmekdir.

RF-nyň 1991-nji ýylyň SSSR-e girýän Respublikalaryň raýat kanunçulugunuň esaslarynyň 157-maddasynda kadanyň mazmunyny kesgitlemegiň usullary görkezilip, oňa resmi düşündirişiň hasaba alynyşy, ulanylyş tejribesi we degişli daşary ýurt döwletiň doktrinasy degişlidir. Daşary ýurt hukugy hakynda gerekli maglumatlary almak üçin hukuk ulanyjy edaralar görkezilen usullardan peýdalanyp bilerler: degişli döwletiň ygtyýarly edaralaryna düşündiriş we ýardam maksady bilen ýüzlenip bilerler ýa-da ekspertleri hem işe çekip bilerler. Jedele gatnaşýan taraplaryň daşary ýurt hukugynyň degişli kadalaryny tassyklaýan resminamalary görkezmäge bolan hukuklary kesgitlenendir. Eger-de şol kadalar esasynda jedeli çözmäge edilen tagallalara garamazdan, daşary ýurt hukugynyň kadalary kesgitlenmedik bolsa, onda jedeli çözmekde rus hukugy ulanylýär. Bu çemeleşme kontinental hukuk ulgamy bolan döwletleriň häsiýetli alamatydyr.

Anglo-amerikan hukugy daşary ýurt hukugyna düýbünden başgaça çemeleşýär we kimiň onuň mazmunyny kesgitlemelidigi baradaky meseläni başgaça çözýär. Anglo-amerikan doktrinasyna we tejribesine laýyklykda kazyýet diňe öz döwletiniň hukugyny ulanýar, emma ol daşary ýurt hukugynyň täsirinde dörän subýektiň hukuklaryny hem ykrar edip biler. Bu ýagdaýda, daşary ýurt hukugy iş boýunça subutnama bolup durýan beýleki hakykat ýüzünde ýüze çykan ýagdaý bilen deň derejede seredilýär. Taraplar kazyýete subutnamalary, şeýle hem daşary ýurt hukugynyň kadalarynyň mazmunyna degişli beýleki resminamalary bermäge borçlydyr. Kazyýet diňe taraplaryň görkezen subutnamalaryna we delillerine, şol sanda hem daşary ýurt hukugynyň degişli düzgüniniň mazmunyna we şol düzgüne laýyklykda talabyň esaslaryna baha berýär. Şeýlelikde, kazyýet daşary ýurt hukugyny ýuridiki mejbury kada hökmünde ulanman ondan işiň fakty hökmünde peýdalanýar.

Iňlis ýuristleri D.Çeşir we P.Nort daşary ýurt hukugynyň ulanylmagy hakyndaky pikirlerinde şeýle netijä gelýärler. Ýagny, kazyýetiň ulanýan ýeke täk kanuny işiň seredilýän ýeriniň (ýurdynyň) kanunydyr. Emma, işde daşary ýurt elementiniň bolmadyk halatynda, daşary ýurt kanunynyň hem bolmazlygy ikiuçsyz bolup, çözgüt kabul edilende hökmany suratda hasaba alynmalydyr. Eger-de gyzyklanýan tarapyň daşary ýurt hukugyny ulanmak baraky meseläni galdyrmadyk halatynda kazyýet jedeli iňlis hukugy esasynda çözýär.[14]

---

[14] Çeşir D. Nort P.. Halkara hususy hukuk.: M., 1982. C.181

RF-nyň hukugyna görä, hukuk ulanyjy jedeli taraplaryň saýlap alan material hukugy boýunça çözýär. Şeýle ylalaşygyň bolmadyk halatynda kollizion kadalar esasynda ýagny (RF-nyň „Halkara söwda arbitražy“ hakyndaky kanunyň 28-mad.) esasynda çözülýär.

Köp halatda, daşary ýurt hukugyna salgylanýan tarapyň özi şol hukugyň mazmuny hakyndaky gerekli malgumatlary özbaşdak berip, onuň resmi düşündirilişini, tejribede ulanylyşyny degişli ýollamalaryň üsti bilen berýär

Mysal üçin № 76/1997 (26.01.98 çözgütde) talapkär HSAK–ne Alžir kazyýetiniň ANDR-niň RK-niň düzgünleriniň ulanyşynyň tejribesi hakyndaky maglumaty berdi.

(iş № 229/1996, 05.06.97 çözgüt) Iş seredilende bolgar hukugynyň ulanylmaga degişlidigi hakynda çözgüt kabul edildi, HSAK şeýle kesgitleme berdi: talapkär tarapyndan Bolgariýanyň hukugy hakyndaky berlen maglumatlar soňky ýyllarda onuň köp gezek täzeden seredilendigini tassyklaýar, emma ol taraplaryň ylalaşygynyň şowsuzlygynyň mümkindigini aradan aýyrmaýar. Şeýle ýagdaýda, we UNIDRUA-nyň „Halkara söwda şertnamalarynyň ýörelgeleri“ resminamadaky halkara-hukuk tejribesini hasaba alyp, HSAK şowsuzlygyň möçberini düşürmek ýuridiki tarapdan mümkin we adalatly diýen netijä geldi.

Daşary ýurt hukugynyň mazmunyny kesgitlemek hukuk ulanyjynyň borçlaryna girýändigine garamazdan, kazyýet daşary ýurt hukugynyň mazmunyny subut etmek ýükini taraplara berip bilýär.

Daşary ýurt hukugynyň mazmunyny kesgitlemek prosesi örän çylşyrymly bolandygy sebäpli, hukuk ulanyjy

ýardam almak üçin RF-da RF-nyň Ýustisiýa Ministrligine, onuň wekilhanalaryna we beýleki ygtyýarly edaralara ýüzlenip biler. Mundan başgada, kazyýet ekspertleri işe çekip biler, şeýle-de ylmy-agtaryş edaralaryndan ýardam alyp biler we daşary ýurtlardaky diplomatik we konsullyk wekilhanalaryna kesgitlenen düzgünler arkaly ýüz tutup biler.

Bu meseläni çözmekde esasy orny hukuk kömegini bermek hakyndaky şertnamalar tutup, onuň mazmuny adatça hereket edýän hukuk hakynda maglumaty bermekden ybaratdyr. Hukuk kömegi raýat, maşgala we jenaýat işleri boýunça hukuk gatnaşyklaryny alyp barmak hakynda GDA döwletleri tarapyndan 1993-nji ýylda gol çekilen Konwensiýany muňa mysal getirmek bolar. [15] Bu konwensiýa laýyklykda Ylalaşýan Taraplaryň degişli merkezi ýustisiýa edaralarynyň haýyşy esasynda olaryň territoriýasynda hereket edýän ýa-da eden kanunlar we degişli ýustisiýa edaralary tarpyndan olaryň tejribede ulanylyşy barada biri-birine gerekli maglumatlary bermekden ybaratdyr.

Egerde daşary ýurt hukugynyň mazmuny obýekitw sebäplere görä (mes: hukugyň başga bir döwletiň hukugyna salgylanýandygy üçin kazyýet şol geleşik baglaşylan wagtda döwletde hereket edýän hukugy kesgitläp bilmedik bolsa,) kesgitlenip bilinmedik bolsa, käbir döwletleriň kanunlarynda hukuk ulanyjynyň näme etmelidigi hakynda ýörite düzgünler bar. Emma, şeýle ýagdaýada köp döwlet öz hukugyny ulanýandyr.

---

[15] Dmitriýewa G. K., Filimonowa M. W. Halkara hususy hukuk. (hereket edýän hukuk namalary) M., 1999. C.572.

Bu soragy jemlänimizde, daşary ýurt hukugynyň mazmunyny kesgitlemek prosesinde hukuk ulanyjy işe seredeninde maksimal obýektiw we ýuridiki sowatly bolmak üçin elinden gelenini etsede, daşary ýurt hukugynyň ulanylmagy edil milli hukuguň ulanylyşy bilen deň güýçli bolup bilmez.

Mundan başgada, daşary ýurt kanun çykaryjylaryň çykaran ol ýa-da beýleki kadalaşdyryjy namasynyň haýsy hem bolsa bir döwletiň ene diline geçirilende, onuň manysy üýtgäp ýa-da düýbünden ýitirilip biliner. Şonuň üçin hem bu işiň awtorynyň pikiri boýunça, her döwletiň içerki hukugynda halkara hususy hukugynyň kollizion kadalarynyň ýeke-täk unifikasiýasyny döretmek häzirki döwürde tejribede has köp ýüze çykýan kollizion meseleleriň çözülmegine we halkara hususy hukugyň kämileşmegi ugrunda ädilen ýene-bir wajyp ädimleriň biri bolar.

## §2. Jemagat düzgüni hakynda kadadan çykma

Biz öz işimizde daşary ýurt hukugynyň ulanylmagy hukuk ulanyjy üçin hökmanydygy baradaky meselä garadyk. Emma käbir çäklendirmeler hakynda durup geçsek ýerlikli bolar. Esasy şertleriň biri bolup, daşary ýurt hukugynyň ulanylýan kadalary içerki kanunçylygyň esasy ýörelgelerine garşy gelmeli däldir. Milli hukuk daşary ýurt hukugyň ulanylmagyny, onuň düzgünini kesgitlemek bilen bir hatarda, onuň döwletiniň territoriýasynda ulanylmaga degişli bolmadyk halatlaryny hem kesgitleýär. Bu maksat üçin halkara hususy hukugyň ýörite instituty bolan **jemagat**

**düzgüni hakynda kadadan çykma (**ordre public ýa-da public polici**)** bar.

Köp döwletde hereket edýän düzgünlere görä, kollizion kadanyň salgylanýan daşary ýurt kanuny, eger-de ol ýerdäki kadalar döwletiň içerki düzgünine garşy gelse ulanylman biler.

Jemagat düzgünine düşünje köp döwletleriň kazyýýet tejribesinde we doktrinasynda kesgitsizligi bilen tapawutlanýar. Kazyýýetler kadadan çykmany daşary ýurt hukugyny doly red etmek maksady bilen ulanýarlar. Adatça bu ýagdaý başga sosial-syýasy ulgamy bolan döwletleriň hukugy ulanylmaly bolanda duş gelýär.

Mysal üçin, köp ýewropa döwletleriniň kanunyna görä aýal nika bozulandan soň ýa-da adamsynyň ölüminden soň kesgitli möhletiň dowamynda (10 aý ýa-da 300 gün) täzeden nika baglaşmaga hukugy ýokdur. Russiýa Federasiýasynda nika baglaşmak isleýän daşary ýurt raýatlarynyň rus nikany bellige alyş (ZAGS) edarasy bu ýüz tutmany resmi ýuridiki tarapdan kanagatlandyrmaly däldir. Sebäbi, RF-nyň territoriýasynda daşary ýurtly raýatlaryň nika baglaşmagy şol raýatlaryň öz döwletiniň kanunlaryna laýyklykda nika baglaşylýar. Emma bu kada aslyýýetinde raýatlaryň konstitusion hukugyny kemsidip, jynsy diskriminasiýa diýlip hem kesgitlenip biliner.

RF-nyň köp sanly kadalaşdyryjy namalarynda daşary ýurt kanunynyň ulanylmagynyň çäklendirmeleri bellenilendir. Musal üçin: 1991ý. SSSR-e girýän Respublikalaryň raýat kanunçulugunuň esaslarynyň 158-maddasyna laýyklykda, haçanda daşary ýurt hukugy döwlet gurluşynyň esaslaryna ters gelse ulanylmaýar. Maşgala

kodeksiniň 167-maddasyna laýyklykda „Eger-de daşary ýurt hukugynyň kadalary RF-nyň esasy düzgünlerine (jemagat düzgünlerine) garşy gelse ulanylmaýar. Şol ýagdaýda RF-nyň kanunçylygy ulanylýar.“ Şu ýerde „jemagat düzgünininiň“ nämedigini giňişleýin açmak zerurdyr. Birinjiden, bu her bir döwletiň milli hukugyndaky esasy ýörelgeleri, ikinjiden, bu ahlagyň we adalatlylygyň kadalary, üçünjiden, - döwletiň esasy gyzyklanmalary, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalary we ýörelgeleridir.

Jemagat düzgünininiň ahlak we adalat kadalarynyň bozulmagy bilen kadadan çykmany ulanmak hakynda iňlis ýuristy D.Çeşir we P.Nort şeýle diýýärler, „iňlis düşünjesinde haçanda adalatyň fundamental konsepsiýasyna äsgermezlik edilen halatynda “ diýip belleýärler. [16]

Halkara tejribede kadadan çykmanyň iki görnüşi bar: *pozitiw* we *negatiw*. Pozitiw (gelip çykyşy boýunça „franko-italýan“ diýlip atlandyrylýan) içerki hukugyň kadalarynyň jemi bolup, döwletiň we jemgyýetiň ahlak gymmatlyklaryny goramak üçin, milli kollizion kadalar başga döwletiň hukugyna salgylanýandygyna garamazdan elmydama ulanylmalydyr. „Pozitiw“ adalagasy hem hut şundan gelip çykýar. Negatiw kadadan çykma bolsa, (german hukugyndan gelip çykyp) daşary ýurduň hukugyny özünde jemleýär: haçanda milli kollizion kadalarda görkezilende, onda şol daşary döwletiň hukugyny ulanmaly. Şeýle ýagdaýda milli hukuk

[16] Çeşir D. Nort P.. Указ. соч. С.181

ulanylmaga degişli däldir. Çünki onuň käbir kadalary hukugy ulanmaga degişli döwletiň kadalary bilen gabat gelmän biler. Halkara hususy hukugynda bu kadadan çykma has hem giňden ulanylýar.

Jemagat düzgüninde kadadan çykma has giňden daşary ýurt döwletlerinde esasan Ýewropada we ABŞ-da ýaýrandygy sebäpli olaryň hukugynda bu meseläniň çözlüşine garamak gyzykly bolar.

Professor S.K. Maý „Buržuaz borçnamalaýyn hukugyň umumy bölümi eserinde“ bu meseläniň iň bir wajyp ýagdaýlaryna seretmek bilen şeýle ýazýar: diňe bir hakykat ýüzünde mümkin bolmadyk şertnamalara hakyky däl şertnama diýilmän, eýsem dürli buržuaz hukuk ulgamlaryndaky şertnamanyň predmeti „ahlak talaplaryna“, „gowy gylyk häsiýete“, „jemagat düzgünine“ ters gelen halatynda hakyky däl hasaplanýar. Ölçegler görä: „ahlak talaplara“, „gowy gylyk-häsiýete“ ýa-da „jemagat düzgünine“ belli bir kesgitlilik ýok. Olar kazyýet tarapyndan islendik mazmun berilip bilinýän „kauçuk kadalarynyň“ aýdyň mysalydyr.

Iňlis hukugyna görä umumy hukuk kadalarynyň esasynda şertnamanyň bikanun diýlip ykrar edilmegi, şertnamanyň predmetiniň umumy hukuk tarapyndan jemagat hukugyna garşy gelýäni üçin red edilen halatynda mümkindir. Muny tassyklaýan işleriň biri hem iňlis ýuristi E.Jenksyň 1938-nji ýylda ýazan „Iňlis raýat-hukuklarynyň jemi“ eseridir.[17]

[17] Jenks E. Iňlis raýat hukugynyň jemi. / Iňlis dilinden terjimesi. M., 1941. C.59.

Awtor kitabynyň 105 we 106 njy paragraflarynda “jemagat düzgüni” diýen adalgany geleşigiň predmetiniň bikanun we ahlaksyz bolan halatynda esasan hem: „geleşigiň predmeti bikanun we ahlaksyz işler bolsa, ýa-da jemagat düzgünine ters gelýän hereketler bolsa, talap arzany bildirmäge esas bolup bilmez“ (105 parag.)

ABŞ-da jemagat düzgüni – bu raýatlaryň umumy ýaşaýyş durmuşynda adalatyň we ahlagyň esasy ýörelgelerini özünde jemleýän adalgadyr. Amerikan kanunlaryna görä, eger-de baglaşylan şertnama ýa-da onuň ýerine ýetirilmegi jenaýat, bikanun ýa-da başga görnüşde „jemagat düzgünine“ garşy bolsa, onda ol geleşik hakyky däl (bikanun) hasaplanýar. (ABŞ-nyň şertnamalaýyn hukugynyň jemi IV p.).

Fransuz raýat kanunçylygynda şertnamanyň predmeti görä onuň hakyky däldigi Fransiýanyň RK-nyň 6-maddasynda bellenilendir. Oňa laýyklykda hususy ylalaşyklarda jemagat düzgüni bilen bagly kanundan çykmalara ýol berilmeýär.

Şwesariýanyň borçnamalaýyn kanunynyň (20-mad.), Awstriýanyň ähliumumy raýat kanunynda (879 p.), Italiýanyň RK-de (1418-mad.) we Ýaponiýanyň RK-de (90-mad.) jemagat düzgünine garşy gelýän esasan hem ahlak kadalara karşy şertnamalaryň hakyky däldigi barada bellenilendir.

Häzirki döwürde jemagat düzgüni hakynda kadadan çykma institutynyň ösmeginde ýene bir zady bellemek ýerlikli bolar. Ýokarda belleýşimiz ýaly köp döwletde negatiw kadadan çykma ulanylýar diýipdik. Pozitiw kadadan çykma fransuz hukugy bilen baglanyşyklydyr.

Emma, soňky ýyllarda negatiw kadadan çykmany ulanýan köp döwletler bilelikde pozitiw kadadan çykmany hem ulanýarlar. Mysal üçin, Şwesariýanyň 1987-nji ýyldaky halkara hususy hukuk hakyndaky Kanunynda daşary döwletiň „jemagat düzgüniniň“ kadalaryny goramak göz öňüne tutulandyr. Bu täzelik „has köp baglanşygy bolan“ hukugy ulanmak ýörelgesine eýerip, oňa laýyklykda şwesar hukugynyň beýleki hukuk bilen has köp umumy ýerleri bolan halatynda onda şol hukugy ulanmak mümkin.

Bu bolsa, köp döwletlerde „jemagat düzgüni“ bolmadyk, imperatiw kada bolup, onuň kollizion kadalara garamazdan hereket etmegi baradaky pikiri öňe sürdi. Emma bu pikir hem jedellidir. Çünki olar „jemagat düzgüninden“ üzňe hereket edip bilmezler. „Jemagat düzgüniniň“ konsepsiýasynyň birinjisi, içerki hukugyň käbir imperatiw kadalary möhüm orny eýeleýändikleri üçin islendik ýagdaýda ulanylmalydyr, ikinjisi bolsa, daşary ýurt hukugynyň käbir kadalary hiç hili utgaşmaýandygy sebäpli islendik ýagdaýda ulanylyp bilinmez.

Russiýa Federasiýasynyň hukuk doktrinasynda halkara hususy hukugynda imperatiw kadalaryň ähmiýeti hakyndaky ylmy işleri ilkinji bolup ýazan alym O.N.Sadikowdyr. Onuň pikirine görä hökmany milli kadalaryň toparyny bölüp aýyrmagyň položitel taraplary bar. Olar şertnamada gowşak tarapyň goraglylygyny güýçlendirmäge we jemagat üçin ähmiýetli milli gyzyklanmalary goramaga ýardam edýär. Mundan başgada jemagat düzgünine raýat kodeksiniň kadalaryny getirmek zerurlygy aradan aýrylýar. Bu pikiriň negatiw tarapy bolsa,

taraplaryň awtonom erkini çäklendirip, köp sanly halkara hojalyk gatnaşyklaryň režimini çylşyrymlaşdyrar.

Bu soragy jemlemek bilen käbir jedelleriň çözülmegine ýardam etjek birnäçe ýagdaýlara siziň ünsiňizi çekmek isleýärin. Ilki bilen, telekeçiler, daşary ykdysady gatnaşyklara gatnaşyjylar şertnamalarda öz erklerini has hem sowatlylyk bilen beýan etmeli, „arbitral däl“, ýagny daşary ykdysady şertnama görä ulanylmaly material hukuga laýyklykda arbitraž kazyýetinde seredilmäge degişli däl we bolup biljek jedellere arbitraž kadadan çykma girizmekden gaça durmalydyr. Çünki bu arbitražyň çözgüdiniň täzeden seredilmegine ýa-da onuň döwlet kazyýeti tarapyndan hakyky däl diýlip, gaýtarylmagyna getirip biler. Eger-de jedele garşydaşyň territoriýasynda seredilen halatynda, arbitraž çözgüt ýerine ýetirilýän döwletiň jemagat düzgüni bilen öňünden tanyşmak wajypdyr.

Göräýmäge sada teklipler, haýsy-da bolsa, bir döwletiň öz kazyýetiniň jemagat düzgünini ulanmagy netijesinde, ýüze çykyp biläýjek negatiw netijeleriň öňüni alyp bilerler.

## VIII bölüm. Halkara hususy hukugynda fiziki şahsyň hukuk ýagdaýy

1.Türkmenistanda daşary yurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýy.

2.Daşary ýurt raýatlaryň hukuk ukyplylygy.

3.Türkmenistanyň raýatlarynyň daşary ýurtlarda hukuk ukyplylygy.

### §1.Türkmenistanda daşary yurt raýatlaryň hukuk ýagdaýy

Halkara hususy hukugy bilen daşary ýurt raýatlaryň emläk, şahsy emläk däl, maşgala, zähmet, we prosessual hukuklary kadalaşdyrylýar. Daşary ýurt raýaty iki hukuk düzgüne boýun bolýar, birinjisi, öz ýurdunyň hukuk düzgünine, ikinjisi haýsy ýurtda bolyan bolsa, şol ýurduň hukuk düzgünine.

Daşary ýurt raýaty diýlip Türkmenistanyň raýaty bolmadyk we haýsydyr bir daşary ýurt döwletiniň raýatlygyna degişlidigini̇ň subutnamasy bolan adam ykrar edilýär. Türkmenistanyň raýatlary bolup durmaýan hem-de özüniň daşary ýurt döwletiniň raýatlygyna degişliliginiň subutnamalary bar bolan adamlar Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlary diýlip ykrar edilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlaryna kanunda göz öňünde tutulan hukuklar we azatlyklar kepillendirilýär.

Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletiniň raýatlygyna degişli däldigini ýa-da onuň şol ýagdaýyny tassyklaýan degişli resminamasy bolan adama raýatlygy ýok şahs dýilýär. Bular babatynda gynansak-da

Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda olaryň statusyny kesgitleýän, ol statusy bermegiň tertibi hakynda kadalar göz öňünde tutulmadyk.

Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýynyň ýörelgeleri şulardan ybaratdyr:

Eger Türkmenistanyň Konstitusiýasyndan, şu Kanundan we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk namalaryndan başga zat gelip çykmaýan bolsa, Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlary Türkmenistanyň raýatlary bilen birmeňzeş hukuklardan we azatlyklardan peýdalanýarlar hem-de birmeňzeş borçlary çekýärler.

Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlary gelip çykyşyna, sosial we emläk ýagdaýyna, haýsy jynsa we millete degişliligine, bilimine, diline, dine bolan garaýşyna, meşgullanýan işiniň kysmyna we häsiýetine hem-de beýleki ýagdaýlara garamazdan, kanunyň öňünde deňdirler.

Türkmenistanyň raýatlarynyň hukuklary we azatlyklary barada ýörite çäklendirmeler girizilen döwletleriň raýatlary barada Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan jogap çäklendirmeleri bellenilip bilner.

Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň peýdalanylmagy jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerine, Türkmenistanyň graždanlarynyň we beýleki adamlaryň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine zyýan ýetirmeli däldir.

Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan daşary ýurt raýatlary Türkmenistanyň raýatlary üçin bellenilen esaslarda we tertipde kärhanalarda, edaralarda we guramalarda işçiler ýa-da gullukçylar hökmünde işläp ýa bolmasa başga bir zähmet işi bilen meşgullanyp bilýärler.

Eger Türkmenistanda wagtlaýyn bolýan daşary ýurt raýatlarynyň zähmet işi olaryň Türkmenistanda bolmagynyň maksatlaryna laýyk gelýän bolsa we olaryň zähmet işiniň görnüşi Türkmenistanyň kanunlaryna ters gelmeýän bolsa, olar Türkmenistanda zähmet işi bilen meşgullanyp bilýärler.

Eger aýry-aýry wezipelere bellemek ýa-da belli bir zähmet işi bilen meşgullanmak Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda Türkmenistanyň raýatlygyna degişlilik bilen baglanyşykly bolsa, daşary ýurt raýatlary şol wezipelere bellenilip ýa-da şol zähmet işi bilen meşgullanyp bilmeýärler.

Daşary ýurt raýatlary zähmet gatnaşyklarynda Türkmenistanyň raýatlary bilen birmeňzeş hukulardan peýdalanýarlar we birmeňzeş borçlary çekýärler.

**Bosgun**, munuň özi jyns, dine ynanmak, raýatlyk alamaty, belli bir sosial topara degişliligi boýunça yzarlamalaryň pidasy bolmakdan esaslandyrylan howatyrlanmalary doly bolan ýa-da syýasy ynançlary bilen Türkmenistanda bolýan we öz ýurdunyň goragyndan peýdalanyp bilmeýän ýa-da şeýle howatyrlanmalar netijesinde şeýle goragdan peýdalanmak islemeýän ýa-da belli bir graždanlygy bolmazdan we şeýle ýagdaýlaryň netijesinde öz öňki adaty ýaşaýan ýurdunyň daşynda bolmak bilen, şeýle howatyrlanmalar netijesinde oňa dolanyp baryp bilmeýän ýa-da dolanmak islemeýän adamdyr.

Adam bosgunyň statusyny almak üçin Türkmenistanyň Ministrler kabineti tarapyndan ygtyýarly elilen organa ýazmaça haýyşnama bilen ýüz tutmaga borçludyr.

Bosgunyň statusynyň berilmegi hakyndaky haýyşnama berlen gününde ygtyýarly organ tarapyndan bellige alynmalydyr. Bosgunyň statusyny almak niýeti bilen Türkmenistanyň Döwlet serhedinden bikanun göçmäge mejbur bolan adam bosgunyň statusynyň, berilmegi hakyndaky haýyşnamasyny (arzasyny) degişli serhet gullugynyň üsti bilen ygtyýarly organa iberýär. Serhet gullugynyň ýolbaşçysy alnan haýyşnamany ygtyýarly organa şobada ibermäge borçludyr.

Serhet gullugy ýüz tutan adamlara bosgunyň, statusyny bermegiň tertibi we şertleri hakyndaky habary bermäge borçludyr.

Aşakdakylary çak etmäge düýpli esaslar bolan adam babatynda bosgunyň statusy berilmeýär:

ol parahatçylyga garşy jenaýat, harby jenaýat ýa-da şeýle jenaýatlar babatda çäreler görmek maksady bilen düzülen halkara namalarynda şol etmişlere çäre görmek üçin berlen kesgitlemede adamzadyň garşysyna jenaýat eden bolsa;

Türkmenistanyň daşynda we bosgun hökmünde onuň Türkmenistana goýberilmegine çenli syýasy häsiýetde bolmadyk agyr jenaýaty eden bolsa;

Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine ters gelýän hereketleri amala aşyrmak bilen günäkär bolsa.

Şeýle hem bosgunyň statusy şu ýagdaýda adama berilmeýär: onuň ýaşaýan döwletiniň ygtyýarly häkimiýet organlary tarapyndan şol döwletiň graždanlygy bilen baglanyşykly hukuklar we borçlar ykrar we üpjün edilýän bolsa;

Türkmenistana gelmezine çenli bolan döwletinde ol bellenilen tertipde gaçybatalgany alyp biljek ýa-da bosgunyň statusyny resmileşdirip biljek bolsa.

# IX bölüm INTELLEKTUAL EÝEÇILIK HUKUGY

1.Intellektual eýeçilik barada umumy düşünjeler.
2.Intellektual eýeçiligiň halkara goraglylygy.
3.Patent hukugy.

## §1. Intellektual eýeçilik barada umumy düsünje

Bu düşünje intellektual işjeňligiň netijesinde emele gelen eýeçilige bolan hukugyň kanun tarapyndan aýrybaşgalaşdyrylmagyna düşünilýär. Intellektual eýeçilige bolan hukugy kepillendirýän kanunçylyk awtorlaryň özleriniň intellektual döredijilik işjeňligi netijesinde emele gelen emlägiň ulanylmagynyň kesgitli görnüşlerine awtoryň monopoliýasyny dikeldýär. Şeýlelikde intellektual döredijiligiň netijesinde emele gelen emlägiň beýlekiler tarapyndan ulanylmagynyň görnüşlerini diňe awtoryň hukuklary kesgitleýär.

Intellektual eýeçilik diýen adalga nazarýetçiler tarapyndan – hukukçylar tarapyndan we ykdysadyýetçiler tarapyndan eýýäm XVIII we XIX asyrlarda ulanylyp başlanylypdyr. Bu adalga has hem XX asyryň II ýarymyndan (has takygy, 1967-nji ýyldan) başlap, eýeçilik ulgamynyň hukuk sferasynda Bütindünýä intellektual eýeçilik guramasy (indiden beýläk ‘’BIEG’’) döredilenden soň has giňişleýin ulanylyp başlanylypdyr. Bütindünýä intellektual eýeçiligini döretmek bilen baglanyşykly kabul edilen hukuk resminamalary şu aşakdaky intellektual döredijilikleri goramaklyga gönükdirilendir:

1) Edebiýat, döredijilik hem-de ylmy önümçilikleri;

2) Artistleriň öz işlerini amala aşyryşlaryna, ses ýazmak bilen baglanyşykly işleri, radio we telewideniýe gepleşiklerini;

3) Adamyň aň işjeňligi bilen baglanyşykly ähli oýlap tapyşlary;

4) Ylmy açyşlaryny;

5) Senagat nusgalaryny;

6) Haryt nyşanlaryny;

7) Betnebislikli bäsdeşliklere garşy göreşmekligi;

Intellektual eýeçiligi netijesinde emele gelen önümçilik, awtoryň hukuklaryny durmuşa geçirmekliginiň ähli görnüşlerini kesgitleýär.

Ỳurisprudensiýa ylmynda «intellektual eýeçligi» diýlen söz düzümi bütewi
hasap edilýär hem-de ol terminiň (adalganyň) bölekleýin düşündirilmegi ýol berilmesiz hadysa hasaplanylýar. Şeýlelikde biz Intellektual eýeçiliginiň görnüşleri barada gürrüň etmekligi makul bildik.

**Awtorlyk hukugy**

Awtorlyk hukugy bilen ylmy, edebiýat we sungat önümçiliklerini ulanmak we döretmek bilen baglanşykly gatnaşyklar düzgünleşdirilýär. Awtorlyk hukugy diýen düşünjäniň esasynda haýsy hem bolsa bir obýektiw görnüşe eýe bolan şahsyýetiň intellektual döredijiliginiň netijesinde ýüze çykan original (hakyky) döredijilik işi ýatandyr. Ine şol obýektiw görnüşde beýan edilen zat hem awtorlyk hukugy tarapyndan goralýan obýektdir[18].

---

18 Правовая структура интеллектуальной собственности ..Зенин.И.А. Москва 1993г .(Проспект)

**Haryt nyşanlary**

Haryt nyşanlary hukugy bu harytlaryň aýrabaşgalanmagy üçin ulanylýan atlara, zady suratlandyrýan markalara, hyzmat ediş nyşanlaryna, harytlaryň gelip çykan ýeriniň atlaryna hukuk kepilligini upjün edýan intellektual hukuk pudagynyň bir görnüşidir.

**Patent hukugy**

Patent hukugy bu ýörite patent (şahadatnama, diplom) bermek arkaly oýlap tapyşlary, senagat nusgalarynyň (senagat önümüniň daşky keşbini kesgitleýän çeperçilik gurnama çözgüdi) aýrabaşgalanmagyny üpjün edýän atlaryň, zady suratlandyrýan markalaryň, hyzmat ediş nyşanlarynyň, harytlaryň gelip çykan ýeriniň adynyň hukuk goraglylygynyň üpjün edilýändiginiň hukuk kepillendirmesidir. Bu ulgam özüniň ýokarda agzalan obýektlerini patent (şahadatnama, diplom) bermek arkaly goraýar. Patent[19] sözi gadymy latyn sözi bolup (Litterae patentes) sözüň göni manysynda «açyk gramota» diýen manyny aňladýar. Patentler ozallar haýsy hem bolsa bir harydy satmak üçin ýa-da öndürmek üçin belli-belli adamlara berilipdir.

## §2. Intellektual eýeçiliginiň halkara goraglylygy

Intellektual eýeçiligiň bütin dünýäde ösüşi we goragy bilen 1967-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edarasy hökmünde hereket edýän bütindünýä intellektual eýeçiligi guramasy meşgullanýar.

[19] Taryhda ilkinji patent kanuny 1474-nji ýylda wenesiýa respublikasynda kabul edilýär. Ilkinji patent bolsa 1421-nji ýylda Florensiýada berilýär. Galileý suwy ýeriň ýüzüne sorup çykarmak üçin nasos oýlap tapanlygy üçin patent alýar.

Biziň ýurdumyz hem bu guramanyň 1995-nji ýyldan bäri agzasy bolmak bilen, ol guramanyň çäginde alnyp barylýan dürli hili maksatnamalara gatnaşýar.

BIEG-sy intellektual eýeçiligi sferasynda täze döwrebap hukuk resminamalarynyň kabul edilmegine we şol resminamalara gol çeken döwletleriň milli kanunçylygynda implementirlenmegine (hukuk taýdan hakara hukuk resminamalarynyň milli kanunçylyga girizilmegi) ýardam we gözegçilik edýär. Mundan başga hem bu gurama ösüp barýan döwletleriň arasynda şu ugur boýunça administratiw hyzmatdaşlygy ösdürmäge hem ýardam edýär. Guramanyň çäginde ýörite şu meseleler boýunça jedellere seredýän arbitraž hem bar. BIEG-sy bu ugurda alyp barýan işlerini esasan 21 sany halkara ylalaşyklarynyň çäginde amala aşyrýar. Olardan esasylaryny biz aşakda sanap geçeliň:
1883-nji ýylyň 20-nji martynda Parižde kabul edilen senagat eýeçiligini goramak boýunça konwensiýa;, Edebiýat we sungat döredijilikleriniň goragyny amala aşyrmak boýunça 1886-njy ýylyň 9-njy sentýabrynda Bernde kabul edilen konwensiýa;, Söwda aspektlerinde intellektual eýeçilik hukugy hakyndaky 1934-nji ýyldaky ylalaşyk we.şm[20].

Hazirki zaman eýeçiligi gornüşleriniň içinde soňky ýyllarda intellektual eýeçilik wajyp orny eýeleýär. Dünýaniň köp döwletleri tarapyndan goralýan intellektual eýeçiligi jemgyýetçilik ösüşiniň, ylmy-tehniki we medeni ugurlaryny sazlaýjy gural hökmünde hasap edilýär.

---

[20] www.intellektual property.com

Intellektual eýeçiligiň birnäçe görnüşleri birnäçe döwletleriň kanunçlygy tarapyndan eýýäm birnäçe ýüz ýyl bäri goralyp gelinýär. Ýöne diňe XIX asyryň ahyrynda bu ugurda wajyp ähmiýete eýe bolan halkara hukuk resminamalary kabul edildi. Halkara hukuk resminamalarynyň kabul edilmegi bolsa, öz gezeginde eýeçiligiň bu pudagynyň hukuk goraglylygyny halkara derejede amala aşyrmaklyga ýol açdy.

Şeýlelikde **«edebiýat we sungat doredijilikleriniň hukuk goragyny amala aşyrmak hakyndaky»** Bern konwensiýasy 1886-njy ýylda kabul edildi. Häzir onuň agzasy 130-dan gowyrak döwlet bolup, olar Bern soýuzy diýlip atlandyrylýan uly intellektual eýeçilik bileleşigini döredýärler.

Bu konwensiýanyň agzasy bolup durýan döwletler bu konwensiýanyň dürli görnüsündäki redaksiýasyny ratifikasiýa edendirler. Sebäbi bu konwensiýa örän gadymy konwensiýalaryň biri bolmak bilen, ol kabul edilen soň birnäçe gezek üýtgeşmeler we goşmaçalar girizilendir (olar:1896,1908,1914,1928,1948 we 1967-nji ýyllarda girizilendir.). Iň soňky gezek 1971-nji ýylda Parižde geçirilen konferensiýada bu konwensiýanyň redaksiýasyna goşmaçalar girizildi.

Sowet soýuzy dargandan soňra emele gelen döwletleriň köpüsi bu konwensiýanyň 1971-nji ýyldaky redaksiýasyny kabul edendirler. Bern soýuzynyň administratiw wezipesini (depozitariýa, täze agzalar hakynda öňki agzalara habar bermek we ş.m) Bütindünýä intellektual eýeçiligi guramasy amala aşyrýar. (Bu ýerde Ukraina bilen Belarusiýa döwletleri göz öňüne

tutulmaýar. Bu döwletler üçin bu konwensiýanyň köne redaksiýasynyň güýji bardyr. Sebäbi olar SSSR dargamanka ol konwensiýany (1967) ratifikasiýa etdiler. )

Biz şu ýerde birzady belläp geçeliň, bu köne hukuk resminamalara goşmaçalaryň wagtal-wagtal girizilip durulmagy zerurdyr. Sebäbi wagtyň geçmegi bilen jemgyýet ösýär, jemgyýetiň ösmegi bilenem täze-täze gatnaşyklar ýüze çykýar. Netije-de şol ýüze çykan gatnaşyklary düzgünleşdirmek üçin hem, şol goşmaçalar ýa-da bolmasa üýtgeşmeler girizimeklik zerurlygy emele gelýär.

Bern soýuzynyň esasy maksady, konwensiýa goşulyşan döwletleriň milli kanunçylygynda şol konwensiýanyň düzgünleşdirýän gatnaşyklary ulgamynda bir-birine garşy gelýän ýa-da awtorlyk hukugynyň goraglygyny üpjün etmekde maksimal çäkleri kesgitlemeklige päsgel berýän ýagdaýlary aradan aýyrmak we şol agza döwletleriň çäklerinde patentlenen önümleri ýaýratmak üçin maksimal şerleri döretmeklige ýol açmaklykdan ybaratdyr.

Bu hukuk resminamasyna laýyklykda konwensiýa tarapyndan goralýan obyekt bolup edebýat, döredijilik we ýygyndylar üçin berilen patentler hem-de kinemotografiýa, fotografiýa, horeografiýa, saz we drama sungatlarynyň önümçiligine bolan hukuklar çykyş edýändirler. Beýle diýdigimiz bu konwensiýanyň kadalary diňe ýokarda belläp geçen sungat eserlerine bolan hukugy kepillendirýändir diýdigimizdir.

Eger-de Bern soýuzyna agza bolup durmaýan döwletiň raýaty, öz döredijiligine bolan hukugyny Bern

soýuzyna agza bolup durýan döwletiň çäginde we şol döwletiň kanunçylygy esasynda kepillendirse, onda şol raýatyň hukuklary tutuş Bern soýuzyna agza bolup durýan döwletleriň teritoriýasynda ykrar edilýär hem-de hökmany suratda goralýar.

Netjede, biz «edebiýat we sungat doredijilikleriniň hukuk goragyny amala aşyrmak hakyndaky» 1886-njy ýylyň Bern konwensiýasyny öwrenip, oňa bolan ylmy synymyzy beýan etmeli bolsak, onda bu konwensiýanyň esasy hasýetli tarapy onuň subýektleri kesgitlemek meselesinde geografiki çäklere has kän salgylanýandygyny aýtmalydyrys.

Bu konwensiýa boýunça awtorlyk hukugyny goramagyň möhleti awtoryň ölen pursadyndan başlap, 50 ýyl diýlip kesgitlenýär. Ỳöne muňa garamazdan bu konwensiýa gatnaşyjy bolup durýan döwlet öz kanunçylygynda bu möhletden has köp wagty öz içine alýan möhleti hem kesgitläp biler. Ýöne ol möhlet konwensiýada kesgitlenen möhletden az bolmaly däldir.

Eger-de awtorlyk hukuga bolan hukugyň möhleti bilen baglanyşykly taraplaryň arasynda jedel ýüze çykan bolsa, onda döredijiligiň ilkinji hasaba alnan we hukuklaryň kepillendirilen ýa-da çap edilen döwletindäki wagt möhleti hakyky diýlip hasap edilýär. Bu diýdigimiz, mysal üçin, Türkmenistanyň territoriýasynda ilkinji gezek hasaba alnan hem-de Türkmenistanyň kanunçylygy bilen hukuk goragy amala aşyrylýan döredijilige bolan hukuk goragyny amala aşyrmagyň möhleti bilen baglanşykly jedel Germaniýada dörese, onda ol jedel Türkmenistanyň kanunçylygy esasynda çözülýär diýdigimizdir.

Mundan başga hem Bern konwensiýasy bu konwensiýa goşulyşan döwletleriň milli kanunçylygynda üpjün edilmesi zerur bolan awtorlyk hukuklarynyň hem düzümini kesgitläp geçýär. Olardan iň esasylary, hukuklary adyl kazyýetlgiň üsti bilen goramagyň usullarydyr. Ỳene-de bir iň esasy belläp geçmeli zatlaryň biri hem, Bern konwensiýasy häzirki döwürde şu ugurda gatnaşyklary düzgünleşdirýän iň köne we iň işjeň ulanylýan halkara hukuk resminamasy bolup hyzmat edýänligidir.

Bern konwensiýasynyň ýene-de bir aýratynlygy, edebiýat hem sungat eserleriniň beýleki döwletleriň çäginde awtoryň ýörite rugsadyny almazdan hem-de awtorlyk gonoraryny tölemezden, ulanmaklygy gadagan edýänligidir. Şonuň üçin käbir ösüp barýan döwletler bu konwensiýa goşulyşmakdan saklanýarlar. Sebäbi bu konwensiýa olar üçin ykdysady taýdan bähbitli däldir.

Ỳöne biraz soňurak ösüp barýan döwletleriň tagallalary bilen 1971-nji ýylda geçirilen Pariž konferensiýasynda, Bern konwensiýasynyň ýokarda agzalan düzgünlerini ýeňilleşdirýän kadalar goşuldy. Bu ösüp barýan döwletleriň isleglerine kompramis hökminde edilen hereketdir.

Bu konwensiýanyň ýene-de bir esasy aýratynlyklarynyň biri bu konwensiýanyň kadalary goşulyşan döwlet üçin güýje girenden soňra konwensiýanyň kadalarynyň yzyna täsir etme häsýetiniň bolmagydyr. Ỳagny bu diýdigimiz islendik döwlet bu konwensiýa goşulyşmazdan öňki çap edilen eserleriň awtorlarynyň hukuklaryny konwensiýanyň kadalaryna laýyklykda goramaga borçlanýar diýdigimizdir.

Intellektual eýeçilik sferasynda ýene-de bir wajyp ähmiýete eýe bolan halkara hukuk resminamalarynyň biri 1952-nji ýylda kabul edilen **Awtorlyk hukugy hakyndaky bütindünýä Ženewa konwensiýasydyr**[21]. Bu konwensiýa ÝUNESKO halkara guramasy tarapyndan işlenilip taýýarlanyldy. Bu konwensiýanyň Bern konwensiýasyndan esasan kadalaýyn talapnamalarynyň häsiýeti boýunça ýumşaklygy hem-de hukuk goraglylygynyň häsiýetini öz içindäki kadalar bilen kesgitlemän, köplenç, milli kanunçylyga salgylanýandygy bilen tapawutlanýandyr. Emma Bern konwensiýasy, ýokarda belleşimiz ýaly, konwensiýa goşulyşýan döwletlerden özleriniň milli kanunçylygyny konwensiýanyň talaplaryna laýyk getirmekligi talap edýärdi.

Şeýlelikde awtorlyk hukugy hakyndaky bütindünýä Ženewa konwensiýasy beýleki özünden bir asyra golaý öň kabul edilen halkara hukuk resminamasyndan tapawutlulukda ösüp barýan döwletleriň ykdysady talaplaryny kanagatlandyrmaga ukyply bolanlygy bilen tapawutlanýandyr.

Mysal üçin konwensiýanyň I bölüminiň 1-nji maddasyna laýyklykda bu konwensiýa gatnaşyjy bolup durýan döwletler awtorlyk hukuklarynyň obýektlerini öz milli kanunçylygyna laýyklykda hökmany suratda goramalydyrlar diýlip aýdylýar. Bu kadadan çen tutsak onda bu konwensiýa, gatnaşyjy bolup durýan döwletler üçin ýerine ýetirmesi zerur bolan düzgünleri öz içinde jemleýän kadalary kesgitlemän diňe öz kanunçylygynda

[21] 1971-nji ýylda Parižde diplomatiki konferensiýa geçirilende ol hukuk resminamasyna üýtgeşmeler girizildi.

hukuk goragy amala aşyrar ýalak ýörelgeleýin şertleriň döredilmeginiň zerurlygyny belläp geçýär.

Bu konwensiýanyň I bölüminiň 2-nji maddasyna laýyklykda, eseriň, şol konwensiýa gatnaşyjy däl döwletleriň teritoriýasynda çap edilendigine garamazdan gatnaşyjy bolup durýan döwletler awtorlyk hukuklaryny özleriniň milli kanunçylygyna laýyklykda goramalydygyny belläp geçýär.

Ýöne bu konwensiýanyň beýleki halkara hukuk resminamalarynden üýtgeşik aýratynlyklary bardyr. Mysal üçin olardan biri hakynda gürrüň etsek, konwensiýanyň I bölüminiň 4-nji maddasy hakynda durup geçmelidiris. Bu maddada awtoryň esere bolan hukugy diňe çap edilen pursadyndan hem-de adamlaryň toparyna maddy (materiýal) görnüşde tanyş bolar ýaly derejede ýetirilenden soňra, goralyp başlanýar diýlip kesgitlenilýär. Eger şeýle bolýan bolsa, onda aýdym-saz eserlerine bolan awtorlyk hukugy onuň köpçüligiň öňünde ýerine ýetirilen pursadyndan başlap goralyp başlanman, diňe ol sazlar notalar arkaly çap edilip, adamlaryň toparyna ýetirilenden soňra goralyp başlanýandyr. Bu ýagdaý birazajyk awtorlaryň özleriniň hukuklaryny durmuşa geçirmegi bilen baglanyşykly prosedurany kynlaşdyrýandyr. Ine şu hem bu konwesiýanyň esasy kemçilikleriniň biri bolup durýandyr.

Awtorlyk hukugy hakyndaky bütindünýä Ženewa konwensiýasynda bu konwensiýa gatnaşyjy bolup durýan her bir döwlet tarapyndan hasaba alnan hem-de hukuk goragy amala aşyrylýan esere, beýleki gatnaşyjy döwletleriň çäginde hem edil ilkinji hasaba alnan

döwletindäki ýaly hukuk goragy üpjün edilmelidigi hakynda hem beýan edilip geçilýär.

Bu konwensiýada bellenilip geçilen ýene-de bir aýratyn kadalaryň biri, ol hem awtorlyk hukugynyň hereket möhleti bilen baglanyşyklydyr. Ỳagny, bu konwensiýa laýyklykda oňa gatnaşyjy döwletler öz çäklerinde esere bolan awtorlyk hukugynyň hereket möhletini öz milli kanunçylygyna laýyklykda kesgitleýändir. Hiç bir gatnaşyjy döwlet öz çäklerinde eseriň ilkinji hasaba alnan we hukuk goragy amala aşyrylýan döwletiň kanunçylygynda kesgitlenen hereket möhletinden uzak, esere hukuk goragyny amala aşyrmaga borçly däldir, ýöne ol möhlet, ilkinji hasaba alnan we hukuk goragy amala aşyrýan döwletiň kanunçylygynda kesgitlenen hereket möhletden az bolmaly däldir.

Bu konwensiýanyň 5-nji maddasynda açyk beýan edilip geçilýän awtoryň ýeketäk eldegrilmesiz hukugy bardyr. Ol madda laýyklykda awtoryň razylygy bolmazdan hiç kim onuň döreden eserini terjime etmäge haky ýokdur. Eger terjime etmek üçin awtor tarapyndan rugsat berilen bolsa, onda terjimeçi bolup durýan fiziki ýa-da ýuridiki şahs awtora gonorar tölemäge borçly edilýändir.

1971-nji ýylda Parižde geçen diplomatiki konferensiýada, bu Ženewa konwensiýasyna ösüp barýan döwletlerde goralýan eserleriň ulanylyş hem-de goralyş proseduralaryny ýeňilleşdirmek üçin käbir goşmaçalar girizildi.

Bu konwensiýanyň Bern konwensiýasyndan ýene-de bir tapawudy ol hem onuň yza täsir ediş güýjiniň ýoklugydyr. Ỳagny, bu konwensiýanyň kadalarynyň güýji,

oňa goşulysylandan soňky ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirmäge niýetlenendir.

Netijede Bern konwensiýasynyň hem-de 1952-nji ýyldaky awtorlyk hukugy hakyndaky Ženewa konwensiýasynyň goraýan obýektleriniň birmeňzeşligine garamazdan olaryň şol goragy amala aşyryş ýollary bir-birinden düýpli tapawutlanýandyr. Döwletler bir wagtyň özünde bu konwensiýalaryň ikisine hem goşulyşyp bilýändir.

XX asyryň ortalarynda awtorlyk hukugynda gatyşyk hukuklary düzgünleşdirmek bilen baglanyşykly gatnaşyklary düzgünleşdirýän halkara ylalaşyklary baglanyşylyp ugaralypdyr.

Şunuň bilen halkara derejesinde senagat eýeçiligi bilen baglanyşykly hukuk gatnaşyklary düzgünleşdirmeklige gönükdirilen halkara hukuk resminamalary kabul edilýär. Şolardan iň esasylarynyň we iň ilkinjileriniň biri hökmünde **senagat eýeçiliginiň halkara goraglylygyny üpjün etmek** hakyndaky 1883-nji ýylyň 20-njy martynda kabul edilen halakra konwensiýasyny getirip bileris (bu konwensiýa 1900,1911,1925,1934,1958,1967-nji ýyllarda üýtgeşmeler we goşmaçalar girizildi). Häzirki döwürde biziň Garaşsyz baky Bitarap döwletimiz hem bu konwensiýany (1967-nji ýyldaky redaksiýasyny) kabul etdi we özüniň milli kanunçylygyna implementirlemek işlerini dowamly alyp barýar[22]. Iň bir gyzykly bellemeli zat hem 1883-nji ýyldaky Pariž konwensiýasy kabul edilende, onun agzasy bary-ýogy

[22] Haryt nyşanlary,hyzmat ediş nyşanlary we harytlaryň gelip çykan ýeriniň ady hakyndaky Türkmenistanyň kanuny. (05.11.2008ý) I bap. 1-nji madda. 2-nji bent.

11 sany döwlet bolan bolsa, onda häzir onuň agzasy 140 sany döwlete ýetdi[23].

Bu konwensiýanyň 2-nji böleginiň 1-nji maddasyna laýyklykda, senagat eýeçiliginiň goralýan obýektlary diýlip şular, ýagny: oýlap tapyşlara berilen patent; peýdaly modeller; senagat nusgalary; haryt nyşanlary; hyzmat ediş nyşanlary; harydyň gelip çykan ýeriniň ady we betnebislikli bäsdeşlikler hasap edilýär. `

Bu konwensiýa, özüne agza bolup durýan döwletleriň arasynda uniwersal ýuridiki güýje eýe bolan patenti ýa-da bolmasa şahadatnamany döretmegi maksat edinmeýär. Islendik döwletiň kanunçylygy tarapyndan goralýan islendik döredijilik işi islendik wagt islendik ulanyjy tarapyndan gonorar tölemezden peýdalanylyp bilner. Bu hadysa kanuna laýyk hadysa hasap edilýär, sebäbi ol ýagdaý bu konwensiýanyň kadalary tarapyndan göz öňüne tutulmandyr. Bu konwensiýanyň esasy maksady, bu konwesiýa agza bolup durýan döwletleriň ýuridiki we fiziki şahslaryna bir-birleriniň teritoriýasynda patent açmaklyga amatly şertleri döretmekden ybaratdyr. Bu konwensiýa agza bolup durýan döwletler senagat eýeçiligi soýuzyny (pariž soýuzyny) döredýärler.

Ỳene-de bir esasy belläp geçmeli zatlaryň biri hem, bu konwensiýanyň esasynda esasy ýörelge edilip «millilik režiminiň˝ goyulmagy bolup durýar. Muňa laýyklykda Pariž soýuzynyň (konwensiýanyň agzasy bolup durýan döwletler) agzasy bolup durýan her bir döwletiň raýatyna, her bir döwlet özüniň milli kanunçylygynda öz raýatlary

[23] 2007-nji ýylyň maglumaty boýunça.

üçin göz öňünde tutýan hukuk kepilliklerini bermäge borçlanýar. (1 b.2 mad.).

Bu konwensiýanyň praktikada has köp ulanylýan we täsirli kadalarynyň biri hem konwension ygtyýarlykdyr. Onuň mazmuny soýuzyň çägindäki döwletleriň raýatlarynyň soýuzyň çäginde öz oýlap tapan emläklerini patentlamaga bolan artykmaç hukuklarynyň bolmaklygy bilen düşündirilýär.

Mundan başga hem bu konwenisiýanyň iň bir görnükli materiýal bazalaýyn hukuk kadalarynyň häsýetli alamatlarynyň esasylarynyň biri buda, betnebislikli bäsdeşlikleriň öňüni almak we şonuň bilen baglanyşykly edilýän bikanun hereketleriň garşysyna göreşmek ýaly hukuk alamatlarynyň barlygydyr.

Şu ugurdaky hukuk gatnaşyklary düzgünleşdirmaklige gönükdirilen beýleki bir wajyp uniwersal häsýetli halkara hukuk resminamalary barada aýtsak onda Waşingtonda (ABŞ) 1970-nji ýylyň 19-njy iýunynda kabul edilen **patent bileleşmesi baradaky (PCT) şertnamany** belläp geçmelidiris.

Bu konwensiýanyň maksady aýry-aýry döwletlerde birmeňzeş oýlap tapmalara berilýän arzalary bir-birinden aýrybaşgalaşdyrmakda halkara hyzmatdaşlygyny çuňlaşdyrmakdan ybaratdyr. Häzirki wagtda bu konwensiýanyň 100-den gowyrak agzasy bardyr. Bu mesele esasan dürli döwletlerde patent bermegiň düzgünlerini umumylaşdyrmak hem-de deslapky ekspertiza işlerini geçirmegiň düzgünlerini kadalaşdyrmak bilen çözülmelidir. Ỳagny, bu konwensiýa layyklyklykda arza

berijiniň haýyşy boýunça awtoryň oýlap tapyşyna halkara ekspertizany bellemek mümkiçiligi ýüze çykyp bilýändir.

Sebitleýin häsýete eýe bolan halkara hukuk resminmalarynyň ýene-de biri senagat eýeçiligi pudagynda halkara patent düzgünini ýola goýmaklygy göz öňünde tutýan **Ỳewroaziýa patent konwensiýasydyr**. Senagat eýeçiligini goramaklyga gönükdirilen bu konwensiýa 1994-nji ýylda Ženewada GDA-na girýän döwletleriň konferensiýasynda kabul edildi. Bu konwensiýanyň häzirki döwürde 9 sany agzasy bardyr. Biziň döwletimiz bu guramany hem dörediji hem-de onuň doly hukukly agzasy hökmünde gatnaşýar.

Bu konwensiýanyň esasynda Ỳewroaziýa patent guramasy döredilýär. Agzalan guramanyň ştab kwartirasy Moskwada (Rusiýa federasiýasy) ýerleşýär. Ol guramanyň oňa agza bolup durýan döwletlerden ybarat administratiw maslahat hem-de patent müdürligi atly iki sany organy pardyr. Bu organlar ol guramanyň esasy borjy diýlip ony dörediji konwensiýada bellenip geçilýän wezipeleri ýerine ýetirýändirler. Ol esasy wezipeler bolsa esasan şol konwensiýa goşulyşan döwletleriň öz üstüne alan borçlaryny ýerine ýetirişlerine hem-de konwensiýadan gelip çykýan düzgünleri, kadalary olaryň milli kanunçylygyna siňdirişlerine gözegçilik etmekden hem-de alnyp barylýan işler barasyndaky hasabatlar bilen çykyş edip durmakdan ybaratdyr.

Ỳewroaziýa patent konwensiýasynyň 6-njy maddasyna laýyklykda bu guramanyň patent müdirligi önümçilikde ulanmaga ýaramly, maksady boýunça täze we oýlap tapyş derejesine eýe bolan oýlap tapyşlara

ýewroaziýa patentini bermek wezipesini ýerine ýetirýändir. Mundan başga hem bu konwensiýada ýewroaziýa patentini bermegiň düzgünini nygtaýan birnäçe prosessual kadalar bardyr.

Umuman konwensiýanyň esasy mazmuny patent eýesiniň hukuklary baradaky kadalardan ybaratdyr. Senagat eýeçiligini goramaklyga gönükdirilen bu konwensiýa tarapyndan goralýan awtorlyk hukugynyň hereket möhleti 20 ýyl diýlip kesgitlenendir.

Onsaňam bu konwensiýanyň ýenede bir özboluşly häsýeti ol hem köplenç halatda özüne degişli gatnaşyklary düzgünleşdirmek bilen baglanyşykly meselede 1883-nji ýyldaky Pariž konwensiýasynyň kadalaryna salgylanýanlygydyr. Şonuň üçin hem bu konwensiýa goşulyşjak bolýan döwletler, hökmany suratda 1883-nji ýylyň Pariž konwensiýasyny ratifikasiýa eden bolmalydyr[24].

Megerem Öňki asyrda gol çekilen iň gadymy we wajyp hukuk resminamalarynyň ýenede biri «**nyşanlaryň halkara hasaba alynyşy hakyndaky**» 1889-njy ýyldaky Madrid ylalaşygy bolup durýar. Munuň hazirki döwürde 46 sany agzasy bardyr.

Ýöne dünýä senagatynyň we oba hojalygynyň ösmegi, hem-de, ylmyň we tehnikanyň soňky gazananlarynyň halkara söwdasynyň we alyş-çalşynyň ösmegi, intellektual eýeçiligi sferasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän halkara hukuk şertnamalarynyň işlenilip taýýarlanylmagynyň we olaryň ýerine ýetrilişini üpjün

[24] Ỳewroaziýa patent konwensiýasy.2-nji bölüm, 26-njy madda.

etmekde işjeňlik görkezip durýan ýuridiki mehanizmiň döredilmeginiň zerurlygyny artdyrýar.

Netije-de, 1967-nji ýylyň 14-nji iýulynda Stokgolmda «**bütindünýä intellektual eýeçiliginiň guramasyny döredýän konwensiýa**» kabul edildi. Ol guramanyň resmi dilleri hökmünde, iňlis, ispan, rus we fransuz dilleri ýöredilýär[25].

Bu konwensiýa 1970-nji ýylda güýje girdi we bu gurama resmi halda işläp başlady. Häzirki döwürde biziň döwletimiz hem bu guramanyň agzasy bolup durýar[26]. Konwensiýanyň kabul edilmegi bilen, onuň 2-nji maddasyna laýyklykda, şu aşakdaky gatnaşyklar düzgünleşdirilýär;

1. Edebiýat, döredijilik hem-de ylmy önümçilikleri;
2. Artistleriň öz işlerini ýerine ýetirijilik işjeňliginii amala aşyryşlaryna gözegçiligi; ses ýazmak bilen baglanşykly alnyp barylýan ähli işleri; radio we telewideniýe gepleşiklerini;
3. Adamyň akyl işjeňligi bilen baglanyşykly ähli oýlap tapyşlary;
4. Ylmy açyşlary;
5. Senagat nusgalaryny;
6. Haryt nyşanlaryny.

Şeýlelikde, intellektual eýeçilik sferasy öz içine esasan 2 sany uly hukuk institutyny birikdirýär:

**Senagat eýeçiligi**: munuň esasynda oýlap tapyşlara bolan, senagat nusgalaryna bolan, haryt nyşanlary, hyzmat ediş

[25] Konwensiýanyň II bölümi 20-nji maddasy.

[26] Bütin dünýäde bu guramanyň häzir 136-sany agzasy bar. Ỳöne bu maglumat üýtgäp durýar.

nyşanlary we harydyň gelip çykan ýeriniň adyna bolan hukuklara düşünilýär; (patent hukugy)

**Awtorlyk hukugy**: munuň esasynda bolsa, esasan ylmy, edebiýat, sungat, surat we audiowizual önümçiliklere düşünilýär[27].

Ýöne belli rus ýuristi E.M Burýak intellektual eýeçiligi ulgamynda pudaklaýyn bölüniş institutyny iki sany görnüşe dälde, üç görnüşe bölýär. Ol şu ýokarda bellenilip geçilen senagat eýeçiligine degişli edilen haryt nyşanlary, hyzmat ediş nyşanlary we harydyň gelip çykan ýeriniň ady hakyndaky intellektual eýeçilik pudagyny, intellektual eýeçiliginiň özbaşdak bir instituty hökmünde getirýär[28]. Ýeri gelende aýtsak biziň hukuk ulgamymyza hem şu bölünişik has mahsus gelýär. Çünki bizde şu ugurlar boýunça gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanunçylyk bir-birinden aýry hereket edýändirler.

Öň belläp geçişimiz ýaly intellektual eýeçilik, bu adamyň intellektual işjeňliginiň netijesi bolup, ony dörediji (awtor) özüniň şol döredijiliginiň özüne degişlidigini tassyklamak üçin berilen ýörite patent ýa-da şahadatnama arkaly ýa-da ýurtda hereket edýan ýorite awtorlyk hukugyny düzgünleşdirýän kanun arkaly eýeçilik hukuklaryny gorap bilýär. Biziň döwletimizde hem, intellektual eýeçiliginiň goraglylygyny amal edýän kanunlar hereket edýär. Muňa mysal edip, 2008-nji ýylyň

[27] Гришаев С.П. Правовая охрана изобретений, промышленных образцов, полезных моделей в России и за рубежом. - М., 1993. - 71 с.
[28]Буряк Е.М.Проблемы установления прав на интеллектуальную собственность в России.1999г (изд. норма)

4-nji noýabrynda kabul edilen «oýlap tapyşlar we senagat nusgalary hakyndaky» Türkmenistanyň kanuny hem-de «haryt nyşanlary, hyzmat ediş nyşanlary we harytlaryň gelip çykan ýeriniň ady hakyndaky» Türkmenistanyň kanunlaryny getirip bolar. Bu kanunlaryň kabul edimegi beýik Galkynyşlar eýýamynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň goşulyşýan halkara hukuk resminamalaryna ygrarly bolup galýandygyny subut edýär.

Öň aýdyşymyz ýaly intellektual eýeçiligine diňe senagat eýeçiligi we awtorlyk hukugynyň obýektleri girýärler. Başga hiç-hili obýektler mysal üçin: maliýe ýa-da telekeçilik hukugynyň taslamalary hiç wagt intellektual eýeçiligine degişli edilmeýär.

Mundan başga-da, material görnüşe eýe bolmadyk pikirler ýa-da ideýalar intellektual eýeçiligine degişli hasap edilip bilinmez. Olar diňe önüm görnüşinde beýan edilenden soňra intellektual eýeçilginiň obýektine öwrülýärler.

Intellektual eýeçiliginiň hukuk kepilligini üpjün etmegiň görnüşleri dürli-dürli bolup biler: mysal üçin, ol awtora aýratyn hukuklary kepillendirýän patent hem bolup biler, (oýlap tapyşlara, peýdaly modellere, senagat nusgalaryna) ýa-da ýörite berilýän şahadatnamalar hem bolup biler.

Türkmenistanda intellektual eýeçilikdäki obýektleriň goralmagy çygrynda döwlet düzgünleşdirmesi Türkmenistanyň ykdysadyýet we ösüş ministrligi (Türkmenpatent) tarapyndan amala aşyrylýar. Intellektual eýeçiliginiň hukuk taýdan goraglylygyny üpjün etmäge

degişli bolup durýan obýekti dörediji kanunçylykda bellenilen tertipde öz intellektual emlägini resmileşdiren bolsa, onda ol adam öz emlägini islendik görnüşde ulanmaga, ýörite ylalaşyk boýunça başga kişiniň eýeçiligine bermäge (lisenziýaly diýilýär) hukuk edinýär. Eger-de üçünji şahslar bolup durýanlar ýokarda bellenilen kadalary bozsa, kanunda bellenilen tertipde jogapkärçilige çekilýär. Bu gatnaşyklar ýörite Türkmenistanyň Raýat kodeksinde (174-nji madda: intellektual eýeçiliginiň goralýan netijeleri) düzgünleşdirilendir.

Şeýlelikde, hemme wagt patent eýesi, intellektual eýeçiliginiň düzgünleriniň berk berjaý edilmegine berk gözegçiligi kanun esasynda ýola goýýar. Kanun esasynda awtor diýlip ykrar edilen adam islendik wagt öz hukuklarynyň bozulandygy üçin kanun esasynda kazyýete ýüz tutmaga we ýetirilen zyýanyň oweziniň doldurylmagyny talap etmäge hukugy bardyr. Intellektual eýeçiliginiň kanun esasynda berkidilen düzgünleriniň bozulmagy netijesinde ýetirilen zyýanyň mukdary dürli-dürli bolup biler. Mysal üçin: uly Amerikan kompaniýasy bolan «Kodak» firmasy birnäçe ýyl mundan ozal Amerikanyň başga bir «Polaroit» atly kompaniýasynyň bir bada şekili ýüze çykarýan fotoapparaty bilen baglanşykly oýlap tapyşlaryna bolan patentiniň düzgünlerini bozupdyr we «Polaroit» kompaniýasyna birnäçe million dollar maddy zyýan ýetiripdir. Kazyýetde patent eýesinin beren talap arzasy bilen baglanşykly proses 10 ýyla golaý wagtlap dowam edipdir. Netijede Amerikanyň ýokary kazyýetiniň karary bilen «Kodak» firmasy patent eýesine

494.000.000 ABŞ-nyň dollary möçberinde jerime tölemeli edilipdir[29].

Şeýlelikde, täjirçilik işjeňliginde intellektual eýeçiliginiň goralýan düzgünleriniň howpsuzlygyny üpjün etmek häzirki döwrüň ösýän bazar gatnaşyklarynda örän zerur bolup durýar. Biziň döwletimizde hem, häzirki döwürde şu howpsuzlygy üpjün etmek bilen baglanşykly birnäçe kanunlar kabul edildi we olar doly güýjünde hereket edýär:

1. «Oýlap tapyşlar we senagat nusgalary» hakyndaky Türkmenistanyň kanuny (23.10.2008ý).

2. «Haryt nyşanlary, hyzmat ýediş nyşanlary we harytlaryn gelip çykan ýeriniň ady hakyndaky» Türkmenistanyň kanuny ( 05.11.2008ý).

3. Türkmenistanyň Raýat kodeksi (17.07.1998ý.).

4. Ylmy intellektual eýeçilik hakyndaky kanun (30.09.1992ý.).

5. Algoritmleriň elektron hasaplaýjy maşynlar üçin programmalaryň maglumat bazalarynyň we integral mikroshemalaryň topologiýasynyň hukuk taýdan goralyşy hakyndaky kanuny (23.09.1994ý.)

---

[29] Интеллектуальное право как отрасль международного права. (www.rniiis.ru)

# X bölüm. FIZIKI ŞAHSYŇ RAÝATLYK HUKUKLARY

1.Raýatlyk düşünjesi.
2.Raýatlygy edinmek we ýitirmek.
3.Dünýä ýurtlarynda raýatlygy edinmegiň ýollary.
4. Raýatlygyň görnüşleri.
5.Daşary ýurtlarda fiziki şahsyň raýatlyk hukuklarnyň we azatlyklarnyň goragynyň mehanizmleri.

## §1.Raýatlyk düşünjesi

Islendik döwletde ilat bir dürli däldir. Ilatyň düzümine jynsy, ýaşy, milleti, din aýratynlyklary, ýaşaýan ýeri, hünär degişliligi, ylym derejesi boýunça tapawutlanýan raýatlaryň dürli toparlary girýär. Şol toparlaryň hukuklarnyň we borçlarnyň göwrümi bilen baglanşykly tapawutlygy, ýaşaýan döwleti bilen özara gatnaşyklaryň häsiýetini kesgitlemek üçin raýatlyk diýen düşünjäni giňden açmak zerur bolup durýar.

Hukuk edebiýatlarynda raýatlyk diýlip adam bilen döwletiň arasyndaky döreýän dürli hukuk arabaglanşyga, anyk ýuridiki wakalar (döwletiň çäginde dogulmak, naturalizasiýa, ýa-da raýatlyga kabul edilmek baradaky haýyşnama, ikinji raýatlygy edinmek, raýatlykdan çykmak) bilen baglanşykly döreýän, üýtgedilýän we ýatyrylýan hukuk gatnaşyklara, ýa–da belli bir döwletde şahsyýetiň anyk hukuk ýagdaýyna düşünilýär.

**Raýatlyk** – bu şahsyýetiň belli bir döwlete degişliligini hem-de adamyň we döwletiň özara hukuk arabaglanşygyny aňladýar . Bu arabaglanşyk

ikitaraplaýyn bolup, bir tarapdan döwlet öz raýatyna anyk hukuklary we azatlyklary kepillendirýär. Olaryň özlerni we emläklerni zorlukdan we eden – etdilikden goraýar. Şonuň ýaly döwlet öz çäginden daşynda hem öz raýatlarna penakärlik edýär.

Raýatlar hem öz gezeginde döwletiň kanunlarny we döwlet tarapyndan berkidilen borçlaryny berjaý etmäge , öz zähmetleri bilen döwletiň ösmegine ýardam bermäge, zerurlyk ýüze halatynda bolsa döwleti goramaga borçludyrlar. Şol borçlaryň we hukuklaryň jemide raýatyň syýasy – hukuk ýagdaýyny (statusyny) emele getirýär.
Taryhda ilkinli gezek raýatlyk konsepsiýasy beýik Fransuz rewolýusiýasy tarapyndan döredildi. Şonuň bilen raýatlyk konsepsiýasy adamyň we häkimýetiň aralarynda döreýän özara gatnaşyklaryň adaty ulgamyna täze elementleri girizendir. Eger öň bu gatnaşyklar özüniň aglabasynda şahsyýetiň häkimýete tabyn bolmak borjunyň jähtinde seredilen bolsa , raýatlyk konsepsiýasy adamy jemgyýetçilik – häkimýet gatnaşyklarynyň subýekti
20 – nji asyryň II ýarymynda raýatlyk düşünjesi has giň we köp taraplaýyn hadysa hökmünde kesgitlenip başlandy.

## §2.Raýatlygy edinmek we ýitirmek

Raýatlygy edinilmegi we ýitirilmegi Ähliumumy adam hukuklary baradaky jarnamanyň 10 – njy maddasynyň 1 – nji bölegine laýyklykda umumy ykrar edilen halkara hukuk kadalarna laýykda her bir adamyň raýatlyga hukugy bardyr . Häzirki zaman döwletleriniň kanunçylyklarynda raýatlygy edinmegiň dürli şertleri

kesgitlenendir , emma raýatlygy edinmegiň iň ýaýran görnüşleri bu belli bir döwletde dogulmak bilen ýa – da naturalizasiýa ýoly bilen edinmekdir.
Dogluş boýunça raýatlygy edinmegiň 2 ýoly bar.

**1.Gan hukugy** (jus sanguinis) . Ýagny belli bir döwletiň raýatlary bolup durýan ene – atadan dogulmak.

**2.Toprak hukugy** (jus soli). Belli bir döwletde wagtlaýyn ýaşaýan ene – atadan dogulmak.

Gan hukugyna esasan hem Ýewropa döwletleri ýagny halkyň milli , medeni ýeketäkligini saklamaklyga çalyşýan döwletler eýerýärler. (Germaniýa , Şweýsariýa, Italiýa )

Toprak hukugyna bolsa ilatyň köp bölegini göçüp gelenler ýagny immigrantlar we olaryň nesilleri düzýän döwletler eýerýärler.( Kanada ; Latyn Amerikasy ; Amerikanyň Birleşen Ştatlary we ş.m.)

Köp döwletler garyşyk ýörelgesine ýagny gan hukugynyň we toprak hukugynyň belli bir kybaplaşdyrlan görnüşini ulanýarlar . Meselem : Russiýa Federasiýasy .
Russiýa Federasiýasynyň kanuny boýunça doglan ýerine garamazdan çaganyň ene – atasy , ýa – da olaryň haýsy bolsa – da biri Russiýa Federasiýasynyň raýaty bolsa , onda ol çaga Russiýa Federasiýasynyň raýatlygy berilýär. Ýöne şunuň bilen birlikde Russiýa Federasiýasynyň çäginde bolan we alty aýyň dowamynda ene – atasy belli bolmadyk çaga hem Russiýa Federasiýasynyň raýatlygy berilýär . Türkmenistanyň kanunçylygy hem şoňa kybaplaşdyrlan .
Raýatyň islegi boýunça döwletiň ygtyýarly edarasy tarapyndan raýatlyk ýatyrylyp hem bilinýär . Döwletleriň

kanunçylygynda raýatlykdan çykmak üçin dürli talaplar we şertler bildirilýär. Köp halatlarda belli bir döwletiň raýatlygyndan çykmaklyk raýatsyzlyga eltmeli däldir , şahsyýet haýsy hem bolsa bir döwletiň raýatlygyna geçmelidir . Raýatlykdan çykmaklyga päsgel berýän ýagdaýlar hökmünde : harby gullugyň ýerine ýetirilmezligi , (Finlandiýa , Gresiýa ) , jenaýat jogapkärçiligine çekilmegi (Awstriýa , Germaniýa , Türkmenistan ) muňa mysal bolup biler . Raýatlykdan çykmaklygyň tertibinde hem dürli tapawutlar bardyr . Mysal üçin Ýaponiýada we Beýik Britaniýa ýaly döwletlerde raýatlykdan çykmak isleýän şahsyýet kanun tarapyndan bildirilýän talaplaryň we şertleriň ählisini doly berjaý eden dessine raýatlygyny ýitirýärler. Germaniýa , Ispaniýa , Italiýa ýaly ýurtlarda ygtyýarly edilen döwlet edaralary tarapyndan raýatlykdan çykmaklyga rugsat berilmeli . Fransiýa , Şwesiýa , Russiýa ýaly ýurtlada bolsa raýatlykdan çykmak meselesini fiziki şahsyň özi kesgitleýär . Köp ýurtlaryň kanunçylyklaryna laýyklykda raýatlyk käbir ýuridiki wakalaryň ýüze çykmagy esasynda dessine ýatyrylyp hem bilinýär . Meselem : başga bir döwletiň häkimýet we harby edaralarynda işlemek , meýletin ýagdaýda başga döwletiň raýatlygyny kabul etmek we ş. m.

Raýatlygy ýitirmekligiň ýene bir esasysy bu raýatlyga kabul edilen mahalynda şahsyýet tarapyndan özi barada görnetin ýalan maglumatlaryň we galp resminamalaryň berilmegi bolup durýandyr.Raýatlykdan mahrum etmek ýaly görnüş bu şahsyýetiň özüni degerli alyp barmanlygy we döwletiň garşysyna jenaýat edendigi üçin ulanylýar.

Köp ýurtlar bu görnüşi ulanmaýar. Adam hukuklarnyň ähliumumy jarnamasynyň 15 – nji maddasynyň 2 – nji bölegine laýyklykda raýatlykdan mahrum etmeklik diňe kanun tarapyndan kesgitlenen tertipde mahrum edilip bilinýär.

## §3.Dünýä ýurtlarynda raýatlygy edinmegiň ýollary

Aslynda raýatlyk baradaky kanunçylyk erkek bilen aýala çagasyna raýatlyk bermek boýunça kakasynyň tarapyny tutup , tapawutly mümkinçilikleri göz öňüne tutýardy . Italiýanyň 1912 – nji ýyldaky raýatlyk baradaky kanunçylygy boýunça çaga diňe anyklanmadyk ýa – da hiç bir döwletiň raýaty bolmadyk ýagdaýynda ýa –da daşary ýurtly kakasynyň raýatlygyny almaga mümkinçilik bolmadyk ýagdaýynda ejesiniň raýatlygyny alyp bilýär eken .Soňra şu ulgamdaky halkara standarty üýtgedilip 18. 12. 1979. ýyldaky aýallary kemsitmeleriň ähli görnüşlerni ýok etmek baradaky konwensiýa aýallara raýatlyk babatda deň hukuklar we deň mümkinçilikler döredýär.Häzirki wagtda çaganyň raýatlygyny kesgitlemek barada ejesine we kakasyna deň hukuklar berýär. Emma käbir ýurtlarda çaganyň hukuk statusy onuň kakasy boýunça kesgitlenýär . (Gyrgyzystan).
Raýat we syýasy hukuklar baradaky halkara paktynyň 24 –nji maddasynyň 3 – nji bölegine laýyklykda çagada raýatlygy almak hukugy bardyr .Köp ýurtlaryň kanunlary boýuça döwletiň çäginde tapylyp ene – atasy anyklanmadyk çagalara raýatlyk berilýär .(R .F ),

Türkmenistanda ýaşyna garamazdan , ABŞ - 5 ýaşa çenli , Awstriýa – 6 aý.

Naturalizasiýa tertipde ýagny bu belli bir döwletiň öňünde bitiren aýratyn hyzmatlary üçin ýa –da adamyň özüniň şahsy haýyşnamasynyň esasynda döwletiň ygtyýarly edilen häkimýet edarasy tarapyndan raýatlygy berilmegidir. Adat bolşy ýaly raýatlygy bermek hukugy döwlet häkimýetiniň iň ýokary edaralarnyň ygtyýarlygyndadyr. Belgiýada raýatlygy bermek hukugy – Korol we Wekiller palatasy, Lýüksemburgda we Islandiýada – parlament, ABŞ-da – federal kazyýetler, RF-da, Italýada, Türkmenistanda – Prezident , Türkiýe bilen Fransiýada- ýurduň hökümeti , Meksikada- Daşary Işler Ministri amala aşyrýar.

Naturalizasiýa hukugy Adam hukuklar baradaky Ähliumumy jarnamada hem bellenendir. Döwletleriň köpüsi şol hukugy ykrar etse – de , raýatlygy almaga dalaşýan adamyň berjaý etmeli talaplarny we şertlerni kesgitleýär. Meselem : Döwletiň çäginde belli bir wagtyň dowamynda ýaşamak “ oturymlylyk şerti “ naturalizasiýanyň möhüm talaby bolup durýar .Raýatlyk baradaky Ýewropa konwensiýasynyň 3 – nji maddasynyň 6 – njy bendine laýyklykda oturymlylygyň möhleti 10 ýyldan geçmeli däldir .Döwletleriň kanunçylyklarynda dürli möhletler göz öňüne tutulýar . Meselem : Belgiýa 3 ýyl , Kanada 4 ýyl , RF 5 ýyl , Germaniýa 8 ýyl Ispaniýa 10 ýyl , Türkmenistan 7 ýyl we ş . m. Mundan başgada köp döwletlerde özüni degerli derejede alyp barmaklygy , jenaýatçylyklygeçmişiň bolmazlygy ýaly şertleri girizýär. Soňky ýyllarda diňe bir şahsyýetiň özüni alyp

barmaklygyna üns berilmän , eýsem döwlet dilini bilmeklik hökmanylygy ( Fransiýa , Germaniýa , RF ) , belli bir derejede özbaşdak özüni üpjün etmek üçin maddyýagdaýyň bolmagy , döwletiň taryhyny , medenýetini döwlet gurluşyny bilmeklik (ABŞ , Daniýa , Gresiýa ) we ş.m.

Köp ýurtlaryň kanunçylygynda raýatlygy edinmegiň ýönekeýleşdirlen tertibi bardyr. Şeýle tertip umumy milli gelip çykyşy , dili boýunça golaý bolan belli bir döwletler ýa - da daşary ýurtlaryň raýatlary üçin girizilendir.

Raýatlygy edinmekligiň ýene bir görnüşi döwletleriň çäklerniň üýtgemegi ýa – da dargamagy bilen baglanşykly bolup durýandyr . Şeýle esaslara raýatlygyň awtomatiki üýtgemekligini – transferi goşup bileris. Mysal üçin : Öňki TSSSR – iň çäginde ýaşaýan SSSR – iň raýatlary ol dargandan soň 1991 – nji ýylda garaşsyzlygyny alan Garaşsyz Türkmenistanyň raýatlygyny aldylar.

Döwletiň belli bir çäk bölegi başga bir döwletiň ygtyýaryna geçen ýagdaýynda OPTASIÝA - ýagny ilata raýatlygy saýlap almak hukugyny bermek tertibi ulanylýar.

## §4. Raýatlygyň görnüşleri

Iki raýatlylyk, köpraýatlylyk we raýatsyzlyk.

Iki raýatlylyk we köpraýatlylyk – bu şahsyýetiň şol bir wagtyň özünde iki ýa – da birnäçe döwletiň raýatlygynda durmaklygy bilen baglanşykly bolan aýratyn statusydyr. Ikiraýatlylygyň we köpraýatlylygyň ýüze çykmagynyň käbir ýagdaýlary şulardyr :

1. Awstraliýa , Fransiýa , Belgiýa ýaly döwletler raýatlyga kabul eden wagty öňki raýatlygyndan çykmagyny talap etmeýärler.
2. Döwletiň raýaty bilen nika baglanşana raýatlygyň berilmegi . Raýatlyk baradaky Ýewropa konwensiýasynyň 6-njy maddasynyň 4-nji bendine laýyklykda konwensiýanyň agzalary öz kanunçylyklarynda öz raýatlary bilen nika baglaşan daşary ýurduň raýatlaryna raýatlygyň berilmeginiň ýeňilleşdirlen tertibini döretmelidirler .

Türkmenistanyň raýatlyk hakyndaky kanunynyň 16-njy maddasy. Nika baglaşylanda we nika bozulanda Türkmenistanyň raýatlygynyň edinilmegi we saklanylmagy Türkmenistanyň raýatynyň beýleki bir döwletiň raýatlygynda durýan adam bilen ýa – da raýatlygy bolmadyk adam bilen nika baglaşmagy , şeýle hem nikanyň bozulmagy är – aýalyň raýatlygynyň üýtgemegine getirmeýär. Är – aýalyň biriniň raýatlygynyň üýtgemegi beýlekisiniň raýatlygynyň üýtgemegine getirmeýär. Eger Türkmenistanyň raýaty bilen daşary ýurtly raýat nika baglanşsa we Türkmenistanyň raýatlygyny sorap arza ýazsa we Türkmenistanyň raýatlyk hakyndaky kanunynyň 18 – nji maddasynda görkezilen şertleri berjaý etse, oňa Türkmenistanyň raýatlygy berilýär.
3. Garyşyk maşgala ( hersi aýratyn döwletiň raýaty bolup durýan ene – atadan doglan çaga raýatlygyň berilmegi ). Aglaba ýurtlaryň kanunlary şeýle çagalara hem kakasynyň , hem ejesiniň raýatlygyny almaga mümkinçilik berýär.

4. Daşary ýurtlylaryň başga döwletiň çäginde çagasynyň dogulmagy . “Toprak hukugyny “ ulanýan döwletlerde ( ABŞ , Kanada , Latin Amerika döwletleriň çäginde) dogulanlaryň hemmesi ýurduň raýaty hasaplanýar.
5. Hiç bir raýatlygy bolmadyk şahsyýet – apatrid . Şeýle ýagdaý adam haýsy bolsa – da bir sebäplere görä öňki raýatlygyny ýitirip , başga döwletleriň raýatlygyny almanynda döreýär . 1954 – nji ýyldaky Apatridleriň statusy baradaky konwensiýa laýyklykda , raýatlygy bolmadyk her bir adamyň ýaşaýan döwletiniň öňünde belli bir borçlary bolýar. Umumy düzgün boýunça apatridlere , belli bir döwletdäki daşary ýurtlylaryň statusyna deňleşdirlen status berilýär , käbir ýagdaýlarda apatridleriň hukuk ýagdaýy raýatlaryň statusy bilen deň derejede bolýar .(kazyýete ýüz tutmak hukugy , başlangyç bilim almak hukugy , zähmet şertleri , durmuş üpjünçilik we ş.m.)

**Daşary ýurtlylar**

Özüniň ýaşaýan döwletinden başga belli bir döwletiň raýaty bolup durýan adamlar daşary ýurtlylar diýip ykrar edilýär . Şeýle statusly adamlar öz döwletiniň hem – de ýaşaýan döwletiniň kanunlarny berjaý etmeli bolýar .13.12 . 1985 ýylda B.M.G – niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen Ýaşaýan döwletiniň raýaty bolup durmaýan adamlaryň hukulary baradaky konwensiýanyň 3 – nji we 10 – njy maddalaryna laýyklykda daşary ýurtlylar ýaşaýan döwletiniň kanunlaryna , halkynyň däp – barada kanuny ýa – da tertibi düzüp , yglan etmelidir , şeýle hem öz çäginde

islendik daşary ýurduň raýatyna degişli konsullyk ýa – da diplomatik wekilhanalaryna ýüz tutmak hukugyny üpjün etmelidirler .

Döwletiň çäginde daşary ýurtlaryň raýatlaryň ýagdaýyny düzgünleşdirmekde dürli çemeleşmeler bar .Käbir ýagdaýlardan başga ýagdaýlarda döwletiň raýatlary bilen deň derejede hukuklar göz öňünde tutulan .

Mysal üçin (Türkmenistan). Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýy hakyndaky kanuny 3-nji madda. Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýynyň ýörelgeleri.

Eger Türkmenistanyň Konstitusýasyndan, şu Kanundan we Türkmenistanyňbeýleki kanunçylyk namalaryndan başga zat gelip çykmaýan bolsa, Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlary bilen birmeňzeş hukuklardan we azatlyklardan peýdalanylýar hem-de birmeňzeş borçlary çekýärler.

Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlary gelip çykyşyna, durmuş we emläk ýagdaýyna, haýsy jynsa we millete degişliligine, aýal – erkekligine, bilimine, diline, dine bolan garaýşyna, meşgullanýan işiniň kysymyna we häsiýetine hem-de beýleki ýagdaýlara garamazdan, kanunyň öňünde deňdirler.

Türkmenistanyň raýatlarynyň hukuklary we azatlyklary barada ýörite çäklendirmeler girizilen döwletleriň raýatlary barada Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan jogap çäklendirmeleri bellenilip bilner.

Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlarynyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň peýdalanylmagy jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerine, Türkmenistanyň raýatlarynyň we

beýleki adamlaryň hukuklaryna we kanuny bähbitlerine zyýan ýetirmeli däldir.
22 – nji madda.Saýlaw hukugyna degişlilik.

Türkmenistandaky daşary ýurt raýatlary saýlawly döwlet edaralaryna saýlap we saýlanyp , şeýle hem referendumlara gatnaşyp bilmeýärler .
23 – nji madda .Harby gulluga degişlilik .

Daşary ýurt raýatlary Türkmenistanyň Milli Ýaragly Güýçlerniň hatarynda harby gulluk geçmek borjuny çekmeýärler.
Başga döwletiň raýatlaryna hukuklaryň we azatlyklaryň belli bir kesgitlenen möçberi kepillendirilýär. Rumyniýanyň konstitusiýasynyň18 – nji maddasynda daşary ýurtlylara emläk babatynda döwletiň howandarlygy kepillendirilýär .
Ýaponiýanyň kanunçylygy boýunça daşary ýurtlylaryň döwletinde Ýaponiýanyň raýatlaryna nähili garalýan bolsa , ol hem şol ýurduň raýatlaryna şeýle garaýar.

## §5.Daşary ýurtlarda fiziki şahsyň raýatlyk hukuklarnyň we azatlyklarnyň goragynyň mehanizmleri

Adamyň we raýatyň hukularnyň we azatlyklarnyň goragy häzirkizaman döwletleriň konstitusion hukuk we halkara hukuk borjy bolup , dürli institutlar, mehanizmler arkaly amala aşyrýarlar. Konstitutsion adylkazyýetlik häzirkizaman demokratik döwletde adamyň hukuklarnyň goragynyň has netijeli institutydyr.Bu wezipe ýöriteleşdirlen konstitusion kazyýetlere ýa – da

konstitusion gözegçiligi amala aşyrmaga ygtyýarlandyrlan edaralara ýüklenýär. Konstitusion gözegçilik edaralar tarapyndan adamyň we raýatyň hukuklarynyň we azatlyklarny goramak wezipesi esasy 3 görnüşde amala aşyrylýar.

1. Abstrakt görnüşi – ýagny bu görnüş kazyýete kabul edilen we entek kabul edilmedik kanularyň we beýleki hukuk namalaryň konstitusiýa gabat gelmelidigi baradaky talapnamany bildirýär .Gözegçiligiň bu görnüşiniň maksady kanunçykaryjylara Konstitusiýanyň kadalarny berjaý etdirmekden ybarat.
2. Insident görnüşi – Ýagny belli bir kazyýet seljerşi bilen baglanşykda ulanmaga degişli bolan kanunyň Konstitusiýa laýyk gelýändigi baradaky meseläniň orta goýmak mümkinçiligidir .
3. Indiwidual görnüşi – munuň özi adamlaryň , adam birleşikleriň , ýuridiki şahslaryň konstitusion gözegçilik edarasyna kanunlar we başga kadalaşdyryjy hukuk namalar, kazyýetiň çözgütleri tarapyndan özleriň hukuklarnyň we azatlyklarnyň bozulýandygy barada şikaýatlary bermäge bolan mümkinçiliklerni aňladýar .

Mysal üçin : Germaniýada konstitusion gözegçiligi Konstitusion kazyýet amala aşyrýar. Germaniýanyň konstitusion gözegçilik ulgamynda ýokarda agzalan görnüşleriň ählisi ulanylýar. Kazyýete islendik adam haýsy hem bolsa bir kanun ýa – da hukuknama onuň hukuklarny ýa –da azatlyklarny çäklendirýän bolsa , islendik wagt kazyýete ýüz tutmaga hukugy bardyr. Konstitusion kazyýet hem şol ýüztutmalar üçin hökman çözgüt kabul etmelidir.

Fransiýada Konstitusion gözegçiligi – amala aşyrýar. Konstitusion geňeş talapnama esasynda kanunlaryň konstitusiýa laýyklygyny olar Prezident tarapyndan promulgasiýa edilmänkä , ýagny kabul ediliş prosesinde , güýjüne girmänkä seredýär. Şeýle meseleler boýunça talapnamany – Prezident, Pr.ministr, Parlamentiň palatalarnyň başlyklary 60–dan az bolmadyk deputatlar ýa – da şonça senatorlar berip bilýärler.

1.Fiziki şahslar , ýuridiki şahslar şol mesele boýunça talapnama berip bilýärler .

2. – Konstitusion geňeş öz inisatiwasy boýunça kanunlara seredip bilmeýär .

3.Sala – salşyklarda kabul edilen kanunlar konstitusion geňeşiň seretmekligine degişli däl.

4. Organiki kanunlar we Parlamentiň reglamentleri Konstitusion geňeş tarapyndan hökman seredilmeli .

5.Konstitusion geňeşiň seretmekliginiň predmeti halkara şertnamalary hem bolup bilýär .

# XI bölüm HALKARA DAŞAÝYŞ

1.Umumy düşünjeler.
2.Halkara demirýol daşaýyşlary.
3.Halkara awtoulag daşaýyşlary.
4.Halkara deňiz daşaýyşlary.
5.Halkara howa daşaýyşlary.

## §1. Umumy düşünje

Ýükleriň we ýolagçylaryň daşalşy awtomobil, demirýol, howa, deňiz ulaglary arkaly amala aşyrylýar.

**Halkara daşaýyş** - ***bu iki ýada birnäçe dowlerleriň arasyndaky öz arasynda baglanşylan halkara ylalaşyklarynda gorkezilen talaplar easynda ýükleriň we ýolagçylaryň daşalmagyna düşünilýär.***

Bu ugurdaky hukuk düzgünleriň esasy aýratynlygy bolup, daşaýşyň esasy meseleleri özünde halkara ýük we ýolagçylary daşaýyşyň şertlerini unifisirlenen kadalary saklaýan halkara ylalaşyklarynda (ulag konwensiýalarynda) çözülýanligidir.

Halkara okuw edebiýatlarynda şeýle köp sanly hukuk kadalarynyň unifisirlenmegi baradaky halkara şertnamalary özünde saklaýan hukuk pudagynyň ýoklugy bellenip geçilýär. Köp halatlarda şeýle ylalaşyklar daşaýyş baradaky rersminamalara talaplar, ýükün daşalmak üçin kabul edilmeginiň tertibi we ony eltilmeli ýerine tabşyrylmagy, daşaýjynyň jogapkärciligi barada şertler, daşaýja bolan nägileliklerň we şikaýatlaryň berilmeginiň teribini öz içinde saklaýandyr. Belli birgornüşli material hukuk kadalarynyň ýok halatynda ulag konwensiýalarynyň

we milli kanunçylygynyň kollizion kadalary esasynda milli hukuk kadalaryna ýüzlenýärler.

Olaryň kadalary halkara harytlary alyp-satmak pudagyndaky konwensiýalaryň kadalaryndan tapawutlykda impiratiw häsiýetlidir.

Köpsanly döwletlerde köplenç ulag konwensiýalaryna esaslanýan we olaryň üstüni doldurýan halkara daşaýyşlar bardaky ýörite hukuk aktlar kabul edildi.

Halkara daşaýyş şertnamalarynyň esasy aýratynlygy, olaryň ýerine ýetirilmeginiň dowamynda degişli meterial hukuk kadalar dürli kollizion prinsipleri esasynda ullanylýar. Şeýlelikde ýük ugradylýan wagty onuň ugradylýan döwletiniň kanunçylygyndan ugur alynýar, ýüküň gutarnykly tabşyrylýan nokadynda bolsa barmaly ýurduň kanunçylgyndan ugur alynýar. Beýleki ýagdaýlarda daşaýjynyň kanunçylygy ýa-da kazyýetiň bolup geçýan döwletiniň kanunçylygy ullanylýar

Ullalylýan ulagyň görnüşine laýyklykda daşaýyşlar öz arasynda halkara demirýol, halkara awtoulag, halkara howa, halkara deňiz daşaýjylaryna bölünýärler.

Daşaýjyşlaryň garyşykly gornüşi (mysal üçin demirýol-deňiz), tranzit we konteýnerli daşaýyşlar belli bir aýraynlyga eýedir

1980-nji ýylyň 24-nji maýynda Birleşen Milletler Guramasynyň “Halkara garyşyk ýük daşaýyşlar barada Konwensia kabul edildi” 1990-nji yylyň 1-njy fewralynda awtoulag, demirýol, we içki suw ulaglarynyň üsti bilen howply ýükleriň daşalmagy netijesinde ýetirilen zyýan

üçin raýat jogapkärçilikgi barada Konwensiýa kabul edildi.

1991-nji ýylyň 15-nji aprelinde Birleşen Milletler Guramasynyň halkara söwdasynda ulag terminallaryň operatorlarynyň jogapkärciligi baradasyndaky Konwensiýasy kabul edildi.

## §2.Halkara demirýol daşaýyşlar

Köp wagtyň dowamynda halkara daşaýyşlar pudagynda esasy ylalaşyklar, demirýol ýük we ýolagçlaryň daşaýjylary baradaky Bern konwensiýalary bolup durýardylar .(gysgaça MPK)1966 ýylda MPK üçin demir ýollaryň daşaýjylaryň ýolagçylary gatnatmakda jogapkärçiligi barada goşmaça ylalaşyk kabul edildi. 1980-nji ýylda Bern konwensiýalaryna täzeden seretmek baradaky konferensiýasynda halkara demirýol daşaýyşlar barada täze ylalaşyk kabul edildi (KOTIF). Oňa köp sanly Ýewropa , Aziýa we kabir Afrika ýurtary goşulşandyr.

KOTIF Bern konwensiýalarynyň halkara hukuk kadalaryny we 1966-njy ýyldaky Goşmaça ylalaşygyny we 2 sany oz içinde halkara demirýol daşaýyşlaryň şertleri baradaky raýat-hukuk häsiýetli kadalaryny saklaýan goşmaçalary(Awe B) oz içinde jemleýär.

Ýolagçylary daşamagyň şerlerini kesgitleýän A goşmaça “**Bitewi düzgünler**” adyny aldy.

B goşmaça öz içinde ýükleri daşamak baradaky şertleri öz içinde saklap “**Bitewi MGK düzgünleri** “ adyny aldy.

Bitwei MGK düzgünleri ylalaşyga girýän ýurtlar tarapyndan kesgitlenen belli bir demirýol liniýalarynda ýük daşamak üçin hereket edýandir . Ýük geçirmegiň toleg stawkasy milli we halkara tarifler bilen kesgitlenýär. Ýükleri gowşurmagyň mohletleriniň belli bir çägi göz öňüne tutulandyr. KOTIF-iň düzgünlerine görä uly tizlikli ýükler üçin 400 km, kiçi tizlikli ýükler üçin 300 km ýükleri gowşurmak ýaly mohletler kesgitlenen . Demirýollaryň käbir aýratyn ýükler üçin ýörite möhletleri, ya-da ýükleri daşamakda belli bir kynçylyklaryň ýüze çykan mahalynda goşmaça möhletleri bellemäge hukugy bar .

Daşalýan ýükleriň abat saklanylmadyk ýagdaýynda KOTIF-da jogapkärçiligiň möçberiniň çägi Halkara walýuta fondynyň -SPZ hasaplaşyk birliklerinde kesgitlenen (ýagny 1 kg brutto agramy üçin-17 SPZ ýa-da 51altyn frank).

Ýükleriň gowşurmak möhletiniň geçmegi netijesinde ýük eýesine ýetirilen zyýan tolenende, ol tolegiň çägi ýük daşaýyş toleginiň 3 essesi möçberindedir.

Halkara demirýol daşaýyş pudagynda karhanalar üçin esasy orun tutýan resminama “Halkara ýük gatnawlary baradaky ylalaşyk”. Onuň gatnaşyjylary Gündogar Ýewropa ýurtlary, Mongoliýa ,Hytaý, KNDR, Wýetnam we Russiýa Federasiýasy. Onuň 1992-nji ýylda kabul edilen neşirýaty hereket edip, ol ýükleriň daşamaklyga kabul edilmegini, ony barmaly ýerine eltmegi we ýük kabul edýäne gowşurmaklyk tertibini kesgitleýär.

1998-nji ýylyň 1-nji iyulynda kabul edilen 1997-nji ýylyň 1-nji oktýabyrynda Bakuda gol çekilen gatnaşyjy GDB ýurtlary, Latwiýa, Litwa, Estoniýa ýaly ýurtlarynyň demirýol administrasiýalarynyň arasyndaky “Halkara demirýol ýük gatnawy baradaky ylalaşygyň käbir kadalaryň ullanmagyň aýratynlygy baradaky ylalaşyk” güýje girdi.

1998 nji ýylda demirýol hyzmatdaşlyk guramasynyň resmi neşiri hököminde çap edilen “Halkara ýük gatnawlary baradaky ylalaşygyň” täze teksti kabul edildi

Daşarysöwda ýükleri halkara demirýol ýük gatnawy baradaky ylalaşyga-gatnaşyjy ýurtlara ugratmak ugradylayan yurtda hereket edyan düzgünler esasynda düzülen halkara naklodnoy esasynda amala aşyrylyar.

Emma halkara demirýol ýük gatnawy baradaky ylalaşygy, olara ýüklerı bellik etmek we ulag resminamalary resmılleşdirmek baradaky, ýaly kabır goşmaçlary girizýär. Ýükün barmaly döwletde ýüki kabul edyan döwletiň milli kanuny esasynda tabşyrylyar, emma bu ýagdaýdada halkara demirýol ýük gatnawy baradaky ylalaşygy ýüküň abat däldigi yüze çykarylan yýgdaýynda, düzülyän täjırçilik aktlaryň düzülmegı barada kabır goşmaçalary goz önüne tutyar.

Ýükler ugradyjynyň islegi boýunça uly we kiçi tizlik bilen daşalyar, mohletler halkara demirýol ýük gatnawy baradaky ylalaşygy esasynda serhet demirýol stansiýalarynda ýüklerı täzeden ýüklemek üçin niýetlenen wagt göz öňüne tutulyp goşulyar. Daşaýyş tölegler milli nyrhlarda milli pul birligi bilen amala aşyrylyp , ýükleriň ugradylýan yollar boýunça gitmekligi üçin ugradýan

tarapyndan, barmaly ýeriniň yollary üçin ýüki kabul ediji tarapynadn amala aşyryar.

Tranzit ýollar boýunça tölegler ýüki tabşyrmak barada şertlere layyklykda olar ýükleri ugradyjy ýa-da kabul edıjı tarapyndan Halkara tranzit stawkalar esasynda şweýsar frank bılen tölenilýär.

Daşamak üçin kabul edilen ýüke zyýan ýetirilenligi üçin jogapkärçilik çak edilen günäniň bolamagy easasynda döreýar. Emma kabir aýratyn ýagdaýlarda (daşaýyş serışdeler we ýükleriň abat bolan ýagdaýynda we ýüklerinde ýanynda ýük eýesının ýolbeledi bile gitmegi we başgalar ) demir ýol edaralarynyň günäsi ýük eýesi tarapyndan subut edilmelidir. ýüklere ýetirilen zyýanyn öwezi onuň hakyky bahasy daşary söwda bahasy esasynda) daşary ýurt ýollaryň jogapkärçiligi netijesinde ( yada içerki bahalar bilen )içerki yollaryň jogapkärçiligi netıjesinde).

HDYGBY we ony dolduryjy HTT easasynda Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň HDYGBY-na girmeýanligine garamazdan daşary söwda ýükleriň şol yurtlara daşamak mümkinçiligi bardyr. Munuň üçin kabul edji yurt diýip HDYGBY-ň nakladnoýlarynda HDYGBY-na girýän we çykyş döwlet görkezilýär we esasy arzalarda bolsa kabul edıjı Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň biri görkezilendir . Munuň ýaly görkezme esasynda serhetdäki stansiýa Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň demirýollary gıryan , KOTIF-iň formasynda taze demirýol naklodnoyý düzýär we ýük ahyrky kabul edijä ugradylýar.

## §3.Halkara awtoulag daşaýyşlar

Halkara awtoulag daşaýyşlar edi l demirýol daşaýyşlar ýaly halkara şertnamalar esasynda amala aşyrylyar. Olara 1968-nji ýyldaky ýol hereketler baradaky konwensiýa. Ol 1977-nji ýylda guyje gırdı. 1971-nji ýyldaky "Ýol hereketler baradaky Konwensiýanyň" üstüni doldurýan "Ýewropa ylalaşygy", 1956-njy ýyldaky "Halkara garaýol daşaýyşlar hakyndaky Yalaşyklar" barada Konwensiýa /HGYDK/ . HGYDK kitapçasyny ullanmak bilen halkara ýük daşaýyşlar baradaky gumruk Konwensiýasy.

1970-nji ý yldaky "Çalt zayalanyan azyk önümlerini daşamak baradaky we olary daşamak üçin nıyetlenen ulaglar baradaky ylalaşyk".

"Yewropa yurtlaryň arasyndaky halkara garaýol daşaýyşlar baradaky ylalaşygyň" şertlerı 1956-njy ýylyň 19-njy maýynda kabul edilen halkara garayol daşaýyşlar hakyndaky ylalaşyklar barada Konwensiýa esasynda kesgıtlenılyar. Bu Konwensiýa Ýewropa yurtlarynyň köpüsi girýändir . SSSR bu konwensıya 1983-njı ýylda girip we 1986-njy ýylyn 1-nji awgustyndan başlap ýükleriň Sowet awtoulaglar bilen daşalşy şol Konwensiýa esasynda düzgünleşdirilip başlandy. Häzirki wagtda oňa Türkmenistan, Russiýa, Gazagystan, Täjigistan, Ýewropa Ýurtlary we şol sanda Marokko we Tunis ýaly döletler girýändir . Konwensiýa ýük eýsiniň we daşaýjynyň awtoulag daşayşynda hukuklary we borçlaryny, ýüki daşamak üçin kabul edende we ony kabul eltilmeli nokadyna tabşyrmagynyň tertibini kesgetleýär,Ýüküň abat saklanylmadyk wagtyndaky ýük daşaýjynyň

jogapkärçiligi kesgitlenendir, ol ýüküň brutto ýagdaýynda her 1 kg 25 altyn frank möçberinde tölenilmelidir

Awtomobil daşaýyşyda üçinji şahslara awtoulaglar tarapyndan zyýan ýetirilen ýagdaýyndaky kepillikler uly orun tutýandyr. Bu kepillikler raýat jogapkärçiliginiň hökmany ätiýaçlandyrmasyny girizmeginiň üsti bilen amala aşyrylýar. Awtoulag daşaýyşlary gurnamak hakyndaky birnäçe döwletleriň arasyndaky ikitaraplaýyn ylalaşyklarynda Halkara daşaýyşlarynda raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrylmasy gözöňüne tutulýandyr. Konwensiýanyň esasy wezipesi halkara garaýol daşaýşynyn şertlerini unifisirlemek, bu sanda mnuun ýaly daşaýyşlarda ullanylyan resminamalar ,we daşayjyny jogapkarçiligi dehişlidir

1975-nji ýyldaky MDP Konwesıýasy halkara garaýol daşaýşyň prosedurasyny tassyklap, onuň esasy sebäby hökmünde MDP-kitapçasyny göz öňünde tutýar- bu kitapça MDP-niň çäginde ýüküň iberilen ýeriň gümrükhanasyndan, baryp ýetmeli ýeriň gümrükhanasyna çenli ýüküň ýany bilen ugradylýan ýeketäk resminama bolup durýar. Konwensiýa tarapyndan kepillik üçin bileleşik diýen institut girizilen, onuň esasynda ýükleriň halakara garaýol daşaýyş prosedurasyny ulanýan şahslar üçin kepil bolup gatnaşyjy döwlet çykyş edýär. Russiýada bileleşik kepili bolup RF Halakra awtomobil daşaýjylaryň assosiasiýasy (ASMAP) çykyş edýär, olar rus daşaýjylaryny MDP-niň kitapçalar bilenüpjün edýärler, MDP-niň prosedurasy bilen ýüze çykýan garşylyklary düzgünleşdirýär. Şu prosedura bilen daşalýan ýükler aralykdaky gümrükhanalardaky ýygymlardn, giriş we çykyş salgytlardan boşadylýarlar.

## §4. Halkara deňiz daşaýyşlary

1978-nji ýylda Gamburgda bolup geçen konferensiýada ýükleri deňizde daşamak boýunça BMG-niň Konwensiýasy kabul edildi we bu konwensiýa 1924-nji ýyldaky Brýussel konwensiýasy bilen ornuny çalyşdy. Täze kabul edilen konwensiýa uly çygyr boýunça hereket etmäge niýetlenen, ýagny haýwanlary daşamaklyk üçin, paluba ýüklerini daşamaga niýetlenendir we täze girişleri göz öňünde tutýar. Hususanda, bu konwensiýa deňiz daşaýjynyň nawigasiýa ýalňyşlyklary üçin emele gelýän jogapkärçiliginden boşatýar, emma ýüküň abat saklanmagy üçin jogapkärçiligi az kem ýokarlandyrlar.

Ýükleri deňiziň üsti bilen eltip bermekligiň iň progressiw görnüşi bolup yzygiderli, çyzykly daşaýyşlary çykyş edýär, olar adatça hemişelik deňiz araçaklerini gurnamak boýunça ylalaşyklaryň esasynda amala aşyrylýarlar. Şeýle ylalaşyklar döwletara hem bolup bilerler, emma olar adatça gyzyklanýan gämi eýeleri bolup durýan kompaniýalar tarapyndan baglaşylýarlar. Olarda degişli çyzyklary ulanmaklygyň esasy şertleri bellenilendir, şeýle hem halkara çyzykly daşamaklygyň şertleri bolsa çyzykly konosamentde, degişli gämi eýeleri bolup durýan kompaniýalaryň tariflerinde we düzgünnamalarynda bellenendir. Çyzykly daşamaklygyň şertleri birnäçe ulag-hukuk aýratynlyklaryna eýedir, emma bu ugurda düzgün boýunça çapraz gelýän meseleler ýüze çykmaýar.

Häzirki döwürde halkara çyzyklaryň köp bölegi, iri gämi eýeleri bolup durýan kompaniýalaryň arasynda baglaşylan ylalaşyklarynyň çygrynda ulanylýar we

şeýlelikde çyzykly konferensiýalar adyny alan daşaýjylaryň toparyny döretýärler. Esasy orun bu taýda öňdebaryjy döwletleriň kompaniýalaryna degişlidir we olar ýeňillikli şertleri we frahtowoý stawkalaryň üsti bilen ýokary girdeji almaklygy göz öňünde tutýarlar.

Çyzykly konferensiýalaryň işindäki diskriminasion elementleri aýyrmak maksady bilen 1974-nji BMG-niň çygrynda öňdebaryjy döwletleriň teklibi boýunça örän wajyp halkara ylalaşyk baglaşyldy- çyzykly konferenziýalary alyp barmaklygyň kodeksi baradaky Konwensiýa. Bu Konwensiýa çyzykly konferensiýalaryň işini belli bir çygyrda alyp barmak boýunça birnäçe düzgünleri özünde saklaýar we bu düzgünler ýük eýeleri üçin, daşaýjylar üçin bähhbitlerini deňagramlylygyny döredýär. Konwensiýa ozalky SSSR üçin 1983-nji ýylyň oktýabr aýynda güýje girdi.

Deňiz boýunça ýolagçy daşamak halakara ylalaşyklaryň predmeti bolup durýarlar we olaryň biri hem 1974-nji ýylyň 13-nji dekabryndaky ýlagçylary we oalryň ýüklerini deňizde daşamak boýunça Afina konwensiýasydyr. SSSR bu konwensiýa 1983-nji ýylda goşulşdy.

Bu konwensiýa öňde bar bolan deňizde ýolagçylary gatnatmak boýunça halkara-hukuk kadalary öz içine alýar: günä üçin jogapkärçilik ýörelgesi, daşaýjynyň jogapkärçiliginiň çägini çäklendirmek (ýolagçylaryň saglygyna ýetirlen zyýan üçin – 700 frank), wagt möhleti – iki ýyl.

Deňiz daşaýşy şeýle hem çarter boýunça hem amala aşyrylyp bilinýär. Bu ýagdaýda,ýüki daşamak üçin tutuş gämi, ýa-da onuň belli bir bölegi berilýär. Adatça tejribede

çarterleriň halakra deňiz guramalary, şeýle hem gämi eýeleriniň milli bileleşigi tarapyndan işlenilip taýaýrlanylan proformasy ulanylýar. Çarterler ýüküň görnüşi boýunça işlenilip taýýarlanylýarlar ( nebit, kömür, tokaý we ş.m.) we olaryň kömegi bilen aýratyn ýükleri daşamaklygyň aýratynlygy göz öňünde tutulýar. Öz mazmuny boýunça deňiz çarteri çylşyrymly şertneme bolup, onuň düzümine 60 sany dürli görnüşli şertler girizilendir ( ýüki bermek, ony bermegiň tertibi, fraht boýunça hasaplaşyklar we ş.m.) Jogapkärçilik babatda adatça Konwensiýanyň konosamentiň käbir düzgünleri boýunça unifikasiýa etmek şertlerine salgylanma edilýär. Çarteriň proformasynyň şertlerine taraplar tarapyndan bellikleri girizmek bilen üýtgetmeler we goşmaçalar girizilip bilinýär.

Halkara daşaýyşlary dügünleşdirýan konwensiýalar bilen bir hatarda halkara hususy meseleleri bilen bagly ýagdaýlary öz içinde saklaýan ( halkara gämiler bilen baglanşykly halkara ýurisdiksiýasy barada, söwa üçin ullanylmaýan döwlet gämillaeriniň immunitedi, gamileriň milliligi,)1982-nji ýylda kabul edilen Birleşen Milletler Guramasynyň halkara deňiz konwensiýasy hereket edýär. Köpsanly beýleki konwensiýalaryň arasynda kabir konwensiýalary belläp geçeli: Deňiz gämilerini tutp saklamak baradaky käbir dügunleri ünifisirlemek baradaky 1952-nji ýyldaky Konwensiýa, 1962-nji ýyldaky Deňizi nebit bilen hapalamagyň netjesinde ýetirilen zyýan üçin graždan jogapkärçiligi baradaky Halkara konwensiýasyna üýtgeşme girizmek baradaky 1992 –nji ýyldaky Protokol.

## §5. Halkara howa daşaýyşlary

Häzirki döwürde halkara howa daşaýyşlaryň ähmiýeti örän güýçlendi. Diňe bir birnäçe ýurtlara ýükleri we ýolagçylary daşamak bilen meşgullanýan Aziýa, Amerika, Ýewropa döwletleriň uçar awiakompaniýalarynyň sany artman , eýsem bu döwletlere beýleki döwletlerden gelýän uçarlaryň sany hem artýar.

Howa gämisi bilen adamlaryň, el goşlarynyň ýa-da ýükleriň tölegli ýa-da mugt daşalmagyna ***howa arkaly*** daşalmak diýilip düşünilýär. Iki döwletiň teritoriýasynda ugraýan we barmaly ýerinde ýolagçylary mündürip we düşürip, ýa-da ýük ýükläp düşürmek üçin uçuşyň arasynyň kesilýändigine, ýa-da kesilmeýändigine bagly bolman, eger başga bir döwletiň territoriýasynda düşläp geçmek göz öňüne tutlýan bolsa onda muňa howa arkaly daşamaklyk diýilýär.

Howa arkaly içeri daşaýylar munuň özi ugraýan barmaly punkty we durup geçmegi Türkmenistanyň territoriýasynda ýerleşýän, göz öňüne tutulýan ähli punktlaryň üstünden geçilmegi bilen baglanşykly daşaýjylardyr.

Daşaýjy diýilip özünde howa gämisiniň degişli görnüşi boýunça howa arkaly daşamaga ygtyýarnamasy we howa gämisini ullanyjynyň hukugy bar bolan ýuridiki ýa-da fiziki tarap ykrar edilýär.

Howa arkaly daşamaklyk şertnama esasynda ýerine ýetirilýär. Howa arkaly daşamagyň her bir şertnamasy we onuň şertleri daşaýjy we oňa ygtyýarly edaralar ýa-da adamlar tarapyndan daşamaga berilen resminama arkaly kepillendirilýär.

*Daşamaga dahylly bolan resminamalar şulardan ybaratdyr* :

- Ýolagçy gatnadylanda bilet
- Ýolagçynyň bellige alnan goşlary daşalýan wagtynda – ýük kwitansiýasy
- Ýük daşalanda –howa arkaly ýük daşamagyň resminamalary

Ýöne wagtyň gelmegi bilen Wrşawa konwensiýasynda aýdylýan halkara howa daşaýjylar barada berilen kesgitleme öz täsirini ýitirýär . Bu düşünje 1999-njy ýylda kabul edilen Monreal konwensiýasynda has açyk beýan edilýär.

Monreal konwensiýasy 2003-nji ýylyň 4-nji noýabyrynda güýje girýär. Ýöne edil şol konwensiýa ýaly deň derejede Warşawa konwensiýasy hem hereket edýärdi.

Netijede bu ýagday iki konwensiýanyň gatnaşyjy döletleriň arasynda hukuk taýdan gapma-garşylygy döredýär. Eger-de ýolagçynyň janyna ýa-da saglygyna , we onuň goşuna zyýan ýetirilende haýsy konwensiýa bilen halkara daşaýjyny çogapkärçilige çekmeli diýilen sorag döreýär. Ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaklyk her konwensiýada dürli-dürli görkezilendir.bu ýagdaý bolsa halkara dhowa arkaly daşaýjylar barada baglanşylan şertnamanyň taraplarynyň arasynda jedeliň döremegine gtirýär. Bu meseläniň çözgüdini köplenç monreal Konwensiýanyň gatnaşyjy agzalarynyň köpelmegi arkaly çözülýär. Ýöne köne we täze Konwensiýanyň arasyndaky bäsdeşlik aradan aýyrlanok. Warşawa we Monreal Konwensiýa halkara howa arkaly daşaýjylaryna degişlidir.

Halkara howa arkaly daşamaklyk döwletleriň rugsady we şertnamaesasynda amala aşyrylýar. Halkara howa arkaly daşaýjylaryň hereketleri içki kanunçylyk arkaly hem düzgünleşdirmelidir.

Halkara howa arkaly daşaýjylaryň arasynda baglanşylan şertnama barada düşünje ýolagçy, el goşlary, ýükleri daşaýjylar Warşawa we monreal konwensiýalar we döwletiň kanunçylygyna laýyklykda şertnama esasynda işleri amala aşyrylýar.

Şertnamanyň esasy ýadrosy bolup, öz döwletiň halkara aeroportyndan ýolagçylary we ýükler başga bir döwletiň halkara aeroportyna getirilmegine aýdylýar .

Halkara howa arkaly ýolagçylary daşaýjylaryň şertnamasy gaýtarylýan we konsensual häsiýete eýedir. Onuň aýratyn alamatlary höküminde şu aşakdakylar degişlidir:

- Ýolagçylaryň meýletin şertnama goşulmagy we biletiň bahasyny tölemegui arkaly şertnamanyň şertleri bilen ylalaşmagy
- Konsensual ýagdaýyň ýüze çykmagy , ýagny bileti satyna alan badyňa şertnama baglanşylan didýilip hasa edilýär.
- Olaryň bähbitleriniň goraglygyny üpjün etmek
- Zyýanyň öwezini adalatly we dolylygyna dolamaklyk

Haçan şertnama hbaglanşylan diýilip hasap edilýär, haçanda bilen satyn alynyp daşamaklyk hyzmatyna töleg tölenilende hasap edilýär. Şeýlelikde halkara daşaýjy bilen ýolagçynyň arasynda hukuk gatnaşygy emele gelýär hukuk gatnaşygy haçanda ýolagçylaryň janyna we

saglygyna , goşuna zyýan ýetirilmän, bellanilen ýere eltilende tamamlanan diýilip hasap ediýär.

Bilet bu resminama höküminde çykyş edýär. Bilet bu daşaýjylar we ýolagçylar üçin ýuridiki resminama höküminde çykyş edýär. Halkara we milli hukugyna laýyklykda kagyz bilen ýolagçy we daşaýjy arasyndaky kompleksleýin aragnaşygy halkara howa arkaly daşamaklykda düzünleşdirilýär.

Biletde bellenilen ýörite bellenilen rekwizitleri bolmalydyr.(ady we daşaýjynyň salgysy,günia aýy we reýs nomeri ugradylýan we barmaly ýeri, tarif tölegde walýutanyň görnüşi,ýüküň agramy)
tejribede giňden elektron biletler ullanylýar. Bu barada Monreal Konwensiýadynda giňden görkezilýär. Elektron biletler barada döwletleriň milli kanunçylygynda girizilmegi gerekdir. Dünýä tejribesinde biletleri internediň üsti bilen sarp etmek gün saýyn ýaýbaňlaşýar. Elektron düzgünine geçirilmegi ykdysady taýdan daşaýjylara amatly bolýar eger kagyz bilet 9 dollara düşýän bolsa, elektron bilet 2 dollara düşýär.

Ýene bellenlip geçilmeli zat häzirki döwürde halkara howa transportynyň işi baradaky mesele boýunça köp halkara guramalary meşgullanýar ol guramalaryň arasynda esasy bolup, HGAG-dyr Ýagny BMG-nyň ýöriteleşdirilen edarasydyr, şeýle hem sebitleýin hökümetara awiasion guramalaryň topary bar. Olaryň biri sebitleýin halkara aeronawigasiýasy bilen beýlekisi sebitdäki halkara howa transportynyň ykdysady hukuk meseleleri bilen meşgullanýar

# EDEBIÝATLARYŇ SANAWY


1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söýmek – bagtdyr. Aşgabat 2007.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. Aşgabat, 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007.
7. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. I-II tom Aşgabat 2008.
8. M.M. Богуславский. Международное частное право. Москва 2010.
9. Разумнова И.И Мелькие фирмы в США Экономика и управления Москва 1999.
10. Poroý, Tekinalp, Çamoglu, Bileleşikler we kooperatiw hukugy (türk dilinde), Beta neşirýaty, Stambul -1997.
11. И.А. Смагина. Предпринимательское право. Москва 2010.
12. Предпринимательское право под редакцией Н.М. Коршунова, Н.Д. Эриашвили. Москва 2001

13. Philippe Merle, Droit Commercial, Societes commerciales, Precis Dalloz, Paris 1996.
14. Осакве К., «Сравнительное правоведение в схемах: общая и особенная части», Издательство «Дело», Москва 2000.
15. Godin/Wiepert/Würdinger, Kommentar zum Handelgesetzbuch, Bd.II, Berlin 1950.
16. Guhl/Merz/Kummer: Das schweizerische obligationenrecht, 7A. Zurich 1980.
17. Rowleӳ, Rowleӳ on Partnerships, New york 1960.

# M A Z M U N Y

Giriş……………………………………………………9

**I bölüm. HALKARA HUSUSY HUKUGY BARADA DÜŞÜNJE**

§1.Halkara hususy hukugy barada düşünje...................11
§2.Halkara hususy hukugynyň mazmuny.....................16
§3.Halkara hususy hukugynyň kadalarynyň hukuk ulgamynda tutýan orny…………………………........19
§4.Halkara hususy hukuk doktrinasynyň başlangyç esaslary………………………………………21

**II bölüm. HALKARA HUSUSY HUKUGYNYŇ PREDMETİ WE ORNY**

§1 Halkara hususy hukugyň predmeti..........................24
§2 Halkara hususy hukugyň usuly..…..........................25
§3 Halkara hususy hukugyň ulgamy............................27

**III bölüm. HALKARA HUSUSY HUKUGY ÖZBAŞDAK HUKUK PUDAGYDYR**

§1 Halkara hususy hukugy özbaşdak hukuk pudagydyr.28
§2 Kollizion we material usul kadalaşdyrylşy................30

**IV bölüm. HALKARA HUSUSY HUKUGYŇ ÇEŞMELERI**

§1 Halkara hususy hukugyň çeşmeleriniň görnüşleri…32
§2 Halkara çeşmeler......................................................33
§3 Içerki kanunçylyk.....................................................38
§4 Kazyýet araçyllyk tejribesi.......................................41
§5 Däp dessurlar............................................................42

**V bölüm. KOLLIZION KADALAR**
§1 Kollizion kadalara düşünje we oalryň düýp esasy....44
§2 Kollizion kadalaryň gurluşy....................................50
§3 Kollizion kadalaryň görnüşi....................................58

**VI bölüm. KOLLIZION KADALŞDYRMANYŇ MEHANIZMI**
§1 Iki taraplylyk ýa-da özara ylalaşyk we retorsiýa......63
§2 Ýuridiki düşünjeleriň kwalifikasiýasy.......................70
§3 Yzyna salgylanma ýa-da üçünji bir döwletiň kanunyna salgylanma.............................................74

**VII bölüm. DAŞARY ÝURT HUKUGYNYŇ MAZMUNYNYŇ KESGITLENMEGI**
§1 Daşary ýurt hukugynyň mazmunynyň kesgitleniş mehanizmi............................................83
§2 Jemagat düzgüni hakynda kadadan çykma.............88

**VIII bölüm. HALKARA HUSUSY HUKUGYNDA FIZIKI ŞAHSYŇ HUKUK ÝAGDAÝY**
§1 Türkmenistanda daşary yurt raýatlarynyň hukuk ýagdaýy...........................................................95
Daşary ýurt raýatlaryň hukuk ukyplylygy.
Türkmenistanyň raýatlarynyň daşary ýurtlarda hukuk ukyplylygy.

**IX bölüm. INTELLEKTUAL EÝEÇILIK HUKUGY**
§1 Intellektual eýeçilik barada umumy düşünjeler.........99
§2 Intellektual eýeçiligiň halkara goraglylygy..............101
Patent hukugy.

**X bölüm. FIZIKI ŞAHSYŇ RAÝATLYK HUKUKLARY**

§1 Raýatlyk Düşünjesi ....................................................120
§2 Raýatlygy edinmek we ýitirmek...............................121
§3 Dünýä ýurtlarynda raýatlygy edinmegiň ýollary......124
§4 Raýatlygyň görnüşleri...............................................126
§5 Daşary ýurtlarda fiziki şahsyň raýatlyk hukuklarnyň we azatlyklarnyň goragynyň mehanizmleri...............130

**XI bölüm. HALKARA DAŞAÝÝŞ**

§1 Umumy düşünjeler .................................................. 133
§2 Halkara demirýol daşaýyşlary...................................135
§3 Halkara awtoulag daşaýyşlary .................................139
§4 Halkara deňiz daşaýyşlary........................................141
§5 Halkara howa daşaýyşlary........................................144

Edebiýatlaryň sanawy....................................................148